

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym,
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYŇ ÇÖLLEŞMÄGE GARŞY GÖREŞMEK BOÝUNÇA KONWENSIÝASYNYŇ 10 ÝYLLYK STRATEGIÝASYNA LAÝYKLYKDA ÇÖLLEŞMÄGE WE ÝERLERIŇ ŞORLAŞMAGYNA GARŞY GÖREŞMEK BOÝUNÇA HEREKETLERIŇ MILLI MEÝILNAMASY

# GIRIŞ

Soňky ýüzýyllykda adamyň işjeň hojalyk işi, onuň daşky gurşawa ýetirýän täsiriniň barha güýçlenmegi howanyň üýtgemegi, ýerleriň ýaramazlaşmagy, ozon gatlagynyň ýukalmagy, agyz suwunyň ýetmezçilik etmegi, dünýä boýunça floranyň we faunanyň görnüş köpdürliliginiň sanynyň azalmagy ýaly global ekologik meseleleriň ýüze çykmagyna getirdi.

Global ekologik meseleleriň hatarynda çölleşmek meselesi aýratyn orun eýeleýär. Çölleşmek - bu arid ekoulgamlarynyň bozulmagyna, organiki ýaşaýşyň ähli görnüşleriniň ýaramazlaşmagyna getirýän fiziki-geografiki we antropogen hadysalaryň jemidir. Çölleşmek hadysasy tebigy we antropogen faktorlaryň täsiri astynda gurak, ýarym gurak we gurak subgumid zolaklarda ýerleriň ýaramazlaşmagyny aňladýar. Bu hadysalar haçan-da arid zolaklara antropogen täsiriň derejesi we tizligi landşaftyň özüni dikeltmek ukybyndan ýokary bolanda başlanýar.

1992-nji ýylda Rio-de-Žaneýroda geçen Tebigaty goramak we ösüş boýunça halkara maslahaty çölleşmäge garşy göreşmek we gurakçylygyň netijelerini gowşatmak maksady bilen syýasy, adam, ylmy we tehniki serişdeleri herekete getirmegiň täze netijeli guraly hökmünde BMG-niň çölleşmäge garşy göreşmek boýunça Konwensiýasyny kabul etmegiň zerurlygy hakynda teklip girizdi. Soňraky iki ýylda bu Konwensiýa taýýarlandy we oňa dünýä ýurtlarynyň aglabasy tarapyndan gol çekildi.

Türkmenistan BMG-niň Çölleşmäge garşy göreşmek boýunça Konwensiýasyna ilkinjileriň hatarynda goşuldy (1996 ý.). Şol ýyl çölleşmäge garşy göreşmek boýunça hereketleriň konsepsiýasyny we strategiýasyny işläp düzmek boýunça Hökümet topary döredildi. Çölleşmäge garşy göreşmek boýunça hereketleriň Milli maksatnamasyny (ÇGGHMM) işläp düzmek üçin jogapkärçilik Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli institutynyň (ÇÖHDMI) üstüne ýüklendi.

Türkmenistan ägirt uly ýer we öri meýdan serişdelerine, tebigy gaza we nebite, himiýa, azyk we ýeňil senagatyny, gurluşyk senagatyny ösdürmek üçin çig mallara eýe bolup durýar. Türkmenistanyň territoriýasy örän gowşak ekoulgamly çöller zolagynda ýerleşýär, tebigy serişdeleri, hususan-da, ýer, suw serişdelerini ulanmakda islendik oýlanyşyksyz hereketler düzedip bolmajak netijelere getirip biler.

Garagum çöli ýurduň territoriýasynyň 80%-dan gowragyny tutýar we ösümlik we toprak örtügi rejesiz ulanylan ýagdaýynda onuň üsti aňsatlyk bilen deflasiýa hadysalaryna sezewar bolýar, öri meýdanlaryň ýaramazlaşmagyna, ykgyn çägeleriň döremegine getirýär, bu bolsa öri meýdan maldarçylygyna uly zeper ýetirýär, hojalyk we durmuş-medeni maksatly dürli inženerlik desgalaryna howp salýar. Demir ýollar we awtomobil ýollary, suwarymly ýerler, kanallar, suw desgalary, ilatly nokatlar, turba geçirijiler we infrastrukturanyň beýleki desgalary çäge syrgynlaryna we sowrulmasyna sezewar bolýar. Suwarymly ýerlerde suwaryşyň rejesiz usullarynyň ulanylmagy oba hojalyk ýerleriniň goşmaça şorlaşmagyna we ýaramazlaşmagyna

getirýär. Adatdan daşary howa şertleri çölleşme hadysalaryny has-da güýçlendirýär, bu bolsa ýurduň ykdysadyýetine we durmuş ulgamyna düýpli täsir edýär.

1997-nji ýylda işlenip düzülen Çölleşmäge garşy göreşmek boýunça Hereketleriň milli maksatnamasynyň esasy maksady bazar gatnaşyklaryna geçilýän şertlerde Türkmenistanyň tebigy-ykdysady kuwwatynyň häzirki ýagdaýyny kesgitlemek we oňa baha bermek, çölleşmek hadysalarynyň görkezijilerini we olaryň güýçlenmeginiň tendensiýalaryny ýüze çykarmak, bozulan landşaftlary dikeltmek we ekologik ýörelgelere esaslanýan görnüşde tebigy serişdeleri ulanmak boýunça uly ylmy tagallalary talap edýän, ýöne tygşytly tehnologiýalary işläp düzmek bolup durýar.

Maksatnama aýry-aýry esasy başlangyç taslamalaryň üsti bilen uzak wagtyň dowamynda amala aşyryldy, olaryň amala aşyrylmagy Türkmenistanyň BMG-niň Çölleşmäge garşy göreşmek boýunça Konwensiýasyny ýerine ýetirmäge düýpli goşant goşmaça mümkinçilik berdi.

Geçen ýyllarda ýurtda Konwensiýanyň esasy düzgünlerini ýerine ýetirmek boýunça uly işler amala aşyryldy. Ýer serişdelerini goramak ulgamynda ileri tutulýan ugurlar kesgitlendi, olaryň hatarynda antropogen we tebigy faktorlar bilen bagly topraklaryň şorlaşmagyna garşy göreşmek; öri meýdanlaryň ýaramazlaşmagyna we ýerleriň çölleşmegine, topraklaryň ýel we suw bilen eroziýalaşmagyna garşy göreşmek ýaly ugurlary görkezmek bolar. Şunuň bilen baglylykda oba hojalyk önümçiligini netijeli ösdürmek üçin Ýer serişdelerini durnukly dolandyrmagyň (ÝSDD) ileri tutulýan ýörelgelerini amala aşyrmak boýunça zerurlyk ýüze çykdy.

ÝSDD-niň ulgamyndaky esasy ýörelgeleri ýurt derejesinde möhüm çäreleri ýerine ýetirmegiň esasynda ösdürmek meýilleşdirilýär. "Türkmenistanyň 2011-2030-njy ýyllar döwür içinde durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy" suw serişdeleriniň mümkin bolan ýetmezçiligini hasaba almak bilen, ýurduň ykdysadyýetiniň möhüm pudaklarynyň hödürnamalarynyň esasynda işlenip düzüldi. Maksatnamada 2020-nji ýyla çenli suwarymly ýerleriň meýdanyny 1,7-1,8 mln. gektardan 2,0 mln. gektara çenli artdyrmak göz öňünde tutulýar. Milli maksatnama howanyň üýtgemegini hasaba almak bilen, suw serişdeleriniň sarp edilişini mümkin boldugyça azaltmak bilen, ýerleri işläp bejermegiň häzirki zaman ulgamlaryny ulanmagyň, esasy ekinleriň guraklyga çydamly we ýokary hasylly sortlaryny peýdalanmagyň hasabyna oba hojalyk önümçiliginiň netijeliligini ýokarlandyrmaga uly üns berýär.

Şunda ÇGGHMM-niň täze redaksiýasyna möhüm orun degişli edilýär, onda çölleşmek hadysalarynyň öňüni almak boýunça Maksatnamanyň düzgünlerini amala aşyrmaga päsgelçilik berýän bökdençlikleri aradan aýyrmak boýunça hereketler göz öňünde tutulmaly. Adatça, päsgelçilikler kadalaşdyryjy-hukuk namalary ekologik-hukuk, tebigaty goraýyş potensialy taýdan mundan beýläk hem kämilleşdirmek, ýer, suw serişdeleriniň we beýleki tebigy serişdeleriň rejesiz ulanylmagynyň öňüni almak boýunça çäreleriň netijeliligini ýokarlandyrmak, topraklaryň hasyllylygyny we öri meýdanlaryň öndürijiligini gorap saklamak, tokaýlaryň meýdanyny giňeltmek, ýer serişdeleriniň ýaramazlaşmagynyň we tebigy hem-de antropogen faktorlaryň täsiri

astynda çölleşme hadysalarynyň öňüni almak zerurlygy bilen baglydyr.

ÇGGHMM (1997) birinji tapgyrda öz wezipelerini doly ýerine ýetirdi, olar diňe hödürnama häsiýetli bolupdy, emma ýer serişdelerini durnukly dolandyrmak boýunça meseleleri mundan beýläk hem çözmek üçin ýerden peýdalanyjylary çekmek bilen, ähli esasy ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň özara netijeli hereketleriniň we tagallalarynyň utgaşdyrylmasynyň esasynda has işjeň çäreleri görmek zerur. Şu möhüm wezipelere laýyklykda ÇGGHMM-niň täze redaksiýasy öz içine çäreleriň giň toplumyny, şol sanda kanunçylyk binýadynyň kämilleşdirilmesini, ileri tutulýan ugurlaryň kesgitlenmesini, utgaşdyrylan maliýe ulmagynyň ulanylmagyny, ýerden peýdalanyjylaryň arasynda ÝSDD boýunça iň gowy tejribeleriň ýaýradylmagyny we ulanylmagyny almaly. ÇGGHMM tebigy öri meýdanlaryň we suwarymly ýerleriň ýaramazlaşmagynyň öňüni almak, howanyň üýtgeýän şertlerinde tokaýlary dikeltmek boýunça maksatnamalaýyn resminama öwrülmeli we çölleşmäge garşy göreşmek boýunça halkara maksatnamalary bilen sazlaşykly bolmaly.

ÇGGHMM-niň täze redaksiýasyny taýýarlamak zerurlygy soňky ýyllarda Türkmenistanyň ykdysadyýetini ösdürmegiň döwlet maksatnamalarynda düýpli özgerişleriň bolup geçendigi sebäpli ýüze çykdy.

Ýurduň garaşsyzlyk we hemişelik bitaraplyk derejesini almagynyň netijesinde dörän amatly syýasy şertler we durnuklylyk türkmen jemgyýetini durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek, ruhy-medeni taýdan galkyndyrmak üçin giň mümkinçilikleri açdy. Türkmenistanyň esasy strategik maksady - ýurduň ilatynyň ýokary ýaşaýyş derejesini üpjün edýän netijeli bazary ykdysadyýetli ýokary depginler bilen ösýän döwlete öwrülmek bolup durýar. Bu maksadyň gazanylmagy ýurdy ösdürmegiň maksatnamalarynda we meýilnamalarynda berkidilýär.

Esasy döwlet maksatnamalarynda, ilkinji nobatda "Türkmenistany 2030-njy ýyla çenli döwür içinde durmuş-ykdysady taýdan özgertmegiň milli strategiýasynda", "Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdy 2012-2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça maksatnamasynda", welaýatlary 2012-2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça maksatnamalarda, şeýle hem Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň Milli strategiýasynda, Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasynda ýurduň daşky gurşawy goramak we ekologik howpsuzlygy üpjün etmek boýunça syýasaty öz beýanyny tapdy.

ÇGGHMM-niň täze redaksiýasyny işläp düzmekde we taýýarlamakda degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň belli alymlary we tejribeli hünärmenleri, ekologik taslamalaryň bilermenleri işjeň gatnaşdylar. Utgaşdyryjy merkeziň wezipesini Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli instituty ýerine ýetirdi. Iş Konwensiýanyň Sekretariatynyň, BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasynyň we Merkezi Aziýada Sebitleýin ekologik merkeziň usuly we tehniki kömegi bilen ýerine ýetirildi.

# I. TEBIGY ŞERTLER WE SERIŞDELER

***1.1. Geografik ýerleşişi***

Türkmenistan - bäş sany Merkezi Aziýa ýurtlarynyň biri bolup, tutýan meýdany boýunça olaryň içinde ikinji orny eýeleýär, sebitiň günorta-günbatar böleginde çöllük zolakda, Türkmen-Horasan dag ulgamynyň Köpetdag dag gerşinden demirgazykda, günbatarda Hazar deňziniň we gündogarda Amyderýanyň arasynda ýerleşýär. Türkmenistanyň meýdany 491,2 müň km2. deň. Onuň territoriýasy günbatardan gündogara 1100 km we demirgazykdan günorta 650 km uzalyp gidýär. Türkmenistan demirgazykda Gazagystan, gündogarda we demirgazyk-gündogarda-Özbegistan, günortada -Eýran, günorta-gündogarda -Owganystan bilen araçäkleşýär. Türkmenistanyň territoriýasynyň günbatarynda Hazar deňzi ýerleşýär.

Türkmenistanyň territoriýasynyň demirgazyk we merkezi böleklerini Turan çöketliginiň çägeli çölleri - Merkezi, Üňüzaňyrsy we Günorta-Gündogar Garagum eýeleýär. Ýurduň günortasynda we günorta-gündogarynda Köpetdag we Köýtendag daglary ýerleşýär. Türkmenistanyň iň belent nokady Köýtendagda (3139 m) ýerleşýär, iň pes nokady (-81 m) - Akjagaýa çöketligi (Üňüzaňyrsy Garagum) bolup durýar.

Günorta böleginde Türkmenistanyň territoriýasy ýerleşýän örän uly Turan pesliginde çöl landşaftlarynyň 4 görnüşi tapawutlandyrylýar: daşly çöller - Krasnowodsk platosy, gyr galyndylary, Üstýurt platosy; çägeli çöller - Garagum; toýunsow çöller - dag etek düzlükleri, gadymy dilkawlar; şor çöller - çöketlikleriň düýbi, gadymy jülgeler ww derýalaryň hanalary.

Bu dört görnüşden başga, Uly we Kiçi Balkan daglary, Köpetdag, Köýtendag we Badhyzyň we Garabiliň käbir has belent zolaklary özboluşly landşaftlary bilen tapawutlanýar.

Düzlükler Türkmenistanyň çäginiň uly bölegini tutýar. Şeýle uly giňişlikde düzlükler endigan däl we olaryň görnüşleri dürli-dürli. Türkmenistanyň çäginiň ýarysyndan gowragyny eol relýefiniň dürli görnüşleri - depe, ulgamlaýyn, alaň görnüşindäki çägelikler, 15%-ini - beýikli-pesli çäge düzlükleri tutýar. Galan ýerleri şorluklar, dykyz toýunsow ýerler - takyrlar eýeleýär. Daşly çöller Türkmenistanyň Demirgazyk-Günbatarynda ýerleşýär. Olar tekiz düzlük relýefi bilen häsiýetlendirilýän düýp jynslarynda emele geldi.

Toýunsow çägelikleriň relýefiniň häsiýetli aýratynlygy onuň güýçli erozion bölünmesi bolup durýar. Ösümlik örtüginiň azlygy we şunuň bilen baglylykda bitewi bajagyň bolmazlygy topraklaryň ýokary derejede şorlaşmagy bilen şertlendirilendir. Takyrlar atmosfera ygallarynyň suw ýygnaýjysy bolup hyzmat edýär.

Şorluk çöller guran gadymy we häzirki zaman dilkawlaryň we terrasalaryň gyralarynda ýerleşýär. Olaryň esasy alamatlary - ýerasty şor suwlaryň ýeriň üstüne golaý ýerleşmegi, ýata suw we çägiň gowşak drenirlenmesidir.

Türkmenistan edara ediş-territorial gurluş taýdan bäş ()(Ahal, Balkan, Daşoguz,

Lebap we Mary) welaýata bölünýär, olaryň her biri, öz nobatynda, etraplara bölünýär (jemi 50 etrap). Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat şäherinden başga ähli şäherler özleriniň ýerleşýän welaýatlaryna administratiw taýdan tabynlykdadyr.




### *1.2. Atmosferasy we howasy*

Adamyň hojalyk işine we tebigy şertlere täsir edýän tebigy faktorlaryň hatarynda howa esasy faktorlaryň biri bolup durýar. Türkmenistan üçin ýiti kontinental we örän gurak howa häsiýetlidir. Şeýle howa režimi onuň aşaky guşaklykda, ummanlardan örän uzakda ýerleşmegi, atmosferanyň sirkulýasiýasynyň aýratynlyklary, ýer üstüniň häsiýeti we günorta-gündogarda we günortada dag ulgamlarynyň bolmagy bilen şertlendirilendir. Howanyň kontinentallygy gije-gündiziň we ýylyň barşynda meteorologik elementleriň üzül-kesil üýtgemeginde, gurakçylyk - atmosfera ygallarynyň örän az mukdarynda, howanyň guraklygynda, az bulutlylykda we ýokary bugaryjylykda ýüze çykýar.

Demirgazykda we demirgazyk-günbatarda orografik päsgelçilikleriň bolmazlygy Türkmenistanyň çägine aram we sowuk guşaklyklaryň howanyň birden sowamagyna, aýratyn-da gyş-ýaz möwsümlerinde güýçli sowamagyna sebäp bolýan howa massalarynyň erkin aralaşmagyna getirýär. Şol bir wagtyň özünde günorta-gündogardaky dag ulgamlary Hindi ummanyndan yzgaryň gelmegine päsgelçilik berýär.

Doňaksyz döwrüň dowamlylygy 230-280 gün. Ýaz gysga (martdan aprele çenli - maýyň birinji ongünlügi), çalt maýlama, ýygy-ýygydan ýagyş ýagmagy bilen

tapawutlanýar; tomus uzak (maýyň ortasyndan sentýabra çenli), gurak, jöwzaly; tomusdan güýz paslyna duýdansyz geçilýär, güýzüň birinji ýarymy tomus ýaly ygalsyz bolýar, diňe onuň ikinji ýarymynda (oktýabr) käwagt gysga wagtlaýyn ýagyşlar ýagýar; gyş (noýabrdan ýanwara-fewrala çenli) sowuk däl, az garly. Howanyň temperaturasynyň ortaça ýyllyk amplitudasy 21 – 340C çäklerde üýtgeýär. Ýurduň düzlük böleginde howanyň ortaça ýyllyk temperaturasy demirgazykda 11 – 130C-dan günorta-gündogarda 15 – 180C çenli üýtgeýär. Daglarda, 1500-2000 m belentlikde ol 7 – 100C deň.

Türkmenistanyň territoriýasy ýeterlik yzgarsyz zolaga degişli. Ýylda ortaça 76-dan 380 mm çenli ygal düşýär. Atmosfera ygallarynyň aýratynlygy olaryň az mukdarlylygyndan we ýylyň dowamynda endigan paýlanmaýandygyndan ybaratdyr. Sowuk döwürde düşýän ygallaryň mukdary ýyly döwür bilen deňeşdirilende 2-3 esse köpdür. Kähalatlarda bir gije-gündizde düşen ygallaryň mukdary ortaça köpýyllyk aýlyk normadan ýokary bolýar.

Türkmenistan üçin örän ýygy-ýygydan bolýan gurakçylyklar mahsusdyr, olaryň ýüze çykmagynyň ähtimallygy 50-75%-e deň. Gurakçylyk bilen oba hojalygyna ýetirilýän zyýan, köplenç, örän uly bolýar. Umuman, gurak ýyllarda düme ekerançylyk ýerlerinde hasyllylyk 40-60% peselýärdi. Suwarymly etraplarda gurakçylygyň zyýanly täsiri gowşadyldy, ýöne ähli epgekli hadysalar oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygyny 30% peseldýär. Öri meýdanlaryň ösümlik örtüginiň guraklyga garaşlylygy aýdyňlygy bilen görünýär. Gurak ýyllarda topragyň we howanyň gurakçylygynyň bir wagtda täsir etmegi öri meýdanlaryň ösümlik örtüginiň 15-20 gün öňünden guramagyny çaltlandyrýar, onuň hasyllylygy bolsa 30-60% peselýär.

Tozanly we çägeli tupanlar howanyň guraklygynyň we adam tarapyndan ösümlik örtüginiň hem-de topragyň düzüminiň bozulmagynyň netijesi bolmak bilen, guraklygyň ýaramaz täsirini has-da güýçlendirýär. Tozanly tupanlar, esasan, 9-14 m/s ýelde başlanýar, olara tutuş ýylyň dowamynda gözegçilik edilýär we köp babatda ýerli aýratynlyklara bagly bolýar. Has köp tozanly tupanly günler Merkezi Garagumda hasaba alyndy.

### *1.3. Suw serişdeleri*

Suw serişdeleri - daşky tebigy gurşawyň iň möhüm we örän gowrak komponentleriniň biri bolup, islendik üýtgeşmelere we adamyň hojalyk işine örän çalt seslenýär.

Merkezi Aziýa ýurtlarynyň birnäçesinde bolşy ýaly, Türkmenistanda hem suw serişdeleriniň, topraklaryň şorlaşmagynyň we ýerleriň melioratiw ýagdaýynyň ýaramazlaşmagynyň meselesi örän wajyp meselelerdir. Olaryň birinjisiniň örän möhüm düzüm bölegi - suwuň ýetmezçilik etmegi we onuň hili, şeýle hem suw serişdelerini dolandyrmak - örän ýiti meseleler bolup durýar.

Relýefiň aýratynlyklary, howanyň kontinentallygy we we guraklygy, atmosfera ygallarynyň az mukdarda bolmagy gowşak gidrogeografik ulgamy we Türkmenistanyň

çäginde emele gelýän suw serişdeleriniň örän az bolmagyny şertlendirýär. Amyderýa, Murgap, Tejen we Etrek ýaly esasy derýalaryň suw akymy döwletiň çäklerinden daşarda emele gelýär. Diňe ygallaryň köp düşýän we howanyň temperaturasy pesräk bolan daglarda uly bolmadyk ýerüsti akymlar emele gelýär; düzlük ýerlerde ol diňe yzgary gowşak geçirýän toprakly käbir uçastoklarda emele gelýär. Türkmenistanyň çäginde emele gelýän akymlar uly derýalary emele getirmek üçin ýeterlik däl - daglyk zolaklarda ol uly bolmadyk derýalary suwlulandyrýar, düzlüklerde bolsa bugarma we dagynak infiltrasiýa sarp edilýär.

Daşoguz welaýatyndan başga, Türkmenistanyň welaýatlarynyň suwa bolan hajatlaryny kanagatlandyrmakda uzynlygy 1380 km deň bolan Garagum derýasy möhüm rol oýnaýar. Suwaryş üçin döredilen emeli derýa ýurduň ähli iri senagat merkezlerini- Aşgabat, Mary, Balkanabat, Türkmenbaşy şäherlerini suw bilen üpjün edýär. Türkmenistanyň önümçilik güýçleriniň ösüşinde iň uly özgerişler Amyderýany, Murgaby, Tejen derýasynyň bir bitewi suw-hojalyk ulgamyna birleşdirýän bu emeli derýanyň özgerdiji "güýji" bilen baglydyr. Amyderýadan Hazar deňzine çenli uzap gidýän Garagum derýasy ýurduň gür ilatly günortasyny suw bilen üpjün edýär we 1 mln ga golaý ýeri suwarýar. Garagum derýasynyň suwynyň ekologik taýdan arassadygyny bellemek gerek, sebäbi onuň täsir edýän zolagynda emele gelýän zeý suwlar Amyderýa akdyrylmaýar.

Türkmenistanyň ilatly nokatlaryny ýokary hilli agyz suwy bilen üpjün etmegiň ätiýaçlygy bolup ýerasty süýji suwlar hyzmat edip biler, şeýle hem suw serişdelerine zeýakaba-zeý suwlary degişli edip bolar, olar gowşak minerallaşdyrylan we gaýtadan ulanmak üçin ýaramlydyr.

Köller Türkmenistanyň gidrogeografiýasyna mahsus däldir. Olar, esasan, derýalaryň arnalarynda ýa-da suwaryş, zeýakaba-zeýkeş ulgamlarynyň we suw taşlaýyş akabalarynyň ahyrky böleklerine ýanaşyn ýerlerde ýerleşýär.

Garagum çölüniň jümmüşinde "Altyn asyr" Türkmen kölüni gurmak boýunça taslamanyň amala aşyrylmagy aýratyn möhüm ähmiýete eýe bolýar. Türkmen köli - örän innowasion taslama bolup, biziň ýurdumyzyň dünýäniň suw serişdelerini gorap saklamak bilen bagly global meseleleri çözmäge öz goşandyny goşýandygyny subut edýär. Suwarylýan topraklaryň şorlaşmagy we ýerasty suwlary sowmak meselelerine arid zolakda ýerleşýän ähli ýurtlaryň sezewar bolýandygy mälimdir. Her ýurtda bu meseleler dürli usullar bilen çözülýär. Käbir ýurtlarda zeý suwlar tebigy çöketliklere, beýleki ýurtlarda derýalara we deňizlere akdyrylýar. Bu mesele Merkezi Aziýa döwletleri üçin hem örän wajyp meseleleriň biridir. Zeýakaba-zeý minerallaşdyrylan suwlaryň Türkmen kölüne sowulmagy ähli welaýatlarda suwarymly ýerleriň meliorativ ýagdaýyny düýpli gowulandyrmaga, topraklaryň şorlaşmagy, batgalaşmagy we guraklyk bilen bagly köpsanly meseleleri çözmäge mümkinçilik berer.

Şeýlelikde, ýurtda suwuň ätiýaçlyk gory döredilýär, geljekde ony tebigy filtrasiýanyň we häzirki zaman tehnologiýalaryň ulanylmagy netijesinde oba hojalyk toplymynyň hajatlary - suw serişdelerini rejeli ulanmak, zeý suwlary sowmak we topraklaryň şorlaşmak meselesini çözmek üçin, täze ýerleri özleşdirmek, öri meýdanlary giňeltmek

üçin, şeýle hem agaçlary suwarmak, tehniki hajatlar üçin ulanyp bolar.

Ýurduň suw hojalygynyň işini kämilleşdirmek zerurlygy bilen baglylykda bu we beýleki taslamalary üstünlikli amala aşyrmak suw serişdeleriniň rejeli ulanylmagyna, ýerleri sagdynlaşdyrmaga, olaryň önümliligini artdyrmaga we oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygyny ýokarlandyrmaga ýardam etmeli.




## *1.4. Topraklar we ýer serişdeleri*

Topraklaryň kabul edilen toparlanmasyna laýyklykda Türkmenistanyň çöllük zolagy çal-goňur, çöl çägesöw, takyr görnüşli topraklar we takyrlar bilen häsiýetlendirilýär. Galomorf hataryň intrazonal topraklary adaty, takyr görnüşli we çemenlik (gidromorf) şor ýerlere, duzly gatlaklara we gatlanan topraklara bölünýär.

Esasy topraklar pes gumuslygy, ýokary karbonatlygy we köplenç, şorlulygy we gipsliligi bilen häsiýetlendirilýär. Düzümi boýunça galomorf topraklar hlorid-sulfat görnüşine degişli. Hazarýaka zolak sulfat-hlorid we hlorid görnüşlere degişli.

Türkmenistanyň gadymy suwarymly ýerleri antiki döwürden mälimdir. Olaryň toprak örtüginde nemlendirmäniň dürli gatlaklary bilen köne suwarymly topraklar bar. Olar agroirrigasion çöküntileriň galyň gatlagynda (0,5-2,0 m) ösendir we hasyllylygyň orta we ýokary derejesi bilen häsiýetlendirilýär.

Türkmenistanyň demirgazyk etraplarynyň toprak örtügi zolaklaýyn topraklaryň

subtropiki ýyly, yzygidrli doňýan podtiplerine degişlidir. Bu adaty suwarymly ekerançylygyň we orta süýümli pagtaçylygyň zolagydyr.

Respublikanyň günorta etraplarynyň we onuň dag eteleriniň toprak örtügi zolaklaýyn we dag topraklarynyň subtropiki yssy doňmaýan podtipleri bolup durýar. Dag topraklarynda dagasty we pes dag zolaklarynyň çal topraklary we orta dag zolagynyň goňur topraklary bar.

Respublikanyňýer we howa şertleri, aýratyn-da Garagum derýasynyň zolagynyň günorta-günbatar sebitlerinde suwarymly ekerançylygy işjeň ösdürmek üçin amatlydyr. Ol geljekki suwaryş hajatlary üçin önüm önümli ýerleriň uly goruna eýe bolup durýar, olaryň meýdany 15 mln. ga. golaýdyr.

Umuman, ýurduň ýer gaznasynyň düzüminde çöl çäge topraklary (38,9%), çal topraklar (13,5%), çal-goňur topraklar (11.4%), takyrlar we takyr görnüşli topraklar (7,3), gowşak berkidilen çägeler (9,1%), şorluklar (5,5%) we toprak däl emele gelmeler (7,5%) agdyklyk edýär.

Ýurduň umumy (49,1 mln. ga) meýdanyndan oba hojalyk we tokaý ýerleriniň meýdany 40,2 mln. ga eýeleýär. Olaryň düzüminde 38,5 mln. ga (95,7%) öri meýdanlar, 1,7 mln. ga (4,2%) gowrak - suwarymly ýerler tutýar, köpýyllyk agaçlaryň paýy 0,24%.

Oba hojalyk maksatly ýerleriň düzümindäki üýtgeşmeler, esasan, öri meýdanlar hökmünde bölnüp berlen territoriýalaryň ulanylmagynyň hasabyna bolup geçýär. Olardan mundan beýläk hem özleşdirmek üçin ýaramly ýerleriň melioratiw gaznasy emele getirildi, onuň meýdany 17,7 mln. ga golaýdyr. Olar gadymy akabalaryň we dagasty düzlükleriň golaýynda ýerleşýär.

Türkmenistanyň oba hojalygynda çägeli we toýunsow çöllerde, dag eteklerinde we daglarda örüde bakylýan maldarçylyk aýratyn orun eýeleýär. Öri meýdanlaryň umumy meýdanyndan çägeli çöller territoriýanyň 90%-ine çenli eýeleýär, olar örüde bakylýan maldarçylykda örän işjeň ulanylýar. Bu öri meýdanlaryň öndürijiligi pesdir we ýylyň paslyna we ýylyň howa şertlerine baglylykda güýçli üýtgeýär. Çägesöw öri meýdanlar ýel proseslериniň (deflýasiýanyň) işjeň täsirine sezewar bolýar. Çägelikleriň süýşmesi ilatly nokatlaryň töwereginde (4-5 km çenli radiusda), şeýle hem gaz we nebit geçirijileriň, elektrik geçiriji liniýalaryň, meýdan ýollarynyň gyrasynda has güýçli bildirýär. Çägeli çölleriň şeýle ýerlerinde alaňlar görnüşindäki relýef emele gelýär.

Oba hojalyk önümçiligi üçin pagta (ekin meýdanynyň 42,0%-i), bugdaý (49,0), iýmlik (5,0) we beýleki ekinler ileri tutulýan ekinler bolup galýar, bu bolsa ýer serişdeleriniň ýagdaýyna aýratyn üns berilmegini talap edýär.

Şunuň bilen birlikde suwarymly ýerleriň aýry-aýry zolaklarynda zeýakaba-zeýkeş ulgamlarynyň ýetmezçilik etmegi olaryň hiline täsir edýär: çendenaşa suwlulandyrma,

şorlaşma we beýleki ýaramaz hadysalar zerarly topraklaryň hasyllylygy we oba hojalyk önümçiliginiň önümliligi peselýär. Oba hojalyk önümçiliginiň häzirki zaman işjeňleşmesinde ýerleriň ýaramazlaşmagyna garşy göreşmek boýunça işlenip düzülen we geçirilýän çäreler ýeterlik däl we uly maýa goýumlary talap edýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda suwarymly ýerleri ulanmagyň düzüminde düýpli özgerişler bolup geçdi. Mülkdarlaryň we oba hojalyk telekeçileriniň topary emele gelýär. Suwarymly ýerleriň esasy bölegi daýhan birleşikleriniň ulanyşynda durýar, onda kärende gatnaşyklarynyň öňdebaryjy görnüşleri ösdürilýär. Oba hojalyk önümleriniň esasy görnüşleri bu hojalyklarda kärende şertnamasyny baglaşmagyň esasynda öndürilýär.

Suwarymly ýerleriň ýaramazlaşmagynyň esasy sebäbi goşmaça şorlaşma bolup durýar. Şorlaşma suwaryş bilen ugurdaş ýüze çykýan hadysa  hökmünde aýry-aýry zolaklaryň zeý suwlarynyň pes sowulmagynyň we minerallaşdyrylan ýerasty suwlaryň derejesiniň ýokarlanmagynyň netijesi bolup durýar.  Suwarymly ýerleriň 38%-e golaý meýdany ýerasty suwlaryň ýere ýakyn (1,0-2,0 m) ýerleşýän şertlerindedir. Bu mesele Daşoguz we Lebap welaýatlarynda has hem derwaýys bolup durýar we suwarymly ýerleriň zeýkeşler bilen ýeterlik üpjün edilmedikligi bilen baglydyr.

Gerimi we ýüze çykyşynyň işjeňligi boýunça ýurduň  möhüm ekologik meselesi topraklaryň deflýasiýasy we  eroziýasydyr. Çägesöw-çöl öri meýdanlaryň aýry-aýry ýerlerinde tebigy faktorlaryň täsiri astynda we oýlanyşyksyz hojalyk işiniň netijesinde ösümlik örtüginiň ýaramazlaşmasy bolup geçýär, ýerleriň önümliligi peselýär we ösümlik bileleşikleriniň görnüş düzümi garyplaşýar.

Çölleriň senagat-ulag maksatly özleşdirilýän sebitlerinde çägesöw topraklaryň deflýasiýa hadysalary bolup geçýär, bu bolsa çägeleri berkitmek boýunça işleriň geçirilmegini talap edýär.

Topraklaryň suw eroziýasy, esasan, Köpetdagyň, Uly we Kiçi Balkan daglarynyň eteklerinde, Garabil we Badhyz belentliklerinde, şeýle hem dag etek düzlüklerinde ýaýrandyr. Bu ýerde güýçli, ortaça we gowşak ýuwlan topraklar ösendir.

Gündogar we Günbatar Köpetdagda, şeýle hem Köýtendagda, köplenç, sil gelmek hadysalaryna gözegçilik edilýär. Köpetdagyň, Köýtendagyň dag etek zolaklarynda we Murgap derýasynyň sähralyklarynyň käbir uçastoklarynda ýeriň ýokary ýapgytly bölekleriniň özleşdirilmegi irrigasion eroziýanyň ösmegine getirýär, ýöne ol giňden ýaýran däldir.

Ýüze çykarylan ekologik meseleleri seljermegiň esasynda işlenip düzülen çäreleriň amala aşyrylmagy tebigy komponentleriň ýaramazlaşmagynyň öňüni almaga, olar bozulanda bolsa- Türkmenistanyň ýer serişdelerini dikeltmäge we goragyny kämilleşdirmäge mümkinçilik berer.

### *1.5. Ösümlikler we ot-iým serişdeleri*

Gurak howa şertlerine garamazdan, umuman, Türkmenistanyň ösümlik dünýäsi ýeterlik uly köpdürlüligi bilen tapawutlanýar we guraklyga we yssa çydamly görnüşlerden ybaratdyr. Häzirki wagtda Türkmenistanyň florasynda ýokary ösümlikleriň 3140 görnüşi hasaba alyndy. Olardan 3000 golaý görnüş damarly, 140 - moh şekilli, 2 - kyrk bogun görnüşli, 17 - paporotnik şekilli, 12- açyk tohumly ösümliklere degişlidir. Türkmenistanyň florasynda agaçlaryň 30-a golaý görnüşi we gyrymsy agaçlaryň hem-de ýarym gyrymsy agaçlaryň 50-den gowrak görnüşi bar.




Floranyň esasy bölegi daglyk zolaklarda ýaýrandyr. Mysal üçin, Köpetdagda ýokary ösümlikleriň 1760 görnüşi ösýär, şunda ýokary endemizm häsiýetlidir, olaryň 300 görnüşi Köpetdagdan başga ýerde duş gelmeýär. Endenizm Türkmenistanyň beýleki ýerlerine hem mahsusdyr.

Köýtendagda ýokary ösümlikleriň 900-e golaý görnüşi ösýär. Şeýle hem Türkmenistanda ýönekeý ösümlikleriň 3924 görnüşi ösýär.

Biologik aýratynlyklary boýunça Türkmenistanyň ösümlikleri dört topara bölünýär: çöl ösümlikleri, dag we dag etek ösümlikleri, jülgeleriň ösümlikleri, derýalaryň jülgeleriniň ösümlikleri.

Türkmenistanyň çäginiň uly bölegini (80%-e çenli) düzlük çölüniň ekoulgamlary tutýar. Garagum çölünde gyrymsy ösümlikler agdyklyk edýär, ol sazakdan, gandymdan, çerkezden we çäge ýylagy hem-de ot örtügindäki efemerler ýaly beýleki

gyrymsy ösümliklerden ybaratdyr. Çölde ojarlaryň özboluşly tokaýlyklaryna hem duş gelip bolýar. Garagumda ýokary ösümliklerden doly diýen ýaly mahrum bolan takyrlar duş gelýär. Olar tümmek çägeliklerdäki peslikleriň we çöketlikleriň golaýynda ýerleşýär. Takyrlar Köpetdagyň dag etek düzlüklerinde, Maşady-Misserian we Kunýadar gadymy allýuwial düzlükleriň çäklerinde uly meýdany tutýar. Takyrlarda ýönekeý ösümlikler - sowotylar, lişaýnikler agdyklyk edýär. Ýokary ösümlikler, esasan, takyrlaryň çägesöw zolaklarynda duş gelýär. Şorluklar ösümlige örän garypdyr. Demirgazyk-Günbatar Türkmenistanyň toýunsow we çagylly platosynda çal-goňur topraklara mahsus bolan garym gyrymsy ýowşan-şora ösümlikleriniň toparlary agdyklyk edýär.

Dagasty düzlükleriň we dag etekleriniň ösümlikleri köpýyllyk otjumak ösümliklerden ybarat. Ýokarda dagda sähra ösümlikleri, guraklyga çydamly gyrymsy agaçlyklar we pes boýly agaçlyklar, ondan ýokarda bolsa- selçeň arça tokaýlyklary we ýassyk şekilli daglyk kserofitler duş gelýär. Jülgelerde ýabany miewli agaçlar ösýän ýaprakly tokaýlyklaryň adajyklary duş gelýär.

Bathyz baýyrlygynda 600-700 m çenli belentlikde subtropiki düzlükleriň guşaklygy ýerleşýär. Çöl zolagynda şorluklaryň, çäge alaňlarynyň ösümlikleri we ojar tokaýlyklary ýaýrandyr. Ýeroýlanduz çöketliginde uly bolmadyk meýdanlary ojar eýeleýär, ýokarrakda çäge alaňlarynda bolsa sazak ýaýrandyr. Otjumak ösümlik örtüginde beýleki efemerler bilen sogan düýpli gyrtyçlar agdyklyk edýär. Bathyzyň günortasynda we günbatarynda sawannalaryň ösümligini ýatladýan selçeň pisse tokaýlyklary ýaýrandyr. Garabil belentliginde hem belentlik guşaklygyna gözegçilik edilýär, bu ýerde çöl guşaklygy 500 metre çenli belentlikde duş gelýär, 500-980 metr belentlikde bolsa ýarym çölleriň guşaklygy ýerleşýär.

Köpetdagda ösümlikler belentlik guşaklyklary boýunça bölünýär. Dag ekoulgamlary öz içine ýaprakly (deňiz derejesinden 600-650 m çenli belentlikde) we arça selçeň tokaýlary (1000 m belentlikde), şeýle hem dag sähralyklaryny (deňiz derejesinden 2700-3000 m. belentlikde) alýar. Köpetdagyň dag etek düzlüklerinde efemer bilelikde ösýän dürli otlar bilen çöl ýylagynyň we gyrtyjynyň bileleşikleri agdyklyk edýär.

Jülgeler Amyderýanyň, Murgap, Tejen, Etrek derýalarynyň we ownuk derýajyklaryň basseýnlerinde, şeýle hem suwaryş kanallarynyň zolagynda ýerleşýär. Jülgelerde uly ýerleri oba hojalyk ekinleri: gowaça, ýorunja, däneli we gök-bakja ekinleri eýeleýär. Uly bolmadyk zolaklarda baglar we üzümçilikler ýerleşýär.

Topragy goşmaça şortlaşýan ýerlerde dürli şora ösümlikleri ösýär. Agaçlyklaryň esasy bölegi şäherlerde we şäherçelerde hem-de olaryň töwereklerinde ýerleşýär. Derýalaryň jülgelerinde ösümlikleriň, esasan, iki görnüşi: agaç-gyrymsy agaç we otjumak görnüşleri ösýär.

Çöllerdäki öri meýdanlaryň köpsanly artykmaçlyklary taraplary bar, hususanda, olarda degişlilikde ýokary ýokumlykly dürli görnüşli we arzan iýmler bar,

şeýle hem bu öri meýdanlarda uzak wagtlap, günorta etraplarda bolsa tutuş ýylyň dowamynda mal bakyp bolýar. Olaryň kemçiligi pes hasyllylygy we ýyllar boýunça üzül-kesil üýtgemegi bolup durýar. Dowardarçylygyň esasy ot-iým binýady tebigy öri meýdanlar bolup durýar, olaryň umumy meýdany 41,5 mln. ga deň, olardan 2,5 mln. ga dag öri meýdanlary (6%) we 39 mln. ga çöl düzlükleriniň öri meýdanlarydyr (94%). Çöl düzlükleriniň öri meýdanlary çölüň görnüşine baglylykda şu aşakdaky ýaly paýlanandyr: çägeli çölleriň öri meýdanlary - 26 mln. ga; gips çöllükleriniň öri meýdanlary - 5 mln. ga; toýunsow çöllükleriň öri meýdanlary - 4 mln. ga; dag-etek-mele toprakly çöllükleriň öri meýdanlary - 4 mln. ga. Çöl territoriýalarynyň ösümlik örtügi köp ýyllaryň dowamynda çendenaşa mal bakylmagy we gyrymsy agaçlaryň çapylmagy sebäpli güýçli antropogen täsire sezewar bolýar. Nebit-gazly zolaklar senagatdan giňişleýin özleşdirilende, nebit we gaz geçirijiler, awtomobil ýollar gurlanda tehnogen täsirler hem güýçli bildirýär. Netijede, tebigy biogeosenozlaryň bitewiligi bozulýar, öri meýdanlaryň ekoulgamlary ýaramazlaşýar.

### *1.6. Haýwanat dünýäsi*

Türkmenistanyň haýwanat dünýäsi üç yklymyň dürli sebitleriniň faunistik elementleriniň garyşmasy bilen häsiýetlendirilýär. Bu ýerde oňurgasyz haýwanlaryň 10 müňden gowrak görnüşi we oňurgaly haýwanlaryň 688 görnüşi duş gelýär. Tebigy gurşawyň örän gowşak düzüm bölegi bolmak bilen, haýwanat dünýäsi antropogen faktorlaryň barha uly täsirine sezewar bolýar. Bu ýerde oňurgaly haýwanlaryň görnüşleri 47 otrýada, 114 maşgala we 363 roda degişli, bu bolsa oňurgaly haýwanlaryň dünýä boýunça faunasynyň 1,9%-ine deňdir. Görnüş köpdürlüligi boýunça iň baý klas guşlar klasydyr - 376 görnüş, balyklaryň - 115 görnüş, süýdemdirijiler - 104 görnüş, süýrenjiler - 82 görnüş, tegelekagyzlar klasy diňe bir görnüşi, ýerde-suwda ýaşaýanlar bolsa - 5 görnüşi öz içine alýar. Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna haýwanlaryň 152 görnüşi girizildi.

Tebigy ekoulgamlarda haýwanlar dürli rollary ýerine ýetirýär. Mysal üçin, gemrijiler öri meýdandaky ösümlikleri iýýärler, özleriniň gazyjylyk işi bilen olar deflýasiýa proseslerini güýçlendirýär. Çirkeýler (Phlebotomus) adamyň we haýwanlaryň dürli kesselleriniň geçirijisi bolup biler. Gelmintleriň 585-den gowrak görnüşi haýwanlarda we adamda paratizirleýär. 104-isi - ösümlikleriň parazitleri bolup durýar.

Köpsanly haýwanlar promyseliň ýa-da höwesjeň awçylygyň obýektleri bolup durýar. Çöller özleşdirilende haýwanat dünýäsiniň üýtgeşmeleri bolup geçýär. Bu üýtgeşmeler, köplenç, dolanuwsyz häsiýetlidir.




### *1.7. Gazylyp alynýan peýdaly magdanlar we energetiki serişdeler*

Türkmenistanyň ýerasty çuňluklarynda gazylyp alynýan dürli peýdaly magdanlar bar, olaryň hatarynda: nebit we ýangyç gazy, kükürt, kaliý we daş duzlary, reňkli we seýrek metallar, süýji we minerallaşdyrylan suwlar, timarlaýyş we gurluşyk materiallary we başg. bar. Mineral -çig mal serişdeleriniň gazylyp alynmagy, gaýtadan işlenmegi we sarp edilmegi ýurduň ykdysadyýetiniň üç esasy pudaklarynyň: ýangyç-energetika, himiýa we gurluşyk pudaklarynyň funksionirlemeginiň we ösmeginiň esasy bolup durýar.

Türkmenistanyň esasy tebigy baýlygy we ýurduň ykdysady hem-de durmuş taýdan gülläp ösmeginiň möhüm çeşmesi nebit we gaz bolup durýar. Türkmenistan uglewodorod çig malynyň serişde binýadynyň ulanylyşyny giňeltmek boýunça ägirt uly mümkinçiliklere eýedir.

Garabogazköl aýlygynyň mineral serişdeleri uly üns berilmegini talap edýär, bu ýer himiki çig malyň gymmatly komponentleriniň baý gorunyň özboluşly çeşmesidir.

Türkmenistanda kaliý duzlarynyň üç ýatakdan ybarat bolan iň iri basseýni ýerleşýär (Garlyk, Garabil, Gowurdak). Dürli görnüşli we baý mineral-çig mal serişdeleri we özünde gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň gorlaryny saklaýan jikme-jik öwrenilen geologik düzümler senagat önümçiliginiň köpsanly ugurlaryny ösdürmegiň, Türkmenistanyň çig malyň importyna bolan garaşlylygyny peseltmegiň möhüm şerti bolup durýar.

Türkmenistanda elektrik energiýasy ýylylyk elektrik beketler tarapyndan işlenip çykarylýar, olar üçin başlangyç energiýa göterijisi tebigy gazdyr.

Garagum çöli gün we ýel energiýasynyň ägirt uly kuwwatyna eýe bolup durýar, bu ýerde ýylyň dowamynda 1 m2 üste 6000-den 10000 mJ çenli gün ýylylygy düşýär. Ýel çarhynyň 1m2 üstünden ýel energiýasynyň Garagum çölünde 400 kWt-s-den Hazar deňziniň kenarýaka etraplarynda 1000 çenli we ondan hem köp kWt-s (brutto) akyp geçýär. Gelio- we ýel-energetiki serişdeleriň çölde bol bolmagy gün we ýel enjamlaryny dürli hojalyk maksatlary üçin has netijeli ulanmaga mümkinçilik berýär.

Ýakyn geljekde energiýa tygşytlamanyň, uzakdaky öri meýdanlarda elektrik energiýasyny öndürmek, ýaşaýyş jaýlaryny ýagtylandyrmak we ýylatmak, suwy galdyrmak we süýjetmek, gök önümleri we miweleri guratmak we ş.m. üçin gün we ýel energiýasyny ulanmagyň dünýä tejribesini, iň täze tehnikalaryny we öňdebaryjy tehnologiýalaryny giňden öwrenmek zerur bolup durýar. Şunda dünýä bileleşiginiň tehniki kömegi we maddy goldawy zerur bolar.

## II. HEREKET EDÝÄN ÇÖLLEŞMÄGE GARŞY GÖREŞMEK BOÝUNÇA HEREKETLERIŇ MILLI MAKSATNAMASY WE ONY TÄZELEMEGIŇ ZERURLYGY

Çölleşmäge garşy göreşmek boýunça hereketleriň milli maksatnamasy (ÇGGHMM) 1997-nji ýylda kabul edildi. ÇGGHMM-niň ileri tutulýan ugurlary BMG-niň tebigaty goraýyş Konwensiýalarynyň, daşky gurşawy goramak ulgamyndaky maksatnamalarynyň, meýilnamalarynyň we strategiýalarynyň düzgünlerini hasaba almak bilen kesgitlendi: ýer we suw serişdelerini durnukly dolandyrmak; tebigy serişdeler ulanylanda utgaşdyrmanyň we hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerini kesgitlemek; çölleşmek meseleleri boýunça maksada gönükdirilen hereketler üçin düzümleri döretmek; çölleşmek meselelerini çözmek üçin tebigaty goraýyş kanunçylygynyň halkara-hukuk kadalaryna laýyklygyna garamak; ekoulgam, genetiki we görnüş biologik köpdürlüligi gorap saklamak; daşky gurşawa antropogen täsiriň ýaramaz netijelerini peseltmäge ünsi çekmek; çölleşmek hadysalaryna garşy göreşmekde ylmy-barlag işlerini güýçlendirmek.

ÇGGHMM-niň kabul edilen döwründe ol esasy guramalaryň alymlarynyň we hünärmenleriniň esasy ünsüni çölleşmek meselelerine jemledi, ýerleriň ýaramazlaşmagynyň sebäplerini, tendensiýalaryny we netijelerini anyklaşdyrdy. 1999-njy ýylda Türkmenistanyň BMG-niň daşky gurşaw boýunça maksatnamalaryndan we konwensiýalaryndan gelip çykýan borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça Döwlet Topary döredildi. ÇGGK boýunça Milli utgaşdyryjy merkeziň (TGM-niň ÇÖHDMI) ýanynda Çölleşmäge garşy göreşmek boýunça Bilermenler topary döredildi.

Bu çäreler ýerleriň ýaramazlaşmagynyň artmak tendensiýalary we ýurduň azyk howpsuzlygyny üpjün edýän oba hojalyk önümçiligi üçin ýer serişdelerine bolan artýan hajatlar bilen bagly boldy. Çöl zolaklarynyň senagatdan özleşdirilmegi netijesinde olaryň ýaramazlaşmagy bildirip başlady. Çölleşmäge garşy göreşmek boýunça hünärmenler ÇGGHMM-niň (1997) geçen döwürde amala aşyrylyşyny seljerenlerinde çölleşmäge garşy göreşmek boýunça bellenen strategiýanyň, esasan, hödürnama häsiýetli bolandygyny we gyzyklanma bildirýän guramalar tarapyndan anyk çäreleriň ýerine ýetirilmegi hökmany bolmandygyny belleýärler. Bu bolsa meýilleşdirilen çäreleri amaly taýdan ýerine ýetirmegi we ÇGGHMM-niň maksatlaryny ýurduň milli strategiýalaryna we we meýilnamalaryna goşulmagyny kynlaşdyrdy.

Häzirki ýagdaý 1997-nji ýylda kabul edilen ÇGGHMM-niň gowşak institusional aragatnaşyk we şu aşakdakylaryň ýoklugy sebäpli onda göz öňünde tutulan çäreleri amala aşyrmaga mümkinçilik bermeýändigini görkezýär, ýagny: ÇGGHMM-niň kanunylygy - Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň derejesinde tassyklanmadyk we hökmany ýerine ýetirilmeli resminama hökmünde kabul edilip bilinmeýär; milli maksatnamalar, meýilnamalaşdyrma, döwlet býujeti we maliýeleşdirmäniň beýleki çeşmeleri bilen hakyky baglanyşyklar; pudagara hyzmatdaşlygynyň netijeli mehanizmi; ÇGGHMM-niň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmegiň we oňa baha bermegiň mehanizmi; BMG-niň ÇGGK-niň, BKK-niň we HÜÇK-niň talaplaryny bilelikde ýerine ýetirmek boýunça sinergizm.

### *2.1. Çölleşmek hadysalarynyň ösmek tendensiýalary*

Häzirki wagtda çölleşme hadysalary tebigy we antropogen faktorlaryň bilelikde täsir etmeginiň netijesinde ösmegini dowam edýär. ÝSDD üçin uýgunlaşma boýunça maksatnamanyň bolmazlygy howanyň üýtgemeginiň mümkin bolan täsirini hasaba almak bilen, ýer serişdeleriniň umumy ulanylyşyna ýaramaz täsir edýär. Tebigy şertler - arid klimat, çäge sustratynyň köpdürlüligi we hereketi, selçeň ösümlik örtügi, temperaturanyň ýokarlanmagy - çölleşmek hadysalarynyň güýçlenmegine ýardam edýär. Mallaryň baş sany artýar, olar tebigy öri meýdanlarda endigan bakylmaýar, bu bolsa olaryň ýaramazlaşmagyna getirýär. Bu ýagdaý häzirki wagtda tebigy öri meýdanlary ulanmagyň we goramagyň hukuk tertibiniň, öri meýdanlaryny ulanyjylaryň hukuklarynyň we borçlarynyň kesgitlenmedigi bilen baglydyr. Öri meýdanlary rejeli ulanmak, olary suwlulandyrmak we ösümlik örtügini dikeltmek meselelerine hem üns berilmeýär.

Çölleriň senagat taýdan özleşdirilmesi: nebit we gaz ýataklaryny işläp bejermek, turba geçirijileri we elektrik geçiriji liniýalary, awtomobil we demir ýollary, beýleki inženerlik desgalary we obýektleri gurmak boýunça işler güýçlenýär. Senagat taýdan özleşdirilmegi netijesinde ýerleriň ýaramazlaşmagynyň öňüni almak, tebigy relýefi saklamak we bozulan ekoulgamlarda ösümlik örtügini dikeltmek boýunça tehnologiýalar ýeterlik berjaý edilmeýär.

Howanyň üýtgemeginiň floranyň we faunanyň ýagdaýyna ýetirýän täsiri hem bildirýär. Yzgary halaýan ösümlikleriň ýeri kem-kemden kserofit görnüşler bilen tutulýar. Miweli ekinleriň ýabany garyndaşlarynyň: erigiň, almanyň, armydyň, üzümiň, hozuň we başg. ýitip gitmek ähtimallygy hem bar. Faunanyň köpsanly görnüşleriniň areallarynyň serhetleriniň demirgazyga süýşmegine garaşylýar. Suw çeşmeleriniň sanynyň azalmagy süýdemdirijileriň köpsanly görnüşleriniň sanynyň azalmagyna getirer.

***2.2. Situasion üýtgeşmeler***

Soňky ýyllarda ýurduň strategik ösüşinde we kanunçylyk binýadynda düýpli özgerişler bolup geçdi, şu aşakdakylar kabul edildi: Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy ( sentýabr 2008 ý.) we daşky gurşawy goramak we tebigatdan peýdalanmak ulgamynda birnäçe täze kanunlar, Türkmenistany 2011-2030-njy ýyllar döwür içinde durmuş- ykdysady taýdan ösdürmegiň milli maksatnamasy, Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň Milli strategiýasy (2012), Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasy (2013). Türkmenitanyň Gyzyl kitabynyň üçünj neşiri çap edildi, onda bioköpdürlülik boýunça maglumatlar täzelendi.

ÇGGK-niň çäklerinde halkara guramalar bilen hyzmatdaşlykda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ýer serişdelerini dolandyrmak boýunça Inisiatiwasy (MAÝÝSDI) maksatnamasynyň çäklerinde birnäçe sebitleýin we milli taslamalar ýerine ýetirildi, Türkmenistanda Konwensiýanyň ýerine ýetirilişi boýunça 5 milli hasabat taýýarlandy. Konwensiýanyň taraplarynyň Konferensiýasynyň sekizinji mejlisinde ÇGGK-niň amala aşyrylyşyny işjeňleşdirmek boýunça 10 ýyllyk Strategik meýilnama we işiň çäkleri tassyklandy (2008-2018-nji ýyllar), Konwensiýanyň täze strategiýasy boýunça ÇGGK-niň wezipeleri takyklandy, ÇGGK-niň Strategik we Amaly maksatlary kesgitlendi (BMG-niň ÇGGK-niň TK 8, Madrid, 2008).

10 ýyllyk Strategik meýilnamada Konwensiýany ýerine ýetirmek boýunça şu aşakdaky wezipeler kesgitlendi: çölleşmäniň öňüni almak boýunça syýasaty, maksatnamalary we çäreleri işläp düzmek we milli we sebitleýin derejede amala aşyrmak üçin global konseptual esasy üpjün etmek; ylmyň we tehnikanyň häzirki zaman gazananlaryny ulanmak; jemgyýetçiligiň habarlylyk derejesini ýokarlandyrmak; wagyz-nesihat işini ösdürmek we serişdeleri mobilizlemek.

Gyzyklanma bildirýän çekilen taraplaryň ählisiniň işini ugrukdyrmak üçin 4 strategik maksatlar kesgitlendi:

- täsir edilýän ilatyň ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak (garaşylýan netije - çölleşmek/ýerleriň ýaramazlaşmagynyň we guraklygyň täsirine sezewar bolan etraplarda ýaşaýan adamlary ýaşamak üçin has ygtybarly we köpdürli çeşmeler bilen üpjün etmek we olary ýerden durnukly peýdalanmakdan alnan girdejileriň bähbinde ulanmak; howany üýtgemegi, howa şertleriniň

üýtgeýjiligi we guraklyk zerarly täsir edilýän ilatyň durmuş-ykdysady we ekologik gowşaklygyny peseltmek);

- täsir edilýän ekoulgamlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak (garaşylýan netije - ýerleriň önümliligini durnukly ýokarlandyrmak we ekoulgamlar tarapyndan hödürlenýän beýleki "harytlaryň we hyzmatlaryň" görnüşsanawyny giňeltmek, bu bolsa ilaty ýaşamak üçin serişdeleriň has ygtybarly çeşmeleri bilen üpjün etmäge ýardam eder; howanyň üýtgemegi zerarly täsir edilýän ekoulgamlaryň gowşaklygyny peseltmek;

ÇGGK-ni netijeli amala aşyrmagyň hasabyna global peýdalary gazanmak (garaşylýan netije - ýerden durnukly peýdalanmak we çölleşmäge/ýerleriň ýaramazlaşmagyna garşy göreşmek bioköpdürlüligiň goralyp saklanmagyna we durnukly ulanylmagyna hem-de howanyň üýtgemeginiň netijelerini goşwatmaga ýardam edýär);

- milli we halkara subýektleriň arasynda netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýmak arkaly ÇGGK-ni amala aşyrmaga goldaw bermek üçin serişdeleri mobilizlemek (garaşylýan netije - täsir edilýän ösýän ýurtlara - Konwensiýanyň Taraplaryna, şeýle hem degişli ýagdaýlarda Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlaryna Konwensiýany amala aşyrmak üçin maliýe, tehniki, tehnologik serişdeleriň uly mukdaryny bölüp bermek; ähli derejelerde BMG-niň ÇGGK-ni amala aşyrmagyň bähbitleri üçin syýasy nukdaý nazardan ýagdaýy gowulandyrmak).

Konsepsiýany we strategik maksatlary amala aşyrmak üçin 5 amaly maksatlar kesgitlendi:

- wagyz-nesihat, maglumat we aň-bilim ýaýradyş işi: çölleşmek/ ýerleriň ýaramazlaşmagynyň we guraklygyň meselelerini degişli ýagdaýda çözmek maksady bilen degişli halkara, milli we ýerli proseslere we degişli subýektlere işjeň täsir etmek;
- syýasatyň çelgileri: çölleşmäge/ ýerleriň ýaramazlaşmagyna garşy göreşmäge we guraklygyň netijelerini aradan aýyrmaga gönükdirilen çözgütleriň kabul edilmegine ýardam etmek üçin amatly gurşawy döretmek boýunça tagallalary goldamak;
- ylmy-tehniki bilimler: çölleşmek/ ýerleriň ýaramazlaşmagy we guraklygyň netijelerini gowşatmak meseleleri boýunça ylmy-tehniki bilimleriň abraýly global merkezine öwrülmek;
- potensialy döretmek: çölleşmek hadysalarynyň öňüni almak maksady bilen potensialy döretmekdäki hajatlary ýüze çykarmak we kanagatlandyrmak;
- maliýeleşdirek we tehnologiýalary geçirmek: milli, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn derejelerde maliýe we tehnologik serişdeleri mobilizlemek we netijeliligi hem-de effektiwligi ýokarlandyrmak maksady bilen olary has gönükmeli we utgaşykly ulanmak.

MAÝÝSDI sebitleýin maksatnamanyň çäklerinde Türkmenistana "Ýer serişdelerini durnukly dolandyrmak üçin potensialy ýokarlandyrmak" atly köp ýurtly taslamala aşyryldy (Türkmenistanda ileri tutulýan ugurlar hökmünde öri meýdan ýerlerini durnukly dolandyrmagyň meseleleri saýlanyp alyndy). Hereket edýän ÇGGHMM-ne syn bermegiň netijesinde taslamanyň bilermenleri tarapyndan ileri tutulýan ugurlar kesgitlendi we oňa gaýtadan seretmek hem-de onuň täze redaksiýasyny taýýarlamak boýunça hödürnamalar işlenip düzüldi:

- ÇGGHMM-niň maksatlaryny we wezipelerini ýurdy ösdürmegiň milli strategik maksatnamalaryndan we meýilnamalaryndan gelip çykýan daşky gurşawy goramak wezipelerine mümkin boldugyça ýakynlaşdyrmak, olaryň ýerine ýetirilmegi üçin oňyn şertleri üpjün etmek we netijeli mehanizmleri işläp düzmek;
- ÇGGHMM-niň täze redaksiýasyny Türkmenistanyň Hökümetiniň derejesinde tassyklamak;
- daşky gurşawy goramak we tebigatdan peýdalanmak ulgamynda kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny kämilleşdirmek boýunça işi dowam etmek, şunda, ilkinji nobatda, ýer-suw kanunçylygyna, öri meýdanlar hakyndaky kanunçylyga we başg. üns bermeli;
- daşky gurşawy goramak we tebigatdan peýdalanmak ulgamynda ykdysady taýdan höweslendirme mehanizmleriniň ösdürilmegini üpjün etmek;
- daşky tebigy gurşawyň düzüm böleklerini goramak we peýdalanmak boýunça dolandyryş, utgaşdyryş we gözegçilik ediş mehanizmleriniň kämilleşdirilmegini dowam etmek;
- çölleşmek hadysalarynyň öňüni almak boýunça ýer we suw serişdeleriniň durnukly dolandyrylmagyny we ulanylmagyny üpjün edýän täze tehnologiýalaryň ösdürilmegini we ornaşdyrylmagyny göz öňünde tutmak;
- tebigy serişdeler ulanylanda daşky gurşawa ýetirilýän antropogen täsiriň netijelerini mümkin boldugyça azaltmak;
- ÇGGHMM-niň düzümine bir bölüm hökmünde onuň esasy düzgünlerini amala aşyrmak üçin Integrirlenen maliýe ulgamyny goşmak;
- çölleşmek hadysalarynyň monitoringiniň we olara baha berilmeginiň netijeli ulgamynyň işlenip düzülmegini üpjün etmek, çölleşmek meseleleri boýunça ýeke-täk maglumatlar ulgamyny we maglumatlar goruny döretmek;
- jemgyýetçilik birleşikleriniň we raýatlaryň habarlylygyny ýokarlandyrmak, olary çölleşmäge garşy göreşmek boýunça meseleleri çözmäge çekmek;
- BMG-niň global ekologik Konwensiýalarynyň we beýleki halkara ylalaşyklarynyň talaplaryny bilelikde ýerine ýetirmek boýunça tagallalary birleşdirmek üçin netijeli mehanizmi teklip etmek;

- ÇGGHMM-niň ileri tutulýan ugurlary boýunça ylmy barlaglary ösdürmek we taslama tekliplerini işläp düzmek;
- çölleşmek hadysalarynyň öňüni almak we olary aradan aýyrmak boýunça iň gowy tejribeleriň ornaşdyrylmagy üçin şertleri üpjün etmek;
- hereketleri utgaşdyrmak we ÝSDD ulgamynda döwlet maksatnamalaryny amala aşyrýan esasy ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralar bilen hyzmatdaşlyk etmek.

Görlen çäreler çölleşmek hadysalaryna garşy netijeli göreşmek boýunça amaly çäreleriň işlenip düzülmegine we amala aşyrylmagyna hem-de ÇGGHMM-niň esasy ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralar tarapyndan amala aşyrylýan ileri tutulýan ugurlar boýunça buýjet we daşky serişdeleriň hasabyna meýilleşdirilýän çäreleri maliýeleşdirmek üçin potensial mümkinçilikleri kesgitlemäge ýardam eder.

## III. ÇGGHMM-NIŇ ILERI TUTULÝAN UGURLARY

***3.1. Durmuş-ykdysady şertler***

Türkmenistan - garaşsyz, bitarap, ýokary depginler bilen ösýän döwlet bolmak bilen, Merkezi Aziýada ýerleşýär, onuň geografik taýdan amatly ýerleşişi bar we baý mineral-çig mal serişdelerine, ösen önümçilik, ykdysady, işgärler kuwwatyna we infrastruktura eýe bolup durýar.

Ägirt uly serişde kuwwatynyň we ykdysady mümkinçilikleriň bolmagy häzirki zaman tehnikasynyň we iň täze tehnologiýalaryň ulanylmagyna, innowasion önümçilik düzümleriniň döredilmegine, maýa goýum işiniň işjeňleşdirilmegine, ýurduň dünýäniň ykdysady ulgamyna integrirlenmegini çaltlandyrmaga esaslanýan ykdysadyýeti çalt depginler bilen ösdürmek boýunça täze wezipeleri çözmäge mümkinçilik berýär.

Ýurduň "Açyk gapyplar" syýasaty, baý tebigy potensialy, maýa goýmak üçin özüne çekijiligi ony beýleki ýurtlar bilen hyzmatdaşlyk etmek üçin ygtybarly hyzmatdaşa öwürýär we milli ykdysadyýeti ösdürmäge daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegine ýardam edýär.

Aşakda getirilen diagramma Türkmenistanyň 2011-nji ýylda JIÖ-niň düzümini görkezýär (häzirki bahalarda). JIÖ-niň umumy mukdarynyň uly bölegini senagat (50%-e golaý) tutýar, oba hojalygynyň paýyna 10%, gurluşyga -13,6% düşýär. Soňky ýyllarda JIÖ-niň umumy mukdarynda oba hojalygynyň paýy düýpli azaldy, sebäbi uly depginler bilen senagat, aýratyn-da, ýangyç energetika toplumy ösdi, ýöne häzirki wagta çenli ol ýokary bolmagynda galýar.

**Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň pudaklary boýunça JIÖ-niň düzümi (2011 ý.)**




**Mineral-çig mal serişdeler** Türkmenistan mineral-çig mal serişdeleriniň uly potensialyna eýe bolup durýar. Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklary diňe bir gazyp almanyň we gaýtadan işlemäniň häzirki derejesini kanagatlandyrman, eýsem mineral serişdeleriniň ulanylmagyna esaslanýan senagat pudaklaryny ýokary depginlerde ösdürmäge mümkinçilik berýär.

Ýerli we garaşsyz halkara bilermenleriň maglumatlary boýunça gorlary 45,5 milliard tonna nebit ekwiwalentine deň bolan uglewodorod serişdeleriniň ägirt uly goruna eýe bolmak bilen, Türkmenistanyň ýakyn geljekde olaryň gazylyp alnyşynyň we halkara bazarlaryna çykarylşynyň möçberlerini düýpli artyrmaga mümkinçiligi bar.

Türkmenistanda himiýa senagatyny ösdürmek üçin mineral-çig mal serişdeleriniň senagat taýdan ähmiýetli gorlary ýüze çykaryldy. Garabogazköl aýlagy gymmatly himiýa çig malynyň tükeniksiz çeşmesi bolup durýar. Bu akwatoriýanyň baýlyklarynyň rejeli ulanylmagy ýurduň ykdysadyýetiniň ösüşine goşmaça itergi bermäge ukyply.

Türkmenistanyň territoriýasy mineral duzlaryň ýataklaryna örän baý, olaryň käbirleri boýunça ýurt dünýäde öňdebaryjy orunlary eýeleýär. Nahar duzunyň iň iri ýataklary ýurduň günorta-gündogarynda jemlenendir.

Ýurtda gurluşyk materiallarynyň ýeterlik mineral-çig mal binýady bar. Türkmenistanda sementi we aýnany öndürmek üçin çig mal, dolomit, gips we angidrit, kerpiç palçygy, jyglym daş we çagyl, gurluşyk we silikat çägesi, argillit, gurluşyk daşy we başg. gazylyp alynýar. Günbatar Türkmenistanda bentonit palçyklary gazylyp alynýar. Bentonitler ýokary hillidir we köpsanly senagat önümçiliklerinde uly islegden peýdalanýar.

**Senagat** Garaşsyzlygyny alandan soň Türkmenistanyň ykdysadyýeti çalt depginler bilen ösýär. Şunda ykdysady ösüşiň binýatlaýyn pudagy senagat bolup durýar.

Ykdysadyýetiň bu sferasynda däp bolan pudaklar döwrebaplaşdyryldy, önümçilikleriň täze görnüşleri döredildi. Netijede, 2000-2007-nji ýyllarda senagat önümleriniň möçberi 4,4 esse, 2007-2011-nji ýyllarda bolsa 3,8 esse artdy.

Özboluşly çig mal serişdeleri Türkmenistanda ýangyç-energetika toplumynyň kemala gelmegini şertlendirdi, ol ýurduň senagatynyň ileri tutulýan pudagy bolup durýar. Häzirki wagtda orta we iri senagat kärhanalarynyň önümçiliginiň möçberiniň ýarysy onuň paýyna düşýär. Ýangyç-energetika toplumynyň (ÝET) düzümine elektroenergetika, gaz çykaryjy, nebit çykaryjy we nebiti gaýtadan işleýji pudaklar girýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň elektroenergetikasy ýangyç-energetika toplumynyň möhüm pudaklarynyň biri bolup durýar. Onuň ösdürilmegi ýurduň energetika howpsuzlygyny üpjün etmäge ýardam edýär. Ol ýurduň elektrik energiýasyna bolan içerki hajatlaryny doly kanagatrlandyrýar. Ýurduň energoulgamy Merkezi Aziýanyň birleşen energoulgamy bilen bagly we artykmaçyk elektrik energiýasyny Owganystana, Eýrana, Türkiýä, Täjigistana we beýleki ýurtlara eksport etmäge ukyply. 2011-nji ýylda Türkmenistanda 19,08 milliard kWt/s. elektrik energiýasy öndürildi, ondan 2,5 milliard kWt/s. golaýy eksport edildi.

**Gaz çykaryjy senagat** ýurduň ÝET-niň ileri tutulýa pudagydyr. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ykdysady sferadaky strategiýasy ony mundan beýläk hem diwersifikasiýalaşdyrmaga gönükdirilendir. Şunuň bilen birlikde 2030-njy ýyla çenli milli ykdysadyýetiň möhüm sektory ozalkysy ýaly ýangyç-energetika toplumy bolup galar. Ol ýurda iri walýuta girdejileriniň gelmegini üpjün edýär, bu bolsa ykdysady ösüşiň ýokary depginlerini saklamagyň we ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmagyň esasy çeşmeleriniň biri bolup durýar.

Türkmenistanyň Prezidenti türkmen energiýa getirijilerini dünýä bazarlaryna çykarmak üçin halkara turbageçirijiler boýunça giň gerimli taslamalary öňe ilerledýär. Bu Türkmenistan-Hytaý, Türkmenistan-Owganystan-Päkistan-Hindistan, Hazarýaka we Hazarüsti gaz geçirijiler ýaly iri gaz geçiriji magistrallardyr.

Milli senagatyň ägirdi, iň häzirki zaman senagat kärhanasy bolan Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumyna (TNGIZT) goýlan uly maýa goýumlaryň netijesinde ol doly döwrebaplaşdyryldy we onda nebit-himiýa önümleriniň 40-a golaý görnüşi çykarylýar, bu önümler, esasan, daşarky bazarlarda ýerlenýär. Ýakyn geljekde Seýdi şäherinde ýerleşýän beýleki iri nebiti gaýtadan işleýän zawody tehnologik taýdan düýpli döwrebaplaşdyrmak meýilleşdirilýär.

Bu pudagyň dünýä bazarynyň konýunkturasy we onuň önüminiň bahalary bilen bagly bolan ýokary girdejiligi, şeýle hem amatly makroykdysady ýagdaý Türkmenistany daşary ýurtly maýa goýujylary üçin özüne çekiji ýurda öwürdi, olaryň ýurduň maýa goýumlaryndaky paýynyň möçberi soňky ýyllarda 20%-den gowrak boldy.

**Ýurduň himiýa we nebit-himiýa** toplumynyň düzümine dagmagdan-himiýa, esasy himiýa, plastmassa önümlerini öndürmek, durmuş himiýasy we tehniki uglerodyň önümçiligi ýaly pudaklar girýär. Ýurduň himiýa kärhanalary tarapyndan sintetiki ýuwujy serişdeler, natriý sulfaty, sintetik ammiak, ýod we başga önümler öndürilýär.

**Maşyn gurluşyk we metaly gaýtadan işleýän pudaklar** nebit-gaz çykaryjy, energetika pudaklary, suw hojalygy we milli ykdysadyýetiň beýleki pudaklary üçin zerur bolan önümi çykarýar.

Türkmenistanda häzirki zaman ýokary tehnologiýa enjamlar bilen üpjün edilen, eksporta gönükdirilen dokma senagaty döredildi. Türkmenistanyň dokma senagatynyň çalt depginler bilen ösmegi möhüm sosial meseleleri çözmekde uly rol oýnaýar. Bu pudagyň kärhanalarynyň aglabasy etraplarda gurlandyr. Bu bolsa welaýatlaryň ilatlarynyň iş bilen üpjünçiligini we olaryň girdejilerini ýokarlandyrmaga ýardam edýär.

Türkmenistanda dokma toplumlaryny gurmaga daşary ýurtly maýadarlary çekmek üçin amatly şertler döredildi. Ýurtda halyçylyk hem ösdürilýär. Halyçylyk sungatyny ösdürmekde we wagyz etmekde "Türkmenhaly" Döwlet paýdarlar korporasiýasy uly rol oýnaýar. Häzirki wagtda ähli welaýatlarda haly önümçilikleriniňgiň ulgamy guralypdyr. Ýurduň ykdysadyýetinde ýüpekçilik pudagyny we onuň esasynda ýüp kelepleýji önümçilikleri ösdürmäge hem uly üns berilýär.

**Oba hojalygy we agrosenagat toplumynyň (AST) gaýtadan işleýän pudaklary** Ýurduň AST-ny ösdürmegiň baş wezipeleri şu aşakdakylardyr: ilatyň ekologik taýdan arassa, ýokary hilli azyk önümlerine bolan hajatyny aňrybaş derejede kanagatlandyrmak, gaýtadan işleýän senagaty çig mal bilen üpjün etmek, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak we täze hojalyk gatnaşyklaryny kemala getirmek hem-de şu esasda ýurduň azyk howpsuzlygyny berkitmekdir.

Bu wezipeleri çözmek üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda oba hojalyk önümlerini öndürijiler üçin ýeňillikler göz öňünde tutulýar, olaryň hatarynda daýhan birleşiklerine maliýe goldawynyň berilmegini, ýer üçin ujypsyzja tölegiň alynmagyny, suw serişdeleriniň mugt ulanylmagyny, salgytlary tölemekden doly boşadylmagy, öz önümiňi eksport etmek mümkinçiliginiň berilmegini we beýleki ýeňillikleri görkezmek bolar. Mundan başga-da, Türkmenistanyň Hökümeti oba hojalyk önümlerini öndürijilere meýdanlaryň mehanizirlenen işläp bejerilmesi, dökünleriň satyn alynmagy we beýleki harajatlar üçin 50%-lik arzanlatma görnüşinde goldaw berýär. 2007-nji ýylda pagtanyň we bugdaýyň satyn alnyş bahalary ýokarlandyryldy. Bularyň ählisi oba hojalyk önümçiliginiň möçberleriniň artmagy üçin obýektiw şertler döredýär.

Oba hojalygynyň mehanizasiýasynyň derejesi hem ýokarlanýar. Döwlet tarapyndan öňdebaryjy oba hojalyk tehnikalarynyň mehanizirlenen işleriň oňyn agrotehniki möhletlerde geçirilmegini üpjün edýän möçberlerde satyn alynýar.

Agrosenagat toplumynyň pudaklarynyň gaýtadan işleýän kärhanalarynda täze kärhanalary gurmagyň we hereket edýänlerini dowrebaplaşdyrmagyň hasabyna önümiň çykarylyşynyň möçberleri artýar, olaryň görnüşsanawy giňelýär we hili ýokarlanýar. Kärhanalarda dünýäniň iň öňdebaryjy hil we howpsuzlyk standartlaryna laýyk gelýän täze tehnologiýalaryň we häzirki zaman enjamlarynyň barha giňden ulanylmagy muňa ýardam edýär. Gaýtadan işleýän senagaty ösdürmäge ykdysadyýetiň döwlete dahylly bolmadyk sektorynyň telekeçilik düzümleri has işjeň çekilýär. Şu maksatlar bilen döwlet tarapyndan kiçi we orta telekeçilige ählitaraplaýyn goldaw bermek, tehniki şertleri işläp düzmäge, kiçi sehleri gurmak üçin ygtyýarnamalaryň berilmegine ýardam etmek göz öňünde tutulýar.

1-nji tablisa

**Türkmenistanyň oba hojalygynyň esasy görkezijileri**[1]

| Görkezijiler | 2000 | 2007 | 2008 | 2009 | 2010 | 2011 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **Oba hojalygynyň jemi önümi, mln. manat** | 1574,2 | 6380,0 | 7158,3 | 8231,7 | 9855,8 | 10901,5 |
| şol sanda ösümlikçiligiň önümi | 623,0 | 2768,2 | 3133,9 | 3625,4 | 4531,6 | 4499,7 |
| maldarçylygyň önümi | 951,2 | 3611,8 | 4024,4 | 4606,3 | 5324,2 | 6401,8 |
| **Ekinleriň meýdany, hojalyklaryň ähli kategoriýalary, müň.ga** | 1483,7 | 1588,1 | 1596,6 | 1555,0 | 1561,0 | 1545,7 |
| **Däneli we däneli-kösükli ekinler** | 741,0 | 832,9 | 905,6 | 878,5 | 868,6 | 857,8 |
| şol sanda bugdaý | 741,0 | 832,9 | 905,6 | 878,5 | 868,6 | 857,8 |
| **Tehniki** | 627,1 | 659,1 | 582,0 | 567,0 | 565,9 | 571,9 |
| şol sanda gowaça | 619,0 | 642,7 | 570,4 | 548,2 | 550,2 | 556,4 |
| **Kartoşka** | 9,2 | 11,1 | 12,8 | 13,9 | 14,5 | 15,1 |
| **Gök önümler** | 16,8 | 21,8 | 22,3 | 27,1 | 26,5 | 29,3 |
| **Bakja ekinleri** | 8,0 | 8,9 | 11,1 | 14,4 | 13,1 | 15,6 |
| **Ot-iýmlik ekinler** | 62,6 | 21,5 | 26,8 | 24,4 | 34,8 | 28,6 |
| şol sanda köpýyllyk otlar | 41,1 | 11,5 | 11,9 | 9,2 | 19,7 | 14,1 |
| **Miweli-iýmişli ekinleriň meýdany** | 20,8 | 15,5 | 13,5 | 14,7 | 14,6 | 15,4 |
| **Üzümçilikleriň meýdany** | 25,8 | 22,0 | 20,2 | 20,5 | 20,6 | 20,5 |
| **Önümiň öndürilişi, müň t** | | | | | | |
| bugdaý | 1758,6 | 1085,9 | 1000,1 | 1411,1 | 1577,0 | 1310,7 |
| pagta | 1031,0 | 949,8 | 1001,8 | 966,2 | 1286,3 | 1096,5 |
| kartoşka | 88,7 | 246,5 | 210,2 | 246,7 | 248,6 | 251,5 |
| gök önümler | 346,6 | 634,5 | 620,2 | 653,4 | 674,5 | 690,0 |
| bakja ekinleri | 134,8 | 260,0 | 254,3 | 281,1 | 293,3 | 301,6 |
| miweler | 62,0 | 155,4 | 150,5 | 160,7 | 163,8 | 168,4 |
| üzüm | 194,6 | 337,0 | 221,5 | 273,8 | 280,9 | 290,8 |

[1] *"Türkmenistanyň statistika baradaky ýyllyk neşiriniň" maglumatlary boýunça. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti. Aşgabat. 2012 ý.*

2-nji tablisa.

**Türkmenistanyň maldarçylygy**

| Mallaryň we guşlaryň baş sany (1-nji ýanwardaky ýagdaý boýunça) müň baş | 2000 | 2007 | 2008 | 2009 | 2010 | 2011 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **Iri şahly mallar** | 1601,5 | 2157,7 | 2153,9 | 2174,6 | 2196,3 | 2216,5 |
| **şol sanda sygyrlar** | 738,2 | 1043,0 | 1020,0 | 1049,7 | 1069,9 | 1064,6 |
| **Goýunlar we geçiler** | 8834,8 | 18274,9 | 16361,2 | 16706,1 | 17042,1 | 17157,9 |
| **Düýeler** | 115,1 | 125,7 | 122,1 | 122,4 | 123,5 | 124,0 |
| **Atlar** | 27,3 | 26,4 | 24,7 | 24,6 | 24,9 | 25,5 |
| **Guşlar** | 5451,3 | 15595,9 | 15073,3 | 15888,1 | 16396,6 | 16875,3 |
| **Önümiň öndürilişi** | | | | | | |
| Et (malyň läşiniň agramy), müň t | 149,8 | 294 | 281 | 291,9 | 297,7 | 304,8 |
| Süýt, müň t | 989,4 | 2069 | 2065 | 2145,9 | 2182,9 | 2221,4 |
| Ýumurtga, müň t | 375,6 | 861 | 855,6 | 894,1 | 922,4 | 937,9 |
| Ýüň, müň t | 24,3 | 41 | 35,8 | 37,5 | 38,7 | 39,2 |
| Bal, tonna | 692,3 | 889,3 | 766,7 | 772,4 | 781 | 792,2 |

**Gurluşyk toplumy** Ýurduň jemi içerki önüminde gurluşygyň paýy 14%-e golaýdyr. Gurluşyk materiallarynyň senagat kärhanalarynda sement, gurluşyk aýnasy, diwar materiallary, magdan däl materiallar, keramzit we önümiň beýleki görnüşleri öndürilýär.

**Ulag we aragatnaşyk** Türkmenistan ýurduň tutuş ykdysadyýetiniň durnukly ösmegini üpjün edýän infrastrukturanyň möhüm pudagy hökmünde ulag-kommunikasion ulgamyň (demir ýollar we awtomobil ýollary, deňiz we derýa portlary turba geçiriji ulag) ösdürilmegine uly üns berýär.¬¬¬¬¬ 2011-nji ýylda ulagyň ähli görnüşleri bilen daşalan ýükleriň umumy möçberi 720922 müň tonna deň boldy.

**Demir ýol ulagy** Türkmenistan demir ýol ulagynyň işjeň ösdürýär. Häzirki wagtda Türkmenistanyň demir ýollarynyň uzynlygy 3100 kilometre golaýdyr. 16 ýylda ol 1200 kilometrden gowrak artdy.

Demir ýol ulagynyň özüne çekijiligi eksport-import edilýän we üstaşyr geçirilýän ýükleriň 80%-den gowragynyň ulagyň şu görnüşi bilen daşalýandygy bilen şertlendirilendir. Şonuň üçin soňky ýyllarda demir ýol ulgamyny ösdürmäge uly üns berilýär. 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende 2011-nji ýylda demir ýol ulagy bilen daşalýan ýükleriň mukdary 60%, gatnadylýan ýolagçylaryň mukdary bolsa 75% ýokarlandy. Täze demir ýol liniýalary guruldy, olaryň hatarynda: Tejen-Sarahs, Türkmenabat-

Atamyrat, Daşoguz-Köneürgenç şahalary. Aşgabat-Garagum-Daşoguz demir ýol liniýasynyň gurluşygy tamamlandy. Atamyrat şäheriniň golaýynda Amyderýanyň üstünden awtomobil köprüsi bilen utgaşdyrylan demir ýol köprüsi guruldy.

**Awiasion ulag** Häzirki wagtda her gün Türkmenistanyň howa giňişliginden daşary ýurt döwletleriniň onlarça howa gämileri uçup geçýär. Ähli welaýat merkezlerine we dünýäniň 11 ýurduna yzygiderli ýolagçy howa gatnawy, ýene-de birnäçe ýurtlara - çarter ýük daşamalarynyň gatnawlary ýola goýuldy. "Türkmenhowaýollary" Döwlet milli gullugy içerki gatnawlardan başga-da 13 ugur boýunça halkara gatnawlaryny amala aşyrýar. Milli gullugyň Ýewropanyň we Aziýanyň 11 döwletinde öz wekilhanalary bar.

**Deňiz ulagy.** Türkmenistanda deňiz ulagy hem ulys ösüşlere eýe boldy. Türkmenbaşy şäheriniň portunyň durky täzelenenden soň onuň geçiriş ukyby iki esseden gowrak artdy. Ol tutuş ýylyň dowamynda deňiz gämilerini kabul etmäge we gije-gündiziň dowamynda ýükleýiş-düşüriş işlerini amala aşyrmaga ukyply. 2000-nji ýyldan 2011-nji ýyla çenli döwürde deňiz ulagy bilen amala aşyrylýan ýük daşamalarynyň möçberi 7 esse golaý artdy, ýolagçylaryň gatnadylmasy bolsa 4 esse golaý ýokarlandy. Türkmenbaşy şäherinde deňiz portunyň durkuny düýpli täzelemek we häzirki zaman deňiz menzilini gurmak göz öňünde tutulýar.

**Awtomobil ulagy** döwletiň ykdysadyýetinde iň möhüm baglaýjy halka bolup durýar. Her ýyl awtomobil ulagy bilen 600 million tonnadan gowrak ýük daşalýar we 1 milliard ýolagçy gatnadylýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurtda awtoulag serişdeleriniň sany üç esseden gowrak artdy. Gaty örtükli, munisipal we ýerli ähmiýetli awtoýollaryň giňden şahalanýan ulgamy bar. Häzirki wagtda umumy uzynlygy 1,6 müň kilometre barabar bolan "Türkmenbaşy-Aşgabat-Mary- Türkmenabat" we "Aşgabat-Garagum-Daşoguz" ýaly esasy awtomagistrallary gurmak we olaryň durkuny täzelemek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar.

**Telekommunikasiýalar** Ýurtda telekommunikasion infrastruktura işjeň ösdürilýär - sanly awtomatiki telefon stansiýalarynyň durky täzelenýär, täze stansiýalar gurulýar we ulanyşa girizilýär, halkara kanallaryň ulgamy giňeldilýär, abonentleriň sany artýar, aragatnaşyk hyzmatlary ösýär. Häzirki wagtda 500 telefon belgi üçin niýetlenen stasionar ATS hereket edýär, şol sanda olaryň ýarysyndan gowragy - häzirki zaman sanly stansiýalardyr, öýjükli aragatnaşygyň «TM Cell» milli ulgamy ulanyşa girizildi, öýjükli aragatnaşygyň BCTI (MTS) bilelikde şereket hereket edýär. Öýjükli aragatnaşygyň stansiýalarynyň sygymlylygyny artdyrmak boýunça işler alnyp barylýar. "Türkmentelekom" Döwlet elektroaragatnaşyk kärhanasy tarapyndan ilatyň Global informasion ulgam Internete giriş üpjün edilýär. Häzirki wagtda täze enjamlary ulanyşa girizmegiň hasabyna Internetiň abonentleriniň sanyny artdyrmak boýunça işler alnyp barylýar.

**Maýa goýumlar** Esasy maýa maýa goýumlara şu aşakdakylar degişli: ähli görnüşdäki gurluşyk işleri üçin harajatlar; enjamy gurnamak boýunça harajatlar;

enjamlary satyn almak üçin; maşynlary we enjamlary satyn almak we ş.m. üçin harajatlar. Ykdysadyýetiň pudaklary boýunça maglumatlar diňe önümçilik maksatly desgalar boýunça görkezildi. Önümçilik däl sferanyň obýektlerine (ýaşaýyş jaý gurluşygy, jemagat, medeni-durmuş gurluşygy) goýlan düýpli maýa goýumlar esasy maýa maýa goýumlara goşulmady.

Agrosenagat toplumyndaky maýa goýum syýasaty bugdaýy öndürmek we gaýtadan işlemek bilen bir hatarda, pagtaçylygyň mundan beýläk hem ösdürilmegini, ýüňüň, deri çig malynyň taýýarlanmagyny we gaýtadan işlenmegini göz öňünde tutýar. Ilarti tutulýan ugurlaryň hatarynda - bugdaýyň öndürilişini artdyrmak we ony gaýtadan işlemegiň ýokary tehnologiýaly ulgamyny, hususan-da, degirmen we un üweýän toplumlary döretmek, ýokary hilli azyk harytlaryny öndürmek we içerki sarp ediş bazaryny olar bilen doldurmak.

Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek hem-de daýhan hojalyklaryny berkitmek maskady bilen amaly çäreler görülýär. Şu jähtden "Türkmenistanda kiçi we orta telekeçilige goldaw bermegiň 2011-2015-nji ýyllar üçin döwlet maksatnamasynyň" ähmiýetini bellemek gerek. Bu ugurdaky nobatdaky möhüm ädim Türkmenistanyň Prezidenti tarapydnan "Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakyndaky" Kararyň gol çekilmegi boldy. Şu resminama laýyklykda döwletiň ykdysadyýetiniň hususy sektorynyň wekillerine önümlerini öndürmek we hyzmatlary etmek bilen bagly maýa goýum taslamalary üçin 10 ýyla çenli möhletde ýyllyk 5%, şeýle hem dolanyşyk serişdelerini almak üçin 1 ýyla çenli möhletde ýeňillikli karzlar berilýär.

**Ilat** Şäher ilatynyň (50.8%) we oba ilatynyň (49.2%) sany, takmynan deňräk. Ýaş toparlary boýunça ýurduň ilaty şu aşakdaky ýaly bölünýär:

- zähmete ukyply ýaşa ýetmedik – 29.4%;
- zähmete ukyply ilat (erkekler 16-61 ýaş, zenanlar 16-56 ýaş) – 64.3%;
- zähmete ukyply ýaşdan geçen – 6.3%.

3-nji tablisa

**2007-2011-nji ýyllarda ortaça esasy maýa maýa goýumlaryň düzümi, mln. manat**







*Maglumatlaryw çeşmesi: Bütindünýä Saglygy goraýyş Guramasy (BSGG). http://dibit.ru/statistics/who/tkm/population.html*

### *3.2. Sosial ösüş we durmuş derejesi*

Garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden Türkmenistan bazar ykdysadyýetiniň sosial gönükmeli modelini işläp düzmäge girişdi. Bazara ilerletmegiň her bir tapgyry baha ýeňillikleriniň, kömek pullarynyň, ýörite kömekleriň we beýleki sosial çäreleriň

kömegi bilen jemgyýetiň has gowşak gatlaklaryny durmuş taýdan goramagyň çäreleri bilen utgaşykly amala aşyryldy.

Häzirki wagtda Türkmenistanda birnäçe azyk harytlarynyň, ýangyç-energetika toplumynyň önümleriniň, ulag we aragatnaşyk hyzmatlarynyň, kommunal hyzmatlaryň, ýerli gurluşyk materiallarynyň we ilat üçin käbir beýleki önümleriň bahasy we nyrhnamalary döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýär. Şunda olaryň bir bölegi ilata ýeňillikli bahalarda ýerlenýär, ýagny goşmaça kömekler we ýardamlar berilýär. Döwlet içerki nyrh emele getiriş prosesine täsir etmek bilen, esasy harytlaryň we hyzmatlaryň bahasynyň elýeterli bolmagyny üpjün edýär, bu bolsa ilatyň hakyky girdejilerini artdyrýar we olaryň alyjylyk ukybyny üpjün edýär.

Ykdysady ösüş, sarp edijilik bahalarynyň durnuklaşmagy diňe soňky onýyllykda ilatyň hakyky girdejileriniň 6 esseden gowrak artmagyny üpjün etdi. Garaşsyzlyk ýyllarynda ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini saklamak maksady bilen aýlyk haklarynyň, pensiýalaryň, kömek pullarynyň, talyp haklarynyň möçberi yzygiderli köpeldilýär.

Türkmenistanda girdeji salgydynyň goýumlary pesdir, bu bolsa ilatyň girdejilerini düýpli artdyrýar we sosial durnuklylygy üpjün edýär. Türkmenistanda girdeji salgydynyň ýeke-täk goýumy indiwidual jemi girdejiniň 10%-ine deň, şol bir wagtyň özünde Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasyna (YHÖG) agza döwletleriň aglabasynda bu görkeziji 40% we ondan hem ýokarydyr. Mundan başga-da, eklenjinde girdeji çeşmesi bolmadyk adamlar durýan şahslar salgyt ýeňilliklerinden peýdalanýarlar. Oba ilaty salgytlaryň ähli görnüşinden diýen ýaly boşadylandyr. Bu belli bir derejede oba we şäher ilatynyň girdejileriniň deňeçerligini üpjün edýär.

Gazyň, elektrik energiýasynyň we suwuň mugt berilmegi, munisipal ýaşaýyş jaýy üçin öý töleginiň döwlet ýardamlary, hususy jaýa salgydyň bolmazlygy netijesinde Türkmenistanda öý hojalyklarynyň pul çykdajylarynyň umumy möçberinden ýaşaýyş jaý-kommunal hyzmatlary üçin edilýän harajatlar bary-ýogy 0,1%-e deň (dünýäniň aglaba ýurtlarynda bu görkeziji 30%-den hem köpdür).

Ýurduň durmuş-ykdysady abadançylygyň we ösüşiniň görkezijileriniň biri ilatyň ömrüniň ortaça dowamlylygy bolup durýar. 1991-2006-njy ýyllar içinde Türkmenistanyň ilatynyň ömrüniň ortaça dowamlylygy 65,8 ýaşdan 69,4 ýaşa çenli ýa-da 3,6 ýaş artdy.

Türkmenistanyň ilatyny ipoteka karzlaşdyrmasy boýunça görülýän çäreleriň netijesinde örän amatly şertlerde ýokary amatlykly we otaglarynyň ýerleşdirilişi gowulandyrylýan öýleriň eýeleri bolýan ortaça girdejili maşgalalaryň sany ýylsaýyn artýar. Ýokary amatlykly jaýlary satyn almak üçin raýatlara ýaşaýyş jaýy satyn alnanda olaryň bahasynyň bir bölegini tölemek üçin maksatly ýeňillikli bank karzlary berilýär. 2008-nji ýyldan başlap uzak möhletli karzy üzmegiň möhleti 15 ýyldan 30 ýyla çenli uzaldyldy, şunda 1%-e deň bolan ýyllyk goýum we esasy bergini üzmegiň möhletini bäş ýyl yza süýşürmek saklanyp galdy.

2011-nji ýyldan ýaş maşgalalara ygtyýarlandyrylan banklar resmi taýdan hasaba alnan ýaş çatynjalaryň ýüzlenmesi esasynda olary ýyllyk goýumy 1% we esasy bergini üzmekde 5 ýyla çenli ýeňillik berlen ýaşaýyş jaýyny (öýüni) doly bahada satyn almak üçin otuz ýyllyk möhletde gozgalmaýan emläk üçin karzlar bilen üpjün etmäge borçly.

### *3.3. Türkmenistanyň çäginde çölleşme hadysalarynyň öňüni almaga gönükdirilen çäreleriň amala aşyrylyşyna durmuş-ykdysady taýdan baha bermek*

**Çölleşmäniň sebäpleri** Territoriýanyň çölleşmesi dürli sebäpler netijesinde döräp biler, olaryň esasylary hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- howanyň üýtgemegi (temperaturanyň ýokarlanmagy, ygallaryň azalmagy, derýalaryň akymynyň möçberiniň we gidrografynyň üýtgemegi);
- antropogen faktorlar - çendenaşa köp mal bakmak, agaç-gyrymsy agaç ösümliklerini çapmak, gurluşyk we gözleg işleri, senagat toplumlary we artykmaç suwarma, gazylyp alynýan peýdaly magdanlary gözlemek we nebit we gaz çykaryjy toplumlary gurmak, kanallary, ýollary, ilatly nokatlary gurmak, guramaçylyksyz syýahatçylyk, ýabany ösýän ösümlikleriň gözegçiliksiz ýygnalmagy. Suw-ýer serişdeleriniň rejesiz we netijesiz ulanylmagy tebigatda özara baglanyşyklaryň bozulmagynyň we suwarymly meýdanyň biologik önümliliginiň peselmeginiň sebäbi bolup durýar. Agrotehniki, gidrotehniki we melioratiw çäreleriň bozulmagy, suwaryş we gidrotehniki desgalar gurlanda tebigy şertleriň aýratynlyklarynyň hasaba alynmazlygy zolagyň suw we duz režimindäki sazlaşygyň bozulmagyna sebäp bolýar. Çölleşmäniň alamaty şorlaşmagynyň ýokarlanmagy bolup durýar, ol topraklaryň ýaramazlaşmagyna getirýär (sürüm gorizontynyň düzüminiň bozulmagy, artykmaç suwlulandyrma, toprak ergininiň toplanmasynyň artmagy, organiki-mineral dökünleriň netijesizligi). Zeýaka-zeýkeş ulgamynyň degişli derejede üpjün edilmezligi minerallaşdyrylan ýerasty suwlaryň derejesiniň çalt ýokarlanmagyna we topraklaryň batgalaşmagyna getirýär.

Durmuş-ykdysady baha bermekde örän möhüm ýagdaý zyýany hasaplamak we onuň ululygyny onuň öňüni almak boýunça harajatlar bilen deňeşdirmek bolup durýar. Zyýan hasaplananda şu aşakdakylar hasaba alynýar:

gozgalmaýan emläge we emläge ýetirilen **göni zyýan**; adamlaryň saglygyna ýetirilen zyýan; ykdysadyýetiň ähli düzümleriniň ýitgileri we çeken zyýanlary (oba hojalyk we senagat kärhanalarynyň we ş.m. girdejisiniň ýitgileri);

**Gytaklaýyn zyýanyň** kategoriýasyna ugurdaş pudaklaryň çekýän ykdysady ýitgilerini degişli etmek zerur. Mysal hökmünde pagta çig malynyň ýeterlik alynmazlygy sebäpli diňe bir oba hojalyk önümini öndürijileriň däl, eýsem pagta arassalaýjy (pagta süýüminiň ýitgileri), dokma (ýüplükler we matalar), ýeňil (nah matalardan edilen önümler), azyk senagatynyň (çigit ýag) we ş.m. ýitgi çekýän ýagdaýyny görkezmek bolar. Öri meýdanlaryň ýaramazlaşmagy etiniň, ýüňüniň, karaköli baganalaryň alnyşynyň peselmegine getirýär, bu bolsa bu önümleri gaýtadan

işleýän pudaklarda girdejileriň azalmagyna sebäp bolar. Hünärmenleriň berýän bahasy boýunça gytaklaýyn ýitgi göni ykdysady zyýanyň azyndan 30%-ine deňdir.

Zyýanyň ähli görnüşlerini hasaba almagyň örän kyndygy sebäpli **hasaba alynmadyk ýitginiň** kategoriýasy tapawutlandyrylýar, onuň möçberi göni ykdysady ýitginiň 5%-ine golaýdyr.

Zyýanyň dürli görnüşlerine (ykdysady, sosial, ekologik) garamak bilen, olaryň käbirine pulda baha berip bolýandygyny, käbirlerine bolsa baha berip bolmaýandygyny bellemek zerur. Mysal üçin, öri meýdanlaryň ýaramazlaşmagynyň netijesinde öri meýdanlaryň sygymlylygynyň peselmegi zerarly ýitirilen girdejileri we olary dikeltmek üçin zerur bolan harajatlary uly takyklykda kesgitläp bolýar. Şol bir wagtyň özünde, mysal üçin, gaýtadan işleýän kärhanalara önümleri tabşyrmakda ýol berlen bökdençlikler sebäpli işewürlik bazarynda abraýyň ýitirilmegine baha berip bolmaýar.

Öri meýdanlarda maldarçylyk önümleriniň ýitgilerine şu aşakdaky ýaly baha berip bolýar. Tebigy ot-iýmlik gorunyň tükelleýşiniň maglumatlary boýunça her ýylda ýurduň çäginde öri meýdanlaryň 30000 ga golaýy göni oba hojalyk dolanyşygyndan çykýar. Türkmenistanyň öri meýdanlarynyň ortaça ot-iýmlik önümliligini 1,08 s/ga diýip kabul etseň, öri meýdanlaryň ýaramazlaşmagy zerarly her ýylky girdejiler 32400 s deňdir. Bir goýun üçin ot-iýmiň ýyllyk kadasy 8.1 s barabar bolsa, mallaryň baş sanynyň her ýylky ýitgileri 4000-e deň bolar[2].

Hasaplamalaryň görkezişi ýaly, şunda girdejiniň **her ýylky ýitgileri** 1 120 müň manada (393 müň doll.), gytaklaýyn we hasaba alynmadyk zyýanyň goşmak bilen bu görkeziji 570 müň dollara deň bolup biler. Soňky ýyllarda öri meýdanlaryň ýaramazlaşmagy sebäpli ýetirilýän zyýanyň möçberi artar.

Türkmenistanyň suwarylmy meýdany 1.8 mln. ga golaý, olaryň 96%-i diýen ýaly ol ýa-da beýleki derejede şorlaşandyr: gowşak şorlaşan – 28%; ortaça şorlaşan –57; güýçli şorlaşan –11 we şorlaşmadyk– 4%[3].

Şundan ugur alyp, doly alynmadyk girdeji boýunça suwarymly ýerleriň şorlaşamagyndan ýetirilen zyýan hasaplandy. Gowşak şorlaşan ýerlerde girdejiniň ýitgileriniň 15%-e golaý, ortaça şorlaşan ýerlerde - 30% we güýçli şorlaşan ýerlerde 50% we ondan hem köp bolýandygy mälimdir.

1 ga girdejiniň ortaça ululygy 700 manat diýip hasap etseň, zyýanyň umumy möçberi 337 680 müň manada (118 484 müň dollara) barabar bolar: gowşak şorlaşan ýerler boýunça – 52 920 müň manat; ortaça şorlaşan ýerler boýunça – 215 460 müň manat; güýçli şorlaşan ýerler boýunça – 69 300 müň manat.

Gytaklaýyn we hasaba alynmadyk zyýany goşmak bilen bu görkeziji 171 802 müň dollara deň bolar.

"Türkmenistanda Çölleşmäge garşy göreşmek boýunça hereketleriň milli

[2] Türkmenistanda Çölleşmäge garşy göreşmek boýunça hereketleriň milli maksatnamasy. Aşgabat. 1996. – BMG-niň daşky gurşaw boýunça Maksatnamasy (ÝUNEP).

[3] Türkmenistanyň daşky gurşawynyň ýagdaýy. Aşgabat. 2008. – BMG-niň daşky gurşaw boýunça Maksatnamasy (ÝUNEP)

maksatnamasynyň" maglumatlaryna laýyklykda (Aşgabat. 1996), çölleşmäge garşy göreşmek maksatnamasy boýunça harajatlar şu aşakdaka deň bolar:

- ýaramazlaşan suwarymly ýerleri dikeltmek üçin – 64 728 müň dollar;
- ýaramazlaşan öri meýdanlary dikeltmek üçin – 156 780 müň dollar;
- tokaýlary dikeltmek üçin – 769 müň dollar;

Soňky ýyllarda diňe bir antropogen täsir bilen däl, eýsem howanyň üýtgemegi bilen bagly bolan çölleşme zerarly ýurduň ilatyna duýulýan sosial zyýany hem aýratyn bellemek zerur. Bu zyýan şu aşakdakylarda ýüze çykýar:

- suwarymly ýerleriň we öri meýdanlaryň önümliliginiň peselmegi sebäpli ýerli ilatyň girdejileriniň azalmagy;
- iş orunlarynyň ýitirilmek howpy;
- howanyň üýtgemeginiň ilatyň saglygyna ýetirýän täsiriniň güýçlenmegi we ş.m.

Bu zyýany pulda aňlatmagyň örän çetindigine garamazdan, onuň ähmiýeti örän möhüm we derwaýysdyr.




***3.4. Çölleşme hadysalaryna garşy göreşmek jähtinden howanyň üýtgemegi boýunça milli strategiýa***

"Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň milli strategiýasynyň" (2012-nji ýylyň 15-nji iýuny) maglumatlary boýunça soňky onýyllykda howanyň üýtgemegi we onuň daşky gurşawa, ykdsadyýete we jemgyýete ýetirýän täsiri halkara bileleşiginiň iň derwaýys global meseleleriniň birine öwrüldi. Howanyň global üýtgemeleri adamyň hojalyk işiniň netijesinde atmosferada parnik gazlarynyň toplanmasynyň çalt artmagy bilen baglydyr. Eýýäm häzirki wagtda Merkezi Aziýa sebitinde howanyň üýtgemeginiň netijelerine, şol sanda gurakçylyklaryň we suw almalaryň artmagyna, buzluklaryň eremegine, ygallaryň düşmesiniň ýygylygynda we mukdarynda

üýtgeşmelere gözegçilik edilýär. Jöwzaly yssy döwürleriň sany artýar.

Bu resminamada howanyň üýtgemegi babatda ykdysadyýetiň pudaklaryna we jemgyýete ýetirilýän täsiri gowşatjak uýgunlaşyş çärelerini işläp düzmegiň we ornaşdyrmagyň möhümdigi bellenýär.

Türkmenistanda maýlama çalt depginler bilen bolup geçýär. Ýurduň territoriýasynda howanyň ortaça ýyllyk temperaturasy bir onýyllykda 0,18-0,2°C artýar[4].

Soňky 55 ýylda ýurduň tutuş territoriýasynda işjeň maýlama gözegçilik edilýär. Şu döwürde temperaturanyň ýokarlanmasy 1,4°C deň boldy, şunda global derejede temperatura soňky 100 ýylda ortaça 0,74°C ýokarlandy. Temperaturanyň 2°C has uly artmasyna gyş paslynda gözegçilik edildi. Şu ýyllarda ygallaryň mukdary, aýratynda, ýaz aýlary birneme artdy, tomusda ygallar örän az düşýär.

Türkmenistanyň derýalarynyň -Amyderýanyň, Murgap, Tejen, Etrek derýalarynyň we beýleki ownuk derýajyklaryň akymy dolulygyna diýen ýaly goňşy döwletleriň çäginde emele gelýär. Şonuň üçin elýeterli suw serişdeleriniň möçberi diňe bir bu derýalaryň tebigy suwlulygy bilen däl-de, suwuň akymyny paýlamak hakyndaky halkara ylalaşyklary bilen kesgitlenýär. Ýurduň suw serişdeleriniň ählisiniň 90%-ine golaýyny üpjün edýän Amyderýanyň akymy soňky ýyllarda üýtgemeýär diýen ýaly.

Türkmenistanyň çäginde ýurduň durmuş-ykdysady taýdan ösmegi üçin has uly howp döredýän şu aşakdaky tebigy gidrometeorologik hadysalara gözegçilik edilýär: suw almalar we sil akymlary, güýçli ýeller, tozanly tupanlar, guraklyklar, epgekler, doňaklyklar, güýçli ýagyşlar, güýçli yssy, köp ýagýan garlar we doly. 1996-2005-nji ýyllarda uly maddy ýitgilere getiren suw almalaryň we sil akymlaryň 30-a golaýyna gözegçilik edildi. Güýçli ýelleriň gaýtalanjylygy ýylda ortaça 120 gezekden gowrak bolýar, güýçli yssy - 50-ä golaý gezek gaýtalanýar. 1986-1995-nji ýyllar bilen deňeşdirilende suw almalaryň, sil akymlarynyň we güýçli ýagyşlaryň sanynyň artmak tendensiýasy bar.

Türkmenistan, esasan, oba hojalygynyň, suw serişdeleriniň ulgamynda, ilatyň saglygy we tebigy ekologik ulgamlar boýunça howanyň üýtgemeginiň ýaramaz netijelerine has ýakyn durýan ýurtlara degişlidir. Ösýän ykdysadyýetli ýurt hökmünde Türkmenistan howanyň üýtgemeginiň meselerine uly ähmiýet berýär. Howanyň üýtgemeginiň meselelerini gyssagly çözmegiň meselerine düşünmek bilen, we durnukly ykdysady ösüşi we milli hem-de halkara derejelerde daşky gurşawyň goralmasyny hasaba almak bilen, Türkmenistan howanyň üýtgemegine garşy göreşmek boýunça Türkmenistany 2011-2030-njy ýyllar içinde durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň amala aşyrmagyň jähtinden we serişde tygşytlaýjy hem-de ekologik taýdan arassa jemgyýeti we innowasiýalara gönükdirilen ykdysadyýeti çalt depginler bilen döretmek bilen utgaşyklykda ähli mümkin bolan çäreleri görýär. Ykdysady ösüşi esasy maksat hökmünde kabul etmek

[4] Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň Milli strategiýasy (2012-nji ýylyň 15-nji iýuny)

bilen, Türkmenistan energetikanyň düzümini gowulandyrmak, daşky gurşawy we ekologik ulgamlary goramak we dikeltmek meselelerine aýratyn üns berýär. Ylmyň ösdürilmegine we täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna ýardam etmek bilen, Türkmenistan parnik gazlaryň zyňyndylaryny çäklendirmäge we ýurduň howanyň üýtgemegine seslenmek mümkinçiliklerini gowulandyrmaga çalyşýar.

Türkmenistan howanyň üýtgemeginiň meselesini çözmek we BMG-niň HÜÇK-niň we Kioto teswirnamasynyň düzgünlerini ýerine ýetirmek üçin halkara tagallalaryna we halkara hyzmatdaşlygyna işjeň gatnaşýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň howanyň üýtgemeginiň meselelerini çözmek işine gatnaşmaga ygrarlydygyny birnäçe gezek belläpdi. BMG-niň Baş assambleýasynyň 2007-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda Nýu-Ýork şäherinde geçirilen 62-nji mejlisinde eden çykyşynda ol şeýle belledi: "Kioto teswirnamasynyň maksatlaryna berk ygrarlydyrys we onuň düzgünlerini amala aşyrmak işinde ähli halkara hyzmatdaşlar bilen hyzmatdaşlyk etmäge taýýardyrys".

Milli strategiýada şeýle bellenýär: "howanyň üýtgemeginiň ýaramaz netijeleri bilen baglylykda geljekki ykdysady harajatlary azaltmak, durmuş-ykdysady ösüşiň durnuklylygyny ýokarlandyrmak üçin Türkmenistan parnik gazlarynyň zyňyndylaryny çäklendirmek we gözegçilik edilýän hem-de çaklanylýan howanyň üýtgemelerine upgunlaşmak boýunça mundan beýläk hem çäreleri görmegini dowam eder".

Howanyň üýtgemeginiň meselelerini çözmek üçin strategiýa şu aşakdaky ýörelgelere eýerýär:

- Howanyň üýtgemeginiň meselelerini çözmek ýurduň ykdysadyýetini durnukly ösdürmäge ýardam etmeli.
- Howanyň üýtgemeginiň meselelerini çözmek toplumlaýyn çemeleşmäniň esasynda amala aşyrylýar: parnik gazlarynyň zyňyndylaryny çäklendirmek boýunça çäreler uýgunlaşmak boýunça çäreler bilen sazlaşykly bolar.
- - BMG-niň HÜÇK we Kioto teswirnamasy we Taraplaryň konferensiýasynyň BMG-niň HÜÇK we Kioto teswirnamasy boýunça karary howanyň üýtgemegine garşy göreşmek boýunça halkara hyzmatdaşlygy üçin hukuk binýadyny emele getirýär we halkara bileleşiginiň umumy garaýşyny şöhlelendirýär.
- Innowasion tehnologiýalaryň ilerledilmegi, tehnologiýalaryň geçirilmegi, ylmy-tehniki ösüş howanyň üýtgemeginiň meselesini çözmek üçin esas bolup durýar.
- Howanyň üýtgemegine garşy göreşmek tutuş jemgyýetiň bilelikdäki tagallalaryny talap eder.

Milli barlaglara laýyklykda Türkmenistanyň çäginde howanyň mundan beýläk hem maýlamagyna: howanyň temperaturasynyň ýokarlanmagyna we ygallaryň mukdarynyň azalmagyna, şeýle hem tebigy gidrometeorologik hadysalaryň sanynyň we güýjüniň artmagyna garaşylýar.

2040-njy ýyla çenli Türkmenistanyň tutuş çäginde atmosfera howasynyň temperaturasynyň, takmynan, 2°C ýokarlanmagy çaklanýar. Temperaturanyň üýtgeýşiniň depginleri 2040-njy ýyldan soň has intensiw bolar. Hasaplamaryň görkezişi ýaly, 2100-nji ýyla çenli temperaturanyň ýokarlanmasy 2-3°C-dan 6-7°C çenli bolar. Temperaturanyň şeýle düýpli üýtgemegi, esasan, durmuş-ykdysadyulgamyň dürli sektorlaryna ýaramaz täsir eder.

2020-nji ýyla çenli ygallaryň mukdarynyň birneme artmagyna, soňra bolsa birden azalmagyna garaşylýar. Ygallaryň mukdarynyň azalşynyň depginleri 2040-nji ýyldan soň has gowy bildirer, 2100-nji ýyla çenli bolsa ygallaryň mukdary 8%-den 17%-e çenli azalar.

Özbegistanyň Gidrometeorologik merkeziniň çaklamalaryna görä, Türkmenistanyň ýerüsti suwlarynyň esasy çeşmesi bolan Amyderýanyň akymy 2050-nji ýyla çenli 10-15% azalar, Türkmenistanyň kiçi derýalarynyň - Murgap, Tejen we Etrek derýalarynyň akymy 2030-njy ýyla çenli 5-8% azalar. Şunda ýerli derýalaryň akymynyň wegetasion döwürde 30%-e çenli azalmak mümkinçiligi örän möhüm bolup durýar.

Howanyň üýtgemegi boýunça Hökümetara bilermenler toparynyň netijenamasy boýunça howanyň çaklanylýan üýtgemegi gije-gündiziň we aýyň dowamynda howanyň temperaturasynyň, basyşyň, çyglylygyň üýtgeýjiliginiň ýokarlanmagyna; sebitleýin we ýerli gerimde tebigy hadysalaryň - guraklygyň, suw almalaryň we sil akymlarynyň, tozanly tupanlaryň we ş.m. ýygylygynyň we güýjüniň artmagyna getirer.

Türkmenistanda howanyň üýtgemegi bilen suw almalaryň we silleriň (ýylda 10%), şeýle hem güýçli ýagyşlaryň (ýylda 5%) we güýçli yssy bolýan döwürleriň (ýylda 1,6%) sany artar.

Howanyň çaklanylýan üýtgemeleri geljekde ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň köp taraplaryna, hususan-da, suw hojalygyna, oba hojalygyna, saglygy goraýşa düýpli täsir eder. Howanyň üýtgemeginiň ýaramaz netijeleri florada, faunada we tokaýlarda, toprak we ýer serişdelerinde duýular.

Ykdysadyýetiň pudaklarynyň ösmegi we ilatyň sanynyň artmagy geljekde suwuň sarp edilişiniň ýokarlanmagyna getirer, onuň gorlary bolsa Türkmenistanda onçakly uly däl. Howanyň üýtgemeginiň netijeleri suwuň ýetmezçilik etmegi we hiliniň peselmegi bolar, bu bolsa, öz nobatynda, beýleki sektorlaryň işinde, ilkinji nobatda, oba hojalygyna we ilatyň saglygyna täsir eder.

Türkmenistanyň ykdysadyýetinde oba hojalyk önümçiligi howanyň mümkin bolan üýtgemelerine uly derejede baglydyr. Guraklygyň ýygylygynyň we gaýtalanyjylygynyň artmagy we birnäçe sebitleriň çäklerinde gurakçylygyň ýokarlanmagynyň netijesinde hasylyň peselmek ähtimallygynyň güýçlenmegi pudagyň öndürijiligine düýpli täsir eder. Suwaryş suwunyň ýetmezçilik etmegi netijesinde topraklaryň intensiw şorlaşmagy we eroziýalaşmagy, tebigy öri meýdanlaryň azalmagy we ýaramazlaşmagy

görnüşinde suwarymly ýerleriň ýaramazlaşmagy güýçlener. Öri meýdanlaryň öndürijiliginiň peselmegi maldarçylyk pudagynyň işiniň netijeliliginiň peselmegine getirer.

Howanyň üýtgemeginiň has hem ýaramaz netijesi adamlaryň saglygynda duýular, sebäbi daşky gurşawyň temperaturasy ýokarlananda gün urmak howpy artýar. Bu yssy günlerde adamyň saglygynyň ýaramazlaşmagynyň esasy ýüze çykmalary ýürek-damar ulgamynyň we dem alyş agzalarynyň, böwregiň, nerw ulgamynyň keselleri, süýji kesel we garaguş keseli bolar.

Howa ýetirilýän täsiri peseltmek üçin Strategiýa Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiň depginlerine zeper ýetirmezden parnik gazlarynyň zyňyndylarynyň iň az görkezijileri gazanylan ykdysadyýete yzygiderli geçmek boýunça syýasatynyň ugurlaryny kesgitleýär. Energiýa netijeliligi we energiýa tygşytlamak, tebigy gazy we nebit önümlerini rejeli ulanmak hem-de energiýanyň alternatiw çeşmeleriniň ulanylmasyny artdyrmak parnik gazlarynyň zyňyndylaryny çäklendirmek boýunça syýasatyň ileri tutulýan ugurlary bolup durýar.

Şeýle syýasaty amala aşyrmak üçin ykdysadyýetiň esasy pudaklarynda - senagatda, ulagda we ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygynda parnik gazlarynyň zyňyndylaryny çäklendirmek boýunça gurallar we çäreler ulanylar, olar bir wagtda tutuşlygyna alnanda ykdysadyýetiň ösüşiniň ýokary depginleri saklamaga ukyplydyr.

Türkmenistanyň tebigy-howa şertleri elektrik eenrgiýasy, bioýangyç, ýylylyk we sowuklyk öndürilende gün, ýel, geotermal energiýa we biomassanyň energiýasy ýaly energiýanyň alternatiw çeşmelerini giňden ulanmak üçin örän amatlydyr.

Ýurduň energobalansynda energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmeleriniň roluny artdyrmak we alternatiw energetikany ösdürmek maksady bilen şu aşakdaky çäreler amala aşyrylar:

- gaýtadan dikeldilýän we alternatiw energetikanyň ylmy-barlag işläp taýýarlamalaryny we tehnologiýalaryň synaglaryny mundan beýläk hem dowam etmek, şeýle hem olary Türkmenistanyň howa şertlerine uýgunlaşdyrmak;
- ýakyn geljekde çet we az ilatly nokatlarda gaýtadan dikeldilýän we alternatiw energetikanyň kiçi we orta abzallaryny ornaşdyrmak;
- orta we uzak möhletli geljekde öz hususy önümçilik kuwwatlyklaryň ornaşdyrmak we ýurduň energetiki balansynda gaýtadan dikeldilýän energetikanyň paýyny artdyrmak;
- energiýanyň alternatiw çeşmelerini ulanmak üçin ykdysady höweslendirmeleri döretmek.

Türkmenistanda howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak üçin ileri tutulýan sektorlar şu aşakdakylardyr: ilatyň saglygy, oba we suw hojalygy, Hazar deňziniň kenarýaka zolagy, tebigy ekoulgamlar: flora, fauna, tokaýlar, toprak we ýer serişdeleri.

Suw hojalygynyň howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak üçin ilkinji nobatdaky wezipeleri şu aşakdakylardyr: suw serişdeleriniň dolandyrylyşyny kämilleşdirmek,

suwarmanyň, suwy süýjetmäniň öňdebaryjy usullaryny ornaşdyrmak, suw howdanlaryny gurmak we gidrotehniki desgalaryň durkuny täzelemek, suwuň rejeli sarp edilmegi üçin höweslendirme usullaryny ösdürmek, Altyn Asyr Türkmen kölüniň gurluşygyny dowam etmek, serhetüsti suw desgalaryny gorap saklamak we ulanmak ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyny berkitmek.

Oba hojalygynda uýgunlaşma çäreleriniň toplumyna şu aşakdakylar goşuldy: oba hojalyk önümçiliginiň ýerleşdirilişini oňynlaşdyrmak; oba hojalyk önümçiligini ýöriteleşdirmek; guraklyga we duzlulyga çydamly ekinlerini ösdürip ýetişdirmek boýunça seçgiçilik işini geçirmek; fitomelioratiw işleri geçirmek; öri meýdan dolanyşygyny ýöretmek we pugta berjaý etmek, iýmlik agaç-gyrymsy agaç ösümliklerinden öri meýdanlaryň gorag zolagyny döretmek; öri meýdan maldarçylygyny ösdürmek; ýylda birnäçe hasyl almak üçin usullary we tejribeleri ornaşdyrmak.

Toprak we ýer serişdelerini howanyň üýtgemegine uýgunlaşdyrmak üçin şu aşakdaky wezipeleri çözmek gerek: parnik gazlarynyň esasy siňdirijisi bolan öri meýdanlaryň ýaramazlaşmagynyň öňüni almak üçin "Öri meýdanlar hakyndaky" kanuny kabul etmek; toprak we ýer serişdeleriniň jikme-jik tükelleýşini geçirmek; topraklaryň şorlaşmagyna, öri meýdanlaryň ýaramazlaşmagyna we territoriýalaryň çölleşmegine garşy göreşmek; topragyň önümli gatlagyny bozýan gurulýan inženerlik desgalaryna gözegçilik etmek; ulanylýan ýerleri melioratiw taýdan gowulandyrmak boýunça çäreleri amala aşyrmak; ekerançylygyň medeniýetini ýokarlandyrmak.

Ekoulgamlaryň we tokaý hojalygynyň howanyň üýtgemegine durnuklylygyny ýokarlandyrmak boýunça öňüni alyş çärelerini geçirmek üçin şu aşakdaky wezipeleri çözmek gerek: Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasyny amala aşyrmak, şol sanda tokaýlary hasaba almagyň ulgamyny kämilleşdirmek; ykdysady taýdan höweslendirmek mehanizmlerini kämilleşdirmek; önümçilik prosesleri tebigy ekoulgamlaryň funksiýalaryny saklar ýaly ykdysady sektoryň işine bioköpdürlüligi dolandyrmak boýunça maksatlary ornaşdyrmak; aýratyn goralýan tebigy ýerleriň (AGTÝ) ulgamynda reformalary geçirmek, olaryň umumy meýdanyny artdyrmak, milli seýilgähleri döretmek we maliýeleşdirmäniň alternatiw durnukly mehanizmlerini ornaşdyrmak arkaly AGTÝ-nyň ykdysady kuwwatyny ýokarlandyrmak; ykdysadyýetiň ýangyç-energetika toplumy, ulag, gurluşyk we ş.m. ýaly esasy we potensial ýaramaz täsir edýän sektorlaryna ekoulgamlaryň durnuklylygyny ýokarlandyrmagyň, ýer we suw serişdelerini rejeli ulanmagyň ýörelgelerini ornaşdyrmak; tokaýlaryň meýdanyny giňeltmäge gönükdirilen hukuk, ykdysady we guramaçylyk-tehniki çäreleri görmek.

### *3.5. Türkmenistanyň ýer serişdelerine baha bermek*




Öz tebigy şertleri boýunça Türkmenistanyň territoriýasy Merkezi Aziýa çöllükleriniň zolagynda ýerleşýär we örän ekstremal howasy bilen häsiýetlendirilýär, bu bolsa çölleşme hadysalaryny güýçlendirýär we ýurduň ykdysadyýetine we sosial sferasynda düýpli täsir edýär. Diýmek, daşky gurşawy goramak, tebigatdan rejeli peýdalanmak, hususan-da, ýer serişdelerini netijeli ulanmak Türkmenistanyň döwlet ekologik syýasatynyň esasy ugurlary bolup durýar.

Ýer serişdelerini goramak meseleleri daşky gurşawy goramagyň umumy meselesiniň düzüm bölegidir. Ýer serişdelerini goramak boýunça çäreleriň işlenip düzülmegi we ýerine ýetirilmegi oba hojalyk ýerleriniň önümliligini ýokarlandyrmaga, olaryň hil ýagdaýyny we hasyllylygyny ýokarlandyrmaga ýardam eder.

Ýerleri goramak olaryň rejeli peýdalanylmagyna, ýerleriň oba hojalyk dolanyşygyndan esasy alynmagynyň öňüni almaga, zyýanly antropogen täsirlerden goramaga, şeýle hem topraklary dikeltmek we olaryň mesligini ýokarlandyrmak, tokaý gorunyň ýerleriniň öndürijiligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen hukuk, guramaçylyk, ykdysady, ekologik we gözegçilik-barlag çäreleriniň ulgamyny öz içine alýar.

Ýer serişdeleriniň goralmagy olaryň toprak işlenip bejerilýän wagtynda diňe bir onuň hasyllylygy peselmän, eýsem, hemişe ýokary hasylyň alynmagy üpjün ediler ýaly görnüşde ulanylmagyny göz öňünde tutýar. Şunuň bilen birlikde, melioratiw ýerler häzir hem ýeterlik derejede netijeli ulanylmaýar. Barlaglaryň görkezişi ýaly, ýerler özleşdirilýän wagtynda we soňra olar ulanylanda oba hojalyk önümçiligini rejeli ýöretmegiň tutuş toplumy berjaý edilmeýär.

Türkmenistanyň ýer serişdelerini goramak ulgamynda ileri tutulýan meseleler şu aşakdakylar bolup durýar: antropogen faktor bilen bagly topraklaryň şorlaşmagyna garşy göreşmek; öri meýdanlaryň ýaramazlaşmagyna we territoriýalaryň çölleşmegine

garşy göreşmek; ýel we suw eroziýasyna garşy göreşmek; topragyň önümli gatlagyny bozýan gurulýan inženerlik desgalaryna gözegçilik etmek.

Ilatyň tebigy gazdan, elektrik energiýasyndan we agyz suwundan mugt peýdalanmagy daşky gurşawa ýetirilýän antropogen täsiri düýpli azaltmaga we ýurtda ekologik ýagdaýy gowulandyrmaga mümkinçilik berdi.

Ýurtda ýer gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän Türkmenistanyň "Ýer hakynda" hereket edýän Kodeksi ýerleri netijeli ulanmak we goramak, topragyň mesligini yzygiderli dikeltmek, tebigy gurşawy gorap saklamak we gowulandyrmak, ýerde hojalygy ýöretmegiň ähli görnüşlerini deňhukukly ösmegi üçin şertleri döretmäge gönükdirilendir. Kodekse laýyklykda, ýer eýeleri we ýerden peýdalanyjylar önümçiligiň tebigaty goraýyş tehnologiýalaryny ulanmaga, tebigy serişdeleriň arryklaşmagyna, öz hojalyk işiniň netijesinde territoriýada ekologik ýagdaýyň ýaramazlaşmagyna ýol bermezlige borçly.

Türkmenistanyň çäginde oba hojalyk maksatly ýerleriň möçberi 34 mln. ga golaý (4-nji tablisa), onuň uly bölegini tebigy öri meýdanlar eýeleýär.

Ýurduň umumy meýdanyndan (491,2 müň kw. km): öri meýdanlar -77,5%-e, sürümli ýerler - 3,61%-e we suwarymly ýerler - 3,48%-e deň. Türkmenistan oba hojalygy ösen ýurt bolup durýar. 2010-njy ýylda çig pagtanyň öndürilişi 1286,3 müň tonna, bugdaýyň - 1420 müň tonna, gök önümleriň 674 müň tonna, bak önümleriň - 293 müň tonna, miweleriň we iýmişleriň - 163,7 müň tonna, üzümiň - 281,9 müň tonna ýetdi (Türkmenistanyň statistika baradaky ýyllyk neşiri. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti. Aşgabat, 2011).

Türkmenistanyň çäginde çölleşmäniň şu aşakdaky görnüşleri hasaba alyndy: ösümlik örtüginiň ýaramazlaşmagy, ýel, suw eroziýasy, tehnogen çölleşme, öri meýdanlaryň batgalaşmagy, ýerleriň şorlaşmagy.

Allýuwial düzlükleriň meýdanynyň ýarysyndan gowragy şorlaşmadan we batgalaşmakdan ejir çekýär. Şorlaşma işjeň ýaramazlaşdyryjy faktora öwrülýär, şunda topraklar köp babatda öz hasyllylygyny ýitirýär.

4-nji tablisa.

**Toparlara laýyklykda Türkmenistanyň ýer gaznasy**

| t/s № | Ýerleriň toparlary | Meýdanlar | % |
|---|---|---|---|
| 1 | Oba hojalyk maksatly ýerler | 33837,7 | 69,0 |
| 2 | Tokaý gaznasynyň ýerleri | 2224,5 | 4,5 |
| 3 | Suw gaznasynyň ýerleri | 460,1 | 0,9 |
| 4 | Döwlet ätiýaçlyk ýerleri | 10033,0 | 20,4 |
| 5 | Ilatly ýerleriň (şäherleriň, şäherçeleriň we obalaryň) ýerleri | 119,8 | 0,2 |
| 6 | Senagat, ulag, aragatnaşyk, energetika, goranmak we gaýry pudaklaryň ýerleri | 1657,2 | 3,4 |
| 7 | Tebigaty goraýyş, sagaldyş, dynç alyş we taryhy - medeni maksatly ýerler | 788,6 | 1,6 |
| **Jemi:** | | 49120,9 | **100,0** |

Işjeň suwaryşda topraga ýetirilýän antropogen täsir, esasan, ýerasty suwlaryň derejesiniň ýokarlanmagyna, topragyň profiliniň çendenaşa nemlenmegine, topraklaryň goşmaça şorlaşmagyna, batgalaşmagyna, suw basmagyna syrykdyrylýar. Olar topraklaryň öndürijilik ukybynyň ýitirilmegine getirýär, olaryň aýratynlyklaryny ýaramazlaşdyrýar, ösdürilip ýetişdirilýän ekinleriň hasyllygyny peseldýär. Melioratiw taýdan we suwarymly ýerleriň melioratiw ýagdaýyny sagdynlaşdyrmak üçin zerur bolan çäreleriň möçberi boýunça has meseleli welaýatlar Aral deňziniň guran böleginden duz syrgynlary täsir edýän Daşoguz, Lebap welaýatlary, şeýle hem mary welaýatynyň Murgap zolagy (jülgesi) bolup durýar.

Suwarymly ýerleriň ýaramazlaşmagynyň öňüni almak üçin ýerleriň düýpli we gündelik meýilnamalaşdyrmasyna filtrasiýa üçin suwuň ýitgilerini azaltmak boýunça işleriň ýerine ýetirilmegine we kadalaýyn uzynlyga ýetirilen zeýakaba-zeýkeş ulgamynyň gurulmagyna aýratyn orun degişli. Şunda oba hojalyk ekinleriniň ýuwuş, yzgarlandyrma we wegetasion suwaryşlarlaryny endigan almagy üçin şertler döredilýär.

Ýokarky gatlaklarda duzlaryň mukdaryna we hiline baglylykda toprakalryň ýaramazlaşmasynyň derejesi şu aşakdakylara bölünýär:

- eger-de ýokarky gatlaklarda duzlaryň saklanyş derejesi gaty galyndyda 0,3-0,5 %-den geçmeýän bolsa, pes derejede ýaramazlaşan (gowşak şorlaşan);
- ortaça ýaramazlaşan (ortaça şorlaşan) – gaty galyndynyň 0,6-0,8 %;
- güýçli ýaramazlaşan (güýçli şorlaşan) – gaty galyndynyň 0,8-1,0 %;
- örän güýçli ýaramazlaşan (örän güýçli şorlaşan) – gaty galyndynyň 1,0%-den gowragy.

Şorlaşmasynyň derejesi boýunça suwarymly ýerleriň ýaramazlaşmasy K. Rejepbaýewiň (1973), K.Rejepbaýewiň, P. Esenowyň (1987, 1993) işlerinde toparlanýar. Bu toparlama laýyklykda şorlaşan ýerleriň düýpli sagdynlaşdyrylmasynda meliorasiýanyň esasy obýekti bolup, ilkinji nobatda, ortaça we güýçli şorlaşan suwarymly we täze özleşdirilýän ýerler hyzmat edýär. Olaryň umumy meýdany 85408 müň ga (68,8%) deň. Eger-de gowşak şorlaşan topraklaryň meýdanyny hem hasaba alsaň, onda Türkmenistanda sürümli ýerleriň 80%-e golaýy şorlaşan - goşmaça şorlamadan ýaramazlaşan (2-nji tablisa) we duzsuzlandyrma meliorasiýalaryny talap edýär.

5-nji tablisa

**Türkmenistanyň suwarymly ýerleriniň şorlaşmasy, ga/%**

| Welaýatlar | Suwarylýan meýdan, ga | Topraklaryň şorlaşmagynyň derejesi | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | şorlaşmadyk | gowşak şorlaşan | ortaça şorlaşan | güýçli we örän güýçli şorlaşan |
| Balkan | 82273 | 480<br>0,58 | 7698<br>9,36 | 70643<br>85,86 | 3452<br>4,20 |
| Ahal | 82273 | 9342<br>1,82 | 101648<br>19,79 | 332992<br>64,81 | 69775<br>13,58 |
| Mary | 437457 | 42799<br>9,78 | 179590<br>41,05 | 160958<br>36,79 | 54110<br>12,38 |
| Lebap | 282250 | 17803<br>6,31 | 130504<br>46,24 | 123798<br>43,86 | 10145<br>3,59 |
| Daşoguz | 397167 | - | 47632<br>11,70 | 297489<br>73,06 | 52046<br>15,24 |
| Türkmenistan boýunça | 1712904 | 70424<br>4,09 | 467072<br>27,11 | 985880<br>57,22 | 189528<br>11,58 |




Goşmaça şorlama garşy göreşmekde has üzül-kesil çäreler oba hojalyk önümçiligindäki bar bolan agrotehniki usullaryň çäklerinde topraklaryň ýuwulmagy

bolup durýar. Şorlaşan topraklar üçin ýuwuş suwarymlarynyň kadasynyň 2 müň m3/ga-dan (gowşak şorlaşan) 10-12 müň m3/ga çenli (güýçli we örän güýçli şorlaşan) üýtgeýändigi anyklandy. Şorluklar üçin bu kada 16-18 müň m3/ga ýetýär. Suwda ereýän duzlaryň 1 tonnasyny aýyrmak üçin, topraklaryň aýratynlyklaryna baglylykda, 50-den 350 m3/ga çenli suw harçlanýar.




### 3.5.1. *Suwarymly ýerleri dolandyrmak*

Oba hojalygynda, esasan, döwlete dahylsyz eýeçilikdäki kärhanalar agdyklyk edýär. Ilatly nokatlaryň 69%-inde oba hojalyk kärhanalarynyň esasy görnüşi garyşyk eýeçilik görnüşindäki daýhan birleşikleri bolup durýar. Olarda zähmeti guramagyň esasy görnüşi bugdaýy, pagtany, şalyny we önümiň beýleki görnüşlerini ösdürip ýetişdirmek üçin ýeriň uzakmöhletleýin we gysga möhletleýin hojalyk içindäki kärendesi bolup durýar. Ilatly nokatlaryň 21%-inde hususy maldarçylyk hojalyklary we 10%-inde kärhanalaryň we guramalaryň kömekçi hojalyklary agdyklyk edýär.

Bazar gatnaşyklaryna geçilýän döwürde Türkmenistanda ýer serişdelerini dolandyrmagyň iki ulgamy ulanylýar: döwlet düzgünleşdirmesi we ykdysady höweslendirme.

Türkmenistanda halk hojalygyny meýilnamalaýyn alnyp barylmasynyň amala aşyrylýandygy sebäpli ýerli derejede ösüş prosesiniň meýilnamalaşdyrmasy döwlet buýurmalarynyň ýerine ýetirilmegine esaslanýar. Döwlet buýurmasy ýerli derejede önümçiligiň möçberini, ýer we suw serişdeleriniň paýlanyşyny kesgitleýär. Ýer we suw

serişdeleriniň dolandyrylyşyna kanunlara laýyklykda döwlet häkimiýeti tarapyndan takyk gözegçilik edilýär. Bu diňe bir daýhan birleşiklerine we hojalyklaryna däl, eýsem kärendeçilere hem degişlidir. Kärendeçileriň işi öz-özüňi ödemeklige we öz-özüňi maliýeleşdirmäge esaslanýan hem bolsa, olar belli bir derejede döwlet buýurmasynyň ýerine ýetirilmegine gatnaşýar.

Ýerli derejede Geňeşiň mejlislerinde ýer we suw serişdeleriniň rejeli ulanylmagyny bilelikde meýilnamalaşdyrmak işi geçirilýär we ony ýerine ýetirmegiň strategiýasy işlenip düzülýär. Ýöne bu meýilnamalaryň we çözgütleriň ýerine ýetirilişine ýerlerdäki häkimiýet edaralarynyň wekilleri tarapyndan gözegçilik edilýär. Döwlete dahylsyz sektoryň ýerlerinde her ýyl önümçilik bugdaýynyň we pagtanyň ekinleriniň meýdanlarynyň takyklamasy we synalmasy geçirilýär.

Türkmenistanyň çäginde suw serişdelerini dolandyrmagyň dürli jähtleri bilen şu aşakdaky döwlet edaralary we guramalary meşgullanýar: Türkmenistanyň Suw hojalyk ministrligi - suwaryş hem-de zeýakaba-zeýkeş ulgamlaryny gurmak we ulanmak, esasy suw sarp edijilere we suwdan peýdalanyjylara paýlan nokada çenli suwy bermek (hojalygara derejesine çenli); oba ilatly nokatlaryň ýerli administrasiýalary (häkimlikler, arçynlyklar) öz territoriýalarynyň çäklerinde ýer we sow hojalyk meselelerini düzgünleşdirýärler; ýerden peýdalanyjylar (mülkdarlar, kärendeçiler we başg.) öz ýer bölekleriniň çäklerinde; şeýle hem Türkmenistanyň Tebigaty goraýyş ministrligi - Türkmenistanyň ýer we suw gaznasyny hapalanmadan we arryklaşmadan goramak;

Her bir suwarymly zolak üçin nemlendiriş we suwaryş kadalary, suwaryş režimi we suwy goýbermegiň umumy limitleri bellenýär. Bu kadalaryň we limitleriň esasynda wegetasion we wegetasion däl döwürlerde irrigasion ulgamlarda suw peýdalanmagyň meýilnamalary düzülýär.

Ýerli derejede suwdan peýdalanma ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary tarapyndan gözegçilik edilýär. Her bir welaýata we etraba suwdan peýdalanmagyň bölnüp berlen limitleri Suw hojalyk ministrliginiň welaýatlardaky we etraplardaky edaralarynyň, wekilleriniň gözegçiligi astynda hojalygyň içinde suwdan peýdalanyjylaryň arasynda paýlanýar. Mirap Suw hojalyk ministrliginiň etrap bölüminiň daýhan birleşiklerindäki wekili bolup durýar we suwaryş suwynyň suwdan peýdalanyjylaryň meýdanlaryna adalatly we öz wagtynda paýlanmagy we berilmegi üçin jogapkärçilik çekýär.

Suwdan peýdalanmany meýilnamalaşdyrmak sazlaýjy we suw ölçeýji desgalar ulanylanda mümkindir. Türkmenistanyň köpsanly irrigasion ulgamlarynda bu desgalar bar, ýöne olar diňe iri gatlalarda we hojalygara tarazlarda bar, hojalygyň içindäki tarazlarda bolsa olar, gynansak-da ýok we köplenç ýagdaýda aýry-aýry meýdanlara berlen suwlaryň kadalary ölçenilmeýär.

Suwaryşlary geçirmegiň, dökünleriň guýmagyň we beýleki agrotehniki çäreleri geçirmegiň kadalary we möhletleri ýerden peýdalanyjylar tarapyndan agrotehniki düzgünlere laýyklykda geçirilýär. Şunda zyýankeşlere garşy göreşiň dolandyrylmasy "Türkmendökünhimiýa" assosiasiýasynyň ýerlerdäki gulluklary tarapyndan amala

aşyrylýar.

Bu işler ýerden peýdalanyjylaryň derejesinde amala aşyrylmaýar we olar, esasan, meýilnamalaşdyrma, ekologiýa baha bermek we ony dolandyrmak, maglumat ulgamyny dolandyrmak, suwarylýan meýdanlaryň ýagdaýyny barlamak we gözegçilik etmek ýaly çäreleri geçirmeýärler.

### *3.5.2. Öri meýdan ýerlerini dolandyrmak*




| № | Type rus | Type at | Annual eaten storage |
|---|---|---|---|
| 1 | Сазаково-илаковые | *Haloxylon persicum-Carex physodes* | 1,14 |
| 1a | Кандымовые | *Calligonum* | 0,69 |
| 2 | Сазаково-илаковые с борджоком | *Haloxylon persicum-Carex physodes, Ephedra strobilacea* | 0,63 |
| 2a | Кандымово-илаковые с борджоком | *Calligonum-Carex physodes, Ephedra strobilacea* | 0,86 |
| 3 | Сазаково-илаковые с кандымом | *Haloxylon persicum-Carex physodes, Calligonum* | 1,15 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 4 | Сазаково-илаковые с селином | *Haloxylon persicum-Carex physodes, Aristida pennata* | 0,85 |
| 4a | Кандымово-илаковые с селином | *Calligonum-Carex physodes, Aristida pennata* | 0,8 |
| 5 | Сазаково-илаковые с черкезом | *Haloxylon persicum-Carex physodes, Salsola richteri* | 1,23 |
| 5a | Кандымово-илаковые с черкезом | *Calligonum-Carex physodes, Salsola richteri* | 0,85 |
| 6 | Сазаково-илаковые с оджарово-солянковыми | *Haloxylon persicum-Carex physodes, Haloxilon aphyllum-*Salsola | 0,98 |
| 7 | Сазаково-илаковые с евшаном | *Haloxylon persicum-Carex physodes, Artemisia* | 0,85 |
| 7a | Кандымово-илаковые с евшаном | *Calligonum-Carex physodes, Artemisia* | 0,66 |
| 8 | Сазаково-илаковые с кевреиком | *Haloxylon persicum-Carex physodes, Salsola rigida* | 0,61 |
| 9 | Сазаково-илаковые с илгином | *Haloxylon persicum-Carex physodes, Tamarix* | 0,7 |
| 10 | Оджарово-эфемеровые с однолетнесолянковыми | *Haloxylon aphyllum*-ephemer, annual Salsola | 0,84 |
| 11 | Оджарово-эфемеровые с боялычем | *Haloxylon aphyllum*-ephemer, *Salsola arbuscula* | 0,93 |
| 12 | Оджарово-эфемеровые с черкезом | Haloxylon aphyllum-ephemer, Salsola richteri | 0,82 |
| 13 | Оджарово-эфемеровые с кандымом | *Haloxylon aphyllum*-ephemer, *Calligonum* | 0,7 |
| 14 | Оджарово-эфемеровые с борджоком | *Haloxylon aphyllum*-ephemer, *Ephedra strobilacea* | 0,84 |
| 15 | Черкезово-илаковые с боялычем | *Salsola richteri-Carex physodes, Salsola arbuscula* | 1,11 |
| 16 | Черкезово-илаковые с кандымом | *Salsola richteri-Carex physodes, Calligonum* | 1,02 |
| 16a | Кандымово-илаковые с редким черкезом | *Calligonum-Carex physodes, rare Salsola richteri* | 0,41 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 17 | Черкезово-илаковые с редким разнотравьем | *Calligonum-Carex physodes,* rare herb | 0,66 |
| 18 | Черкезово-однолетнесолянковые | *Calligonum*-annual Salsola | 0,91 |
| 19 | Борджоково-илаковые с кандымом и сазаком | *Ephedra strobilacea-Carex physodes,Calligonum, Haloxylon persicum* | 0,93 |
| 20 | Борджоково-илаковые с черкезом | *Ephedra strobilacea-Carex physodes,Salsola richteri* | 1,21 |
| 21 | Сингреново-илаковые с евшаном | *Astragalus unifoliolatus-Carex physodes, Artemisia* | 1,03 |
| 22 | Сингреново-илаковые с селином | *Astragalus unifoliolatus-Carex physodes, Aristida pennata* | 0,94 |
| 23 | Евшаново-эфемеровые с солянками | *Artemisia*-ephemer, Salsola | 1,1 |
| 24 | Евшаново-эфемеровые с селином | *Artemisia*-ephemer, *Aristida pennata* | 1,18 |
| 25 | Евшаново-злаковые с селином | *Artemisia*-gramineous, *Aristida pennata* | 2,12 |
| 25a | Злаково-разнотравные | Gramineous-herb | 0,53 |
| 26 | Илниново-камышовые | *Tamarix-Phragmites communis* | 7,12 |
| 27 | Оджарово-солянковые | *Haloxylon aphyllum*-Salsola | 1,06 |
| 28 | Боялычево-оджаровые с солянками и кевреиком | *Salsola arbuscula-Haloxylon aphyllum,* Salsola, *Salsola rigida* | 0,73 |
| 29 | Кевреиково-эфемерово-солянковые с оджаром | *Salsola rigida*-ephemer-Salsola, *Haloxylon aphyllum* | 0,54 |
| 30 | Евшаново-эфемерово-солянковые с оджаром | *Artemisia*-ephemer-Salsola, *Haloxylon aphyllum* | 0,9 |
| 31 | Евшаново-эфемеровые с боялычем и кевреиком | *Artemisia*-ephemer, *Salsola arbuscula, Salsola rigida* | 0,96 |
| 32 | Евшаново-илаково-эфемеровые | *Artemisia-Carex physodes-*ephemer | 1,24 |
| 33 | Евшаново-тетировые с кевреиком и биюргуном | *Artemisia-Salsola gemmascens, Salsola rigida, Anabasis salsa* | 1,27 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 34 | Евшаново-эфемерово-тетирные с солянками | *Artemisia*-ephemer-*Salsola gemmascens,* Salsola | 0,86 |
| 35 | Тетировые | *Salsola gemmascens* | 1,27 |
| 36 | Тетирово-эфемеровые с кевреиком | *Salsola gemmascens*-ephemer, *Salsola rigida* | 0,8 |
| 37 | Тетирово-евшаново-эфемеровые местами с биюргуном | *Salsola gemmascens-Artemisia*-ephemer, some areas *Anabasis salsa* | 1,18 |
| 38 | Тетирово-биюргуново-евшановые | *Salsola gemmascens-Anabasis salsa-Artemisia* | 1,15 |
| 39 | Биюргуново-евшаново-эфемеровые | *Anabasis salsa-Artemisia*-ephemer | 1,04 |
| 40 | Оджарово-кевреиковые с эфемерами | *Haloxylon aphyllum-Salsola rigida,* ephemer | 0,9 |
| 41 | Кевреиково-кыртычные с эфемерами и солянками | *Salsola rigida-Poa bulbosa,* ephemer, Salsola | 0,85 |
| 42 | Кевреиково-эфемеровые с оджаром | *Salsola rigida*-ephemer, *Haloxylon aphyllum* | 0,67 |
| 43 | Чогоново-однолетнесолянковые с арпаганом и евшаном | *Aellennua subaphila*-annual Salsola, *Eremopyrum orientale, Artemisia* | 0,94 |
| 44 | Евшаново-эфемеровые с солянками | *Artemisia*-ephemer, Salsola | 0,83 |
| 45 | Евшаново-тетировые с солянками | *Artemisia-Salsola gemmascens,* Salsola | 1,1 |
| 46 | Тетирово-эфемеровые с солянками | *Salsola gemmascens*-ephemer, Salsola | 0,92 |
| 47 | Тетирово-однолетнесолянковые с евшаном | *Salsola gemmascens*-annual Salsola, *Artemisia* | 0,38 |
| 48 | Однолетнесолянково-эфемеровые с разнотравьем | Annual Salsola-ephemer, herb | 0,75 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 49 | Сингреновые с полукустарниками с разнотравьем | *Astragalus unifoliolatus,* subshrub, herb | 2,8 |
| 50 | Евшаново-эфемеровые | *Artemisia*-ephemer | 1,65 |
| 51 | Евшаново-солянковые | *Artemisia*-Salsola | 1,34 |
| 52 | Кыртычно-караилаковые с евшаном | *Poa bulbosa-Carex pachystylis, Artemisia* | 2,7 |
| 53 | Кыртычно-караилаковые с разнотравьем | *Poa bulbosa-Carex pachystylis,* herb | 2,11 |
| 53а | Кыртычно-караилаковые с разнотравьем - нарушенные выпасом | *Poa bulbosa-Carex pachystylis,* herb, disturb by pasture | 1,9 |
| 54 | Злаково-разнотравные | Gramineous-herb | 0,97 |
| 54а | Злаково-разнотравные (нарушение выпасом) | Gramineous-herb, disturb by pasture | 0,44 |
| 55 | Сазаково-илаковые с евшаном | *Haloxylon persicum-Carex physodes, Artemisia* | 1,37 |
| 56 | Сазаково-илаковые в сочетании с евшаново-боялычными | *Haloxylon persicum-Carex physodes, Artemisia-Salsola arbuscula* | 0,96 |
| 56а | Кандымово-илаковые в сочетании с евшаново-боялычными | *Calligonum-Carex physodes, Artemisia-Salsola arbuscula* | 0,86 |
| 57 | Сазаково-илаковые с кандымом и черкезом | *Haloxylon persicum-Carex physodes, Calligonum, Salsola richteri* | 1,02 |
| 58 | Оджорово-илаковые с черкезово-разнотравными | *Haloxylon aphyllum-Carex physodes, Salsola richteri*-herb | 0,72 |
| 59 | Оджарово-эфемеровые с биюргуново-кевреиковыми | *Haloxylon aphyllum-ephemer, Anabasis Salsa-Salsola rigida* | 0,52 |
| 60 | Кандымово-илаковые с разнотравьем | *Calligonum-Carex physodes,* herb | 1,31 |
| 61 | Евшаново-разнотравные с кандымово-илаковыми | *Artemisia*-herb, *Calligonum-Carex physodes* | 1,09 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 62 | Кыртычно-илаковые в сочетании с кандымово разнотравными | *Artemisia-gramineous, Tragacantha, Ephedra strobilacia* | 1,36 |
| 63 | Кандымово-илаковые с кыртычно-караилаковыми | *Calligonum-Carex physodes, Poa bulbosa-Carex pachystylis* | 1,56 |
| 64 | Черкезово-илаковые в сочетании с разнотравными | *Salsola richteri-Carex physodes,* herb | 0,82 |
| 65 | Кыртычно-караилаковые в сочетании с кандымово-илаковыми | *Poa bulbosa-Carex pachystylis, Calligonum-Carex physodes* | 1,8 |
| 66 | Илгиново-эфемеровые с черкезом | *Tamarix*-ephemer, *Salsola richteri* | 0,67 |
| 67 | Илгиново-эфемеровые с янтаком | *Tamarix*-ephemer, *Alhagi persarum* | 1,72 |
| 68 | Чаирные | *Aeluropus litoralis* | 2,1 |
| 69 | Евшаново-кыртычно-эфемеровые | *Artemisia-Poa bulbosa*-ephemer | 2,49 |
| 70 | Евшаново-эфемеровые с кустарниками | *Artemisia*-ephemer-subshrub | 3,73 |
| 71 | Кыртычно-караилаковые с эфемерами | *Poa bulbosa-Carex pachystylis,* ephemer | 1,87 |
| 72 | Евшаново-злаковые с трагакантом и эфедрой | *Artemisia-gramineous, Tragacantha, Ephedra strobilacia* | 3,62 |
| 73 | Злаковые с разнотравьем | Gramineous, herb | 3,48 |
| 74 | Евшаново-злаковые | *Artemisia*-gramineous | 4,23 |
| 75 | Пырейно-типчаковые | *Agropyrum-Festuca sulcata* | 5,38 |
| 76 | Чаирно-разнотравные | *Aeluropus litoralis-Iherb* | 2,97 |
| 77 | Камышово-янтаковые с чаиром и илгином | *Phragmites communis-Alhagi persarum, Aeluropus litoralis-Tamarix* | 3,1 |

Ýurduň umumy territoriýasynyň 41 500 000 ga ýa-da 84%-e golaýyny öri meýdanlar eýeleýär, olaryň 50%-i dürli derejede ýaramazlaşan we 5%-i süýşýän çägeliklere öwrülendir.

Häzirki wagtda öri meýdanlar döwlet eýeçiligi bolup durýar. Olar Maldarçylyk boýunça döwlet birleşiginiň maldarçylyk hojalyklarynyň we daýhan birleşikleriniň arasynda paýlanandyr we hususy hem-de kärendesine alnan mallary bakmak üçin ulanylýar.

Öri meýdanlaryň hojalyk içindäki paýlanyşy öri meýdanlaryň önümliligine, suwa ýakyş nokatlarynyň barlygyna, sürüniň ululygyna baglylykda amala aşyrylýar. Türkmenistanda öri meýdanlaryň haýatlary ýok, muňa garamazdan çopanlar köpýyllyk tejribä esaslanmak bilen öz öri meýdanlarynyň çäklerini bilýärler. Öri meýdanlar ulanylanda mal bakmagyň däp bolan görnüşiniň - gyşky, güýzki we ýazgy öri meýdanlaryň çalşylmagynyň möhüm ähmiýeti bar.

Öri meýdanlaryň iýmlilik derejesini, mallaryň baş sanyny we öri meýdanlaryň suwlulandyrylmasyny hasaba almak bilen, olary mal bakmak üçin kärendesine bermek hakyndaky karar möhüm bolup durýar. Öri meýdanlaryndan peýdalanyjylar we kärendeçiler olary abat saklamak we gowulandyrmak, ýel we suw eroziýasyna, çölleşmeklige garşy göreşmek, suw çeşmelerini gurmak we olaryň durkuny täzelemek, örüleri çalşyp peýdalanmagy berjaý etmek, şeýle hem öri meýdanlarynyň ýaramazlaşmagyna ýol bermezlik boýunça çäreleri geçirmäge borçludyrlar.

Maldarçylyk ulgamynda geçirilen soňky reformalaryň netijesinde ýerli çopanlaryň döwlet maldarçylyk hojalyklaryndan we daýhan birleşiklerinden mallaryň çäklendirilmedik mukdaryny uzak möhletleýin esasda kärendä almaga mümkinçiligi bar. Hojalyk dogry ýöredilende bu çopanlara uly girdeji almaga mümkinçilik berýär. Hakykyu şertlerde, haçan-da çopanlar mallaryň çäklendirilmedik mukdaryny saklamaga mümkinçilik alanlarynda, mallaryň baş sanynyň artmagy bolsa milli meýilnama bolup durýarka öri meýdanlary rejeli ulanmak meselesi örän wajyp meselä öwrülýär. Şu ýagdaýda maldarlar bilen bilelikde däp bolan bilimlere we häzirki zaman tehnologiýalara esaslanmak bilen, öri meýdanlary ulanmagyň toplumlaýyn strategiýasyny işläp düzmek zerur. Aýry-aýry maldarlar maly we öri meýdanlary kärendesine almak bilen, belli bir derejede diňe suw çeşmeleriniň ýagdaýyna gözegçilik edýärler, öri meýdanlary gowulandyrmak boýunça çäreleri bolsa geçirmeýärler. Maldarlar öri meýdanlary gowulandyrmagyň usullary we öri meýdanlary rotasiýa etmegiň tärleri boýunça bilimlere mätäçlik çekýärler.

Ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapydnan özleriniň ygtyýarlyklaryna we mümkinçiliklerine laýyklykda öri meýdanlaryň ulanylyşynyň seljermesi öz kärhanalarynda öri meýdanlaryň ulanylyşyny gowulandyrmak, olary suwlulandyrmak we düýpli gowulandyrmak boýunça çäreleri görýärler. Emma bu çäreler ilatyň ösüşi we malyň baş sanyny artdyrmagyň hajatlary bilen deňeşdirilende ýeterlik däldir.

Mundan başga-da, dürli döwlet edaralary (Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi, Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrligi, Türkmenistanyň Suw hojalyk ministrligi, Maldarçylyk boýunça döwlet birleşigi we ýerli häkimiýet edaralary) aýry-aýrylykda, özara ylalaşmazdan, öz ygtyýarlyklarynyň we mümkinçilikleriniň çäklerinde öri meýdanlaryň ulanylyşyny gowulandyrmak boýunça çäreleri geçirýärler. Bu bolsa öri meýdanlaryň belli bir tertitoriýalarynda biri-birinden üzňelikde we

toplumlaýyn däl häsiýetde geçirilýän çäreleriň netijeliliginiň pes bolmagyna getirýär.

Türkmenistanyň tokaý gorunyň uly territoriýasy maldarlar tarapyndan öri meýdan hökmünde ulanylýar. Häzirki wagtda tokaý gorunyň umumy meýdany 9,( mln. ga deň, şol sanda tokaý bilen örtülen meýdan - 4,264 mln. ga. Umumy meýdandan 6,6 mln. ga golaýy daýhan birleşikleriniň we maldarçylyk hojalyklarynyň öri meýdan hökmünde uzak möhletleýin ulanyşynda durýar.

Tokaýlary dolandyrmak we olara gözegçilik etmek ölçegleri Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi (TGM) tarapyndan amala aşyrylýar. TGM-niň Tokaý hojalygy müdirligi tokaý hojalyklarynyň kömegi bilen agaç ekiş materiallarynyň ösdürilip ýetişdirilmegi we oturdylan agaçlar ideg etmek bilen meşgullanýar. Tokaý hojalyklary döwlet tokaý gorunyň çäginde tokaýlary goramak, dikeltmek we agaçlary köpeltmek bilen bagly işleri ýerine ýetirýärler. 2013-nji ýylda "Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasy" kabul edildi we häzirki wagtda tokaýlary dikeltmek döwlet syýasatynyň derejesine çykaryldy. 2013-2020-nji ýyllarda Tokaý hojalygyny ösdürmegiň maksatnamasy işlenip düzüldi.

### *3.6. Ýer serişdelerini goramak ulgamynda gurallaryň ulgamyny kämilleşdirmek boýunça hödürnamalar*

Ýer meselesi öz ähli köpdürlüliginde uly durmuş-ykdysady ähmiýete eýe bolupdy we şeýle bolmagynda galýar. Şonuň üçin ýer serişdeleriniň ulanylyşynyň netijeliligini ýokarlandyrmak we olary bozulmakdan goramak meselesiniň ägirt uly ähmiýeti bar.

Türkmenistanda oba hojalyk önümçiliginiň işjeňleşmegi ähli gelip çykýan netijeler bilen ýerleriň dolandyrylyşynda, territoriýalaryň guralşynda özgerişlere, topraga salynýan agramyň üýtgemegine getirýär. Soňky ýyllarda suwaryş meliorasiýalarynyň, eroziýa garşy we topragy goraýyş çäreleriň iri möçberli işleri geçirildi, oba we tokaý hojalygyny ýöretmegiň birnäçe öňdebaryjy usullary ornaşdyryldy, bu bolsa olaryň önümliligini düýpli ýokarlandyrmaga, beýleki pudaklarda ýerleriň ulanylyşynyň netijeliligini artdyrmaga mümkinçilik berdi.

Ýerleri bozulmakdan goramak ulgamynda uly üstünlikleriň gazanylandygyna garamazdan, bu çylşyrymly meseläniň köp jähtleri heni çözülmedi.

Ýerleriň rejesiz ulanylmagyna, topraklaryň şorlaşmagyna, batgalaşmagyna, topraklaryň eroziýalaşmagyna we deflýasiýalaşmagyna ýol berilýän ýagdaýlar, oba hojalyk däl hajatlar üçin ýerleriň artykmaç berilýän we başg. ýagdaýlar bar. Şeýle hem suwarymly ýerleriň pes hilli taslamalaşdyrylmagyna we ýaramaz ulanylmagyna, eroziýa garşy çäreleriň toplumlaýyn ýerine ýetirilmezligine ýol berilýär. Gurluşyk işlerinde we peýdaly magdanlar gazylyp alnanda bozulan ýerleri rekultiwasiýa etmek boýunça işler ýeterlik däl.

Ýer gaznasyny rejeli ulanmaga gönükdirilen çäreleri işläp düzmek maksatlarynda ýer serişdeleriniň ulanylyşyny çaklamak, toprak-howa şertleriniň aýratynlyklaryny we ýurdy ösdürmegiň beýleki wezipelerini hasaba almak bilen, ýerleri goramak we rejeli ulanmak boýunça ylmy barlaglaryň geriminiň giňeldilmegi möhüm ähmiýete eýe bolýar.

Barlaglaryň toplumlaýyn maksatnamasy "Halk hojalygynyň we ýerden peýdalanmagyň ähli pudaklary boýunça ýer serişdeleriniň ýeke-täk balansy bilen ýer serişdelerini ulanmagyň çyzgysyny" ylmy taýdan esaslandyrmaga we taýýarlamaga mümkinçilik berer. Şeýle barlaglar meliorativ wezipeleri dogry çözmek we aýry-aýry ýer massiwlerini taslamalaşdyrmakda we olary meliorativ taýdan özleşdirmäge bolan çemeleşmelerde mümkin bolan kemçilikleri we ýalňyşlary mümkin boldugyça azaltmak üçin zerurdyr. Ýer serişdeleriniň oba hojalyk däl hajatlary üçin rejeli we tygşytly ulanylmagyny üpjün etmek üçin welaýatlaryň etraplaýyn meýilnamalaşdyrmasynyň toplumlaýyn çyzgylarynyň işlenip düzülmegini we ähli pudaklar boýunça ýer serişdeleriniň ýeke-täk balansynyň düzülmegini çaltlandyrmak maksada laýyk bolar.

Topraklary goramak boýunça çäreleriň üstünlikliligi, ilkinji nobatda, ýer serişdeleri ulanylanda ekologik çemeleşmäniň meseleleriniň çözülmegine baglydyr. Ýer serişdelerini ekologik taýdan goramagyň zerur bolan minimumy ýok bolanda ýer önümçilik serişdesi hökmünde öz önümçilik potensialyny ýitirýär. Diýmek, ykdysady hajatlary tebigy potensialdan aýyrmaly däl. Topragyň aýratynlyklaryna we potensial mümkinçiliklerine, oňa işläp bejermäniň, meliorasiýanyň, dökünleriň ýetirýän täsirine dogry baha berilmegi hojalyk wezipeleri çözmek bilen bir hatarda tebigaty ýaramazlaşmakdan goramaga, onuň ekologik deňagramlylygyny saklamaga mümkinçilik berer. Munuň üçin çuňňur ekologik bilimler, işi gowy ýola goýlan toprak we agrohimiýa gullugy, topraklaryň kartalary, topraklaryň ulanylyşy we goralşy nusga alarlyk derejede ýola goýlan, dökünleriň, meliorasiýanyň ulanylýan, ösümlikleriň sortlarynyň saýlanyp alynýan we bahalandyrylýan synag stansiýalarynyň we göreldelik tejribe hojalyklarynyň ösen ulgamy zerur. Ýer serişdeleriniň rejeli ulanylmagyny we goralmagyny üpjün etmek boýunça bar bolan ähli ätiýaçlyklaryň ulanylmagy olaryň önümliligini düýpli ýokarlandyrmaga we Türkmenistanyň oba hojalyk önümçiliginiň netijeliligini artdyrmaga mümkinçilik berer.

DGG (ýer serişdelerini goramak) sferasyndaky ulgamyň kämilleşdirilmesi şu aşakdakylara esaslanyp biler:

- ýer serişdelerini goramak boýunça gulluklaryň tehniki taýdan üpjünçiligini (ulag, kompýuterleşdirme) ýokarlandyrmak;
- ýerleri hasaba almagyň, ulanmagyň we goramagyň täze maksatnamalaýyn görnüşlerini ornaşdyrmak;
- ýer serişdelerini ulanmak we goramak ulgamyndaky kanunçylyk namalaryny ýer serişdeleriniň ulanylyşynda ýol berlen düzgün bozmalar üçin edara ediş we jenaýat jogapkärçiligini güýçlendirmek jähtinden kämilleşdirmek;

Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan işlenip düzülen we hödürlenýän taslamalara laýyklykda goraghana we tebigy zolaklary giňeltmek;

- hojalygyň içinde ýerden peýdalanmagyň tassyklanan taslamalarynyň ýerine ýetirilişine we halk hojalygynyň dürli pudaklarynda ýerleri ulanmagyň tebigaty

goraýyş režiminiň talaplarynyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi güýçlendirmek;

- iri suw hojalyk desgalarynyň ählisiniň töwereginde suw gorag zolaklaryny bellemek;
- ýerler kärendeçilere uzak möhletli esasda berlende ýer uçastoklarynyň hasyllylygy we ýerleşýän ýeri boýunça tölegiň möçberini differensirlemek boýunça täze kadalaşdyryjy resminamalary taýýarlamak;
- suwarymly öri meýdan ýerlerine gözegçilik etmegiň ulgamyny kämilleşdirmek, olary zerur bolan enjamlar, şol sanda distansion aerokosmiki zondlama ulgamy bilen üpjün etmek.

Ýerleriň goralmasy olaryň zolaklaýyn we sebitleýin aýratynlyklaryny hasaba almak bilen, ýerlere çylşyrymly tebigy döremeler (ekoulgamlar) hökmünde toplumlaýyn çemeleşmek esasynda amala aşyrylmaly. Ýerli rejeli ulanmagyň ulgamy tebigaty goraýyş, serişde tygşytlaýyş häsiýetinde bolmaly hem-de topraklaryň goralyp saklanmagyny, ösümlik we haýwanat dünýäsine, geologik jisimlere we daşky gurşawyň beýleki düzüm böleklerine ýetirilýän täsiriň çäklendirilmegini göz öňünde tutmaly.

### *3.6.1. Daşky gurşawa abanýan howplara baha bermegiň usulyýeti*

Tebigaty goraýyş syýasaty üçin daşky gurşawa we adamyň saglygyna abanýan howplara baha bermegiň meseleleriniň birinji derejeli ähmiýeti bardyr. Howplara baha bermegiň umumy kabul edilen usulyýeti ýok, howp salýan faktorlar örän dürli-dürli we köp görnüşlidir. Ýer serişdelerini ulanmak jähtinden howpa we onuň netijelerine baha bermek üçin esas bolup melioratiw monitoringiň we ýörite barlaglaryň maglumatlary hyzmat edýär. Bu maglumatlaryň esasynda iň az hojalyk töwekgelçiligi bilen meseleleriň şu topary boýunça kabul edilýän çözgütleriň hilini gowulandyrmak üçin netijelere gelmek mümkin.

Howplaryň ýüze çykmagynyň ähtimallygyny aňrybaş derejede azaltmak üçin işler şu aşakdaky ugurlarda alnyp barylýar:

- kabul edilýän çözgütleriň ýerine ýetirilişine täsir edýän ähli mümkin bolan faktorlary hasaba almak;
- howplaryň ýüze çykmagyndan zyýanyň öňüni alýan çäreleri göz öňünde tutmak.
- indiki tapgyrlarda ýüze çykýan howplary hasaba almak bilen, hereketleriň barşyna üýtgeşmeleri girizmek mümkinçiligi bolar ýaly çözgütleri tapgyrlaýyn amala aşyrmak.

Türkmenistanyň ýer serişdelerini ulanmagyň mysalynda daşky gurşawa abanýan şu aşakdaky tebigy we antropogen howp faktorlaryny bellemek mümkin:

- topraklaryň başlangyç şorlugy;
- topraklaryň suw we ýel eroziýasy;

- howanyň üzül-kesil bildirýän guraklygy we kontinentallygy;
- topraklaryň çökmesi;
- mehaniki düzümi boýunça ýeňil topraklaryň sürülmegi;
- ekinleri işläp bejermegiň nädogry agrotehnikasy;
- ekerançylygyň ýerleri taşlamak ulgamynyň ulanylmagy;
- meýilnama laýyk suwarylmazlygy- oba hojalyk ekinlerini suwarmagyň kabul edilen režiminiň berjaý edilmezligi;
- ýerasty suwlaryň derejesiniň ýere ýakyn bolmagy;
- zeýakaba-zeýkeş ulgamynyň ýeterlik gür bolmazlygy;
- ýokary derejede minerallaşdyrylan hapa suwlar bilen suwarylmagy;
- iýmit suwunda we azyk önümlerinde pesdisidleriň bolmagy;
- topraklaryň dürli awuly himikatlar we mineral dökünler bilen hapalanmagy;
- howanyň hapalanmasy;
- şorlaşan ýerleriň deslapdan duzsuzlandyrmasyz özleşdirilmegi;
- artykmaç suw sarp etmek we önümçilik däl ýitgiler;
- suwaryş we melioratiw ulgamynyň rejesiz ulanylmagy.

Täze özleşdirilýän ýerleriň toprak-melioratiw aýratynlyklaryna ýeterlik baha berilmezligi örän dartgynly, hatda çökgünli ýagdaýlaryň ýüze çykmagyna getirýän howpuň mysaly bolup biler.

## IV. ÇGGHMM-NI AMALA AŞYRMAGYŇ ŞERTLERINDE INTEGRIRLENEN MALIÝE ULGAMY

Islendik maksatnamanyň amala aşyrylmagynyň we durnuklylygynyň esasy şerti onuň kepillendirilen maliýe üpjünçiligi bolup durýar. Bu, aýratyn-da, tebigaty goraýyş taslamalaryna degişli. Tebigaty goraýyş taslamalarynyň benefisiarlary (peýda alyjylary) dürli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bolup durýar, olara, ilkinji nobatda, Tebigaty goramak ministrligi, Oba hojalyk ministrligi, Suw hojalyk ministrligi, Maldarçylyk boýunça döwlet birleşigi, ýerli ýerine ýetiriji edaralar (häkimlikler), ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary (geňeşler) we ýerli bileleşik degişli.

ÝSDD-niň potensialyny ýokarlandyrmak boýunça Köp ýurtly taslamany amala aşyrmagyň çäklerinde 2012-nji ýylda "Integrirlenen maliýe ulgamy (ÝSDD-niň ulgamynda amaly taýdan ulanmagyň meseleleri)" taýýarlandy. Integrirlenen maliýe ulgamynyň (IMU) esasy maksady tebigaty goraýyş taslamalaryna degişli maksatnamalaryň maliýeleşdiriliş prosesini gowulandyrmak bolup durýar. Integrirlenen maliýe ulgamy "Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň Milli strategiýasyna" doly laýyk gelýär we ýer serişdelerini durnukly dolandyrmak bilen bagly meseleleri çözmek üçin maliýe serişdeleriniň esasy çeşmelerini we olaryň hereket getirilmegini kesgitleýär, şeýle hem serişdelere baha bermekde, paýlamakda we harçlamakda päsgelçilikleri kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Ýer serişdelerini

durnukly dolandyrmak ulgamyndaky taslamalar üçin maliýeleşdirmäniň esasy çeşmeleri içerki, daşarky we innowasion serişdeler bolup biler. Bu toplumlaýyn ulgamyň esasy wezipesi dürli çeşmeleriň maliýe serişdelerini birleşdirmek we oňyn paýlamak, olary maksatlaýyn ulanmak we olara gözegçilik etmek bolup durýar.

Garalýan IMU ÇÇGHMM-niň esasy düzgünlerini amala aşyrmak üçin möhüm düzüm bölegi bolup hyzmat edip biler, bu bolsa zerur bolan serişdeleriň herekete getirilmegini gazanmaga mümkinçilik berer. Şunda ÇGGK-niň strategik we amaly maksatlarynyň gazanylmagy mümkin bolýar:

- ÇGGK-ni netijeli amala aşyrmagyň hasabyna global peýdalary gazanmak.
- Milli we halkara subýektleriniň arasynda netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýmak arkaly ÇGGK-niň amala aşyrylmagy üçin serişdeleri mobilizlemek.
- Maliýeleşdirek we tehnologiýalary geçirmek: milli, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn derejelerde maliýe we tehnologik serişdeleri mobilizlemek we olary netijeliligi hem-de effektiwligi ýokarlandyrmak maksady bilen ulanmak.
- Milli meýilnamalaşdyrma, döwlet býujeti we maliýeleşdirmäniň beýleki mümkinçilikleri bilen hakyky baglanyşyklary ýola goýmak.
- Pudagara hyzmatdaşlygynyň netijeli mehanizmini işläp düzmek.
- Ýer serişdelerini durnukly dolandyrmak ulgamyndaky taslamalar üçin maliýeleşdirmäniň esasy çeşmeleri içerki, daşarky we innowasion serişdeler bolup biler.

Häzirki wagtda Türkmenistanda ÝSDD-niň maksatlary üçin, esasan, içerki maliýe serişdeleri, uly bolmadyk möçberde daşarky serişdeler ulanylýar we innowasion maliýe serişdelerini çekmek boýunça iş alnyp barylýar.

Integrirlenen maliýe ulgamy ÝSDD ulgamyndaky başlangyçlara goldaw bermek üçin maksatnamanyň amala aşyrylmagy üçin dürli çeşmeleriň serişdeleriniň çekilmegini göz öňünde tutýar:

- içerki maliýe serişdeleri;
- daşarky maliýe serişdeleri;
- innowasion maliýe serişdeleri.

Ýokarda görkezilen ähli serişdeleriň mobilizlenmegi diňe hyzmatdaşlyk ýola goýlanda mümkin bolýar. Hyzmatdaşlygyň esasy maksatlary:

- başarnyklaryň bilelikde ulanylmagy, işiň utgaşdyrylmagy (ygtyýarlyklar, nou-hau we ş.m.);
- serişdeleriň bilelikde ulanylmagy (maliýe we adam serişdeleri);
- peýdalary almak;
- tejribe alyşmak we ýaýratmak;
- ylalaşyklara/borçnamalara (gazanylan ylalaşyga) kanuny güýjüň (hukuk güýjüniň) berilmegi.

2003-nji ýylda Türkmenistan Merkezi Aziýa ýurtlarynyň Çölleşmäge garşy göreşmek boýunça Hereketleriň subregional maksatnamasynyň işlenip düzülmegine we kabul edilmegine gatnaşdy.

Çölleşmäge garşy göreşmek meseleleri boýunça Türkmenistan BMG-niň Ösüş maksatnamasy (UNDP), BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasy (UNEP), BMG-niň Çölleşmäge garşy göreşmek boýunça Konwensiýasynyň Sekretariaty we Global mehanizmi, Global ekologik gazna (GEF), Halkara hyzmatdaşlygy boýunça german jemgyýeti (GIZ), Aziýanyň ösüş banky we beýleki halkara guramalar bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär.

**Maliýeleşdiriş içerki çeşmeleri** Maliýeleşdirmäniň bu çeşmesi ýurtda gönüden-göni ÝSDD bilen bagly taslamalar amala aşyrylanda has giňden ulanylýar. Içerki maliýe çeşmelerine şu aşakdakylar degişlidir:

- döwlet serişdeleri, olar öz nobatynda, maliýeleşdirmäniň býujet çeşmelerinden, Türkmenistanyň walýuta gaznasynyň serişdelerinden, kärhanalaryň we guramalaryň hususy serişdelerinden ybaratdyr;
- karz serişdeleri, olaryň düzümine gaýtarylmaly esasda bölnüp berilýän milli banklaryň karzlary we býujet serişdeleri girýär;
- daýhan birleşikleriniň serişdeleri;
- döwlete dahylsyz guramalaryň serişdeleri;
- ilatyň serişdeleri.

Häzirki wagtda ÝSDD bilen bagly taslamalar amala aşyrylanda maliýeleşdirmäniň býujet çeşmeleri onuň has uly bölegini eýeleýär. Şunda býujet serişdeleriniň döwlet merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlary we amaly harajatlar üçin pul kömeklerini maliýeleşdirmek üçin gönükdirilýändigini bellemek gerek.

Döwlet merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň hasabyna tebigy öri meýdanlary suwlulandyrmak, ozal suwlulandyrylan öri meýdanlarda ownuk suwlulandyryş desgalarynyň durkuny täzelemek, suwarymly ýerleriň toplumlaýyn durkuny täzelemek, hereket edýän suwaryşyň ýerlerini melioratiw taýdan gowulandyrmak, köpýyllyk agaç nahallary üçin damjalaýyn suwaryş ulgamlarynyň gurluşygy, sil gelmek howply etraplarda eroziýa garşy çäreler, lagym ulgamlaryny gurmak, awtoulag ýollarynyň gurulýan zolaklarynda çägeleri berkitmek we başg. boýunça çäreler amala aşyrylýar. Suwarymly ýerleriň we tebigy öri meýdanlaryň ýaramazlaşmagynyň meselelerini çözmekde döwletiň merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlarynyň ähmiýeti ýakyn we orta geljekde hem birinji derejeli bolmagynda galar.

Daşoguz şäherinde 2010-njy ýylyň 14-nji maýynda bolup geçen Ýaşulular maslahatynyň kararyna laýyklykda häzirki wagtda ýurduň öri meýdanlaryny suwlulandyrmak boýunça maksatnama işlenip düzülýär, oňa laýyklykda 2020-nji ýyla çenli ozal suwlulandyrylmadyk öri meýdanlaryň ählisi suwlulandyrylmaly (bu 14 mln. ga golaý ýa-da umumy meýdanyň 36,7%-idir). Mundan başga-da, bu maksatnama laýyklykda ozal suwlulandyrylan öri meýdanlaryň uly böleginde ownuk suwlulandyryş desgalarynyň durky täzelenmeli. Bu işleri ýerine ýetirmek üçin döwletiň merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlarynyň gönükdirilmegi çaklanylýar. Bu işleriň amala aşyrylmagy suwlulandyrylan bölege malyň bakylmagy sebäpli

düşýän agramy düýpli peseltmäge we şunuň netijesinde olaryň ýaramazlaşmak prosesini togtatmaga mümkinçilik berer, bu bolsa ahyrky netijede dowardarçylygyň netijeliliginiň we oba ilatynyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagynda ýüze çykar.

Amaly harajatlar döwlet býujetinden gidromelioratiw ulgamy, öri meýdan suw geçirijilerini ulanmak boýunça gulluklary saklamaga, şol desgalarda abatlaýyş-dikeldiş işlerini ýerine ýetirmäge bölnüp berilýär. Maliýeleşdirmäniň şu çeşmesiniň hasabyna Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri boýunça gulluk tarapyndan esasy işler ýerine ýetirilýär. Mundan başga-da, býujetleýin ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryny saklamaga bölnüp berilýän serişdeleriň hasabyna ilatly nokatlaryň töwereginde köpýyllyk agaçlaryň oturdylmasy we ideg edilmesi amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň walýuta ätiýaçlygynyň serişdeleri, esasan, Türkmenistanyň Suw hojalyk ministrliginiň bölümçeleri üçin ýer gazyjy-gurluşyk tehnikasyny satyn almak üçin ulanylýar, ol soňra täze ýerleri özleşdirmek, suwarymly ýerleriň toplumlaýyn durkuny täzelemek, bar bolan suwarymly ýerleri melioratiw taýdan gowulandyrmak, magistral zeýakabalary gurmak boýunça işler ýerine ýetirilende ulanylýar, bu zeýakabalaryň iň irisi "Altyn asyr" Türkmen kölüniň melioratiw ulgamyna girýän zeýakabalar bolup durýar. Şeýlelikde, tehnikany satyn almaga harçlanylýan serişdeler çölleşmek prosesleriniň öňüni alýan işleri düýpli artdyrmaga we olaryň hilini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Şunuň bilen birlikde, maliýeleşdirmäniň şu çeşmesiniň hasabyna täze oba hojalyk tehnikasy satyn alynýar. Hökümet tarapyndan degişli karar kabul edilen ýagdaýynda maliýeleşdirmäniň şu çeşmesiniň hasabyna beýleki taslamalar hem amala aşyrylyp bilnerdi. Mysal üçin, 2010-njy ýylda bu serişdeleriň hasabyna Daşoguz welaýatynda täze oba hojalyk institutynyň gurluşyg tamamlandy, bu bolsa gürrüňsiz suratda ÝSDD ulgamynda işgärler kuwwatyny güýçlendirmäge oňyn täsir eder. Ozal ýurtda pudaklaýyn döwlet gaznalary bardy, olar degişli pudaklara maliýe goldawyny bermek üçin döredilipdi. Hususan-da, agrosenagat toplumyna maliýe goldawyny bermek üçin Oba hojalygyny ösdürmegiň döwlet gaznasy işleýärdi. Bu gaznanyň serişdelerini emele getirmegiň esasy çeşmeleri eýeçiligiň ähli görnüşindäki kärhanalaryň girdejilerinden geçirimler bolýardy. 2008-nji ýylda bu gazna beýleki pudaklaýyn gaznalar ýaly ýatyryldy. Ozal Oba hojalygyny ösdürmegiň döwlet gaznasyna gelip gowşan serişdeler häzirki wagtda Oba hojalyk ministrliginiň býujetden daşary hasabynda toplanýar we döwlet buýurmasy boýunça oba hojalyk ekinleri (gowaça we bugdaý) ösdürilip ýetişdirilende oba hojalyk önümlerini öndürijiler tarapyndan çekilen harajatlaryň 50%-iniň öwezini dolmaga gönükdirilýär. Býujetden daşary serişdeleri başga maksatlar üçin ulanmak göz öňünde tutulmadyk.

Döwlet kärhanalarynyň we guramalarynyň ýer serişdelerini goramaga gönükdirilýän döwlet serişdeleriniň umumy mukdaryndaky paýy örän az. Häzirki

wagtda bu çeşmäniň hasabyna, esasan, agaç oturtmak işleri, olary suwarmak üçin damjalaýyn suwaryş ulgamynyň gurluşygy, Hazar deňziniň kenaryny tolkun suwlaryndan goramak we başg. işler amala aşyrylýar.

Ýurduň ykdysadyýetiniň beýleki ugurlarynda kärhanalaryň we guramalaryň hususy maliýe serişdeleri uly möçberlerde ulanylýar. Hususan-da, nebit-gaz toplumynyň ösdürilmesi doly möçberde diýen ýaly onuň düzümine girýän kärhanalaryň we guramalaryň hususy serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, bu toplumyň maliýe mümkinçiliklerini nebit-gaz ýataklary işlenip taýýarlananda çölleşme hadysalaryna antropogen täsiriň öňüni almak boýunça işe çekmegiň mehanizmlerini işläp düzmek zerur. Şu meseläni çözmek üçin maliýeleşdirmäniň bu çeşmesiniň ýurduň ykdysadyýetiniň beýleki pudaklaryndan hem çekilmegi mümkindir.

Ýokarda bellenişi ýaly, kärhanalaryň we guramalaryň hususy serişdeleri Döwlet býujetinde hasaba alynýar. Olar salgytlar, ýygymlar we beýleki hökmany tölegler tölenenden soň kärhanalaryň we guramalaryň ygtyýarynda galýan girdejileriň we beýleki girdejileriň hasabyna emele getirilýär.

Ýerleriň ýaramazlaşmagynyň öňüni almak boýunça çärelerde karz serişdeleri asla ulanylmaýar diýen ýalydyr. Bu suwarymly ýerleriň we tebigy öri meýdanlaryň uly böleginiň ýakyn geljekde döwletiň eýeçiliginde durýandygy bilen şertlendirilendir. Ýeriň uzakmöhletleýin kärendä berilmegi maliýeleşdirmäniň bu çeşmesiniň ulanylyş derejesini ýokarlandyryp bilerdi.

Döwlete dahylsyz sektoryň kärhanalarynyň serişdeleri (maliýeleşdirmäniň hususy çeşmeleri) çölleşmäge garşy göreşmek boýunça çärelere asla çekilmedi diýen ýalydyr. Hususy sektoryň işi dolandyryş dogry guralan ýagdaýynda maliýeleşdirmäniň düýpli çeşmesine öwrülip biler. Şunuň bilen baglylykda, ýer serişdelerini durnukly dolandyrmak ulgamyna maliýe serişdelerini çekmek boýunça çäreleri işläp düzmek zerur. Şu maksatlar bilen şu meseläni çözmäge maýa goýýan hususy düzümler üçin salgyt ýeňillikleriні, karzlaryň möhletiniň uzaldylmasyny, ygtyýarnamany almak boýunça amallaryň aňsatlaşdyrylmagyny we başg. belläp bolardy.

Ýerleriň ýaramazlaşmagynyň öňüni almak boýunça çärelerde daýhan birleşikleriniň serişdeleri asla ulanylmaýar diýen ýalydyr. Bu mallaryň baş sanynyň uly bölegi ýurt garaşsyzlygy alnandan soň hususyýetçilere geçirilendigi sepäpli bolup geçýär. Maldarçylygyň merkezleşdirilmezligi ýollary gurmak, ozal gurlan suwa ýaşyş desgalaryny abatlamak we täzelerini gurmak boýunça çäreleri maliýeleşdiremk üçin bu çeşmäni doly möçberde ulanmaga mümkinçilik bermeýär. Maldarçylyk boýunça döwlet birleşiginiň düzüminde saklanyp galan iri maldarçylyk hojalyklary hem çölleşme hadysalarynyň öňüni alýan çärelere hususy serişdelerini maýa goýmak boýunça inisiatiwa görkezmeýär, bu olaryň ýetmezçilik edýändigi we öri meýdanlardaky işleriň aglabasy maliýeleşdirmäniň býujet çeşmeleriniň hasabyna amala aşyrylýandygy sebäpli bolmaly.

Ilatyň serişdeleri giňden ulanylmaýar. Ýokarda bellenişi ýaly, mallaryň uly böleginiň hususy eýeçilikdedigini hasaba almak bilen, mallary bakylýan ýerlerini ýeterlik ulanylmaýan territoriýalara çenli giňeltmek bilen mallary bakmagyň galjaňlygyny dikeltmek üçin tagallalary görmek zerur. Esasy wezipe gyralaýayn ýollar we suwa ýakyş desgalary ýaly infrastrukturalara maýa goýumlaryň gerekdiginden ybaratdyr. Bu wezipäniň çözülmegi maldarlar käbir ýurtlarda hereket edýän Suwdan peýdalanyjylaryň assosiasiýasyna meňzeş köpçülikleýin guramalara birleşen ýagdaýlarynda mümkin bolardy.

Ýokarda beýan edilenler şu aşakdaky netijelere gelmäge mümkinçilik berýär:

- ýakyn geljekde içerki maliýeleşdirmäniň esasy çeşmesi döwlet býujeti bolup galar;
- ýerden peýdalanyjylary we öri meýdanlary peýdalanyjylary höweslendirmek üçin ýakyn we orta geljekde gatançlaryň hasabyna emele getirilýän hususy gaznalary bolan Assosiasiýalary döretmek maksada laýyk bolar, olaryň serişdeleriniň bir bölegini maksatlaýyn niýetlenmesi boýunça - ýer serişdeleriniň netijeli ulanylmagyny üpjün edýän hem-de olaryň hilini we hasyllylygynyň saklanyp galmagyny kepillendirýän çäreleri amala aşyrmak üçin ulanylyp bilner;
- milli banklardan karzlary almagyň olar üçin amatly mehanizmi işlenip düzülen ýagdaýynda içerki maliýeleşdirmäniň düzümine ilatyň we daýhan birleşikleriniň goşmaça serişdeleriniň çekilmegi orta geljekde mümkindir;
- ýakyn wagtda ýerden rejeli we netijeli peýdalanmagy üpjün edýän ýerden peýdalanyjylary we kärendeçileri ykdysady taýdan höweslendirmegiň anyk mehanizmini işläp düzmek zerur;
- ýakyn geljekde kanunçylyk we kadalaşdyryjy binýady ("Öri meýdanlar hakyndaky" Kanun, "Topraklar hakyndaky" Kanun, Öri meýdanlardan peýdalanyjylaryň assosiasiýasy hakyndaky Düzgünnama (Tertipnama) we ş.m.) gowulandyrmaga gönükdirilen çäreleri amala aşyrmak zerur.
- Oba hojalygy ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri boýunça gulluga gyssagly ýagdaýda bar bolan öri meýdanlaryň tükelleýşini geçirmek we öri meýdanlardan peýdalanyjylaryň arasynda öri meýdanlaryň gaýtadan berkidilmesini amala aşyrmak zerur.
- Ýakyn geljekde öri meýdanlarda territoriýalary guramagyň taslamalaryny gyssagly işläp düzmek we öri meýdan dolanyşygyny ornaşdyrmak zerur.

**Daşarky maliýe serişdeleri.** Bu ýerde gürrüň göni daşary ýurt maýa goýumlary, daşary ýurt karzlary, halkara maliýe guramalarynyň grantlary, multinasional korporasiýalar, rehim-şepagatlylyk gaznalary we ş.m. hakynda barýar. Häzirki wagtda maliýeleşdirmäniň bu çeşmesi çäkli ýagdaýda ulanylýar. Emma ýurtda daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça belli bir tagallalar dilýär, hususan-da, her ýyl halkara maýa goýum forumlary geçirilýär.

Ösüşiň häzirki tapgyrynda ýer serişdeleriniň dolandyrylyşyny çalt we netijeli gowulandyrmagyň esasy şertleriniň biri diňe bir bu ulgamda maksada gönükdirilen döwlet syýasaty däl-de, bu ugurda giň gerimli halkara aragatnaşyklaryny ösdürmek bolup durýar. Hususan-da, ekologiýa ulgamyna maliýeleşdirmäniň daşarky çeşmelerini çekmek, olara ozalky döwürlerde ýeterlik üns berilmeýärdi.

Bazar ykdysadyýetine geçilmegi ençeme onýyllyklarda toplanan ekologik meseleleri öz-özünden çözüp bilmeýär, edil şunuň ýaly ozal bu meseleler diňe merkezleşdirilen dolandyryşyň usullary bilen çözülip bilinmedi. Şunuň bilen birleikde, ýurtda bazar gatnaşyklarynyň emele gelmegi daşary ýurtlardan maýa goýum serişdeleriniň çekilmegi, şol sanda ýurt üçin möhüm ekologik taslamalaryň, şeýle-de ýer serişdelerini durnukly dolandyrmak ulgamyndaky taslamalaryň amala aşyrylmagy üçin hususy telekeçiligiň, döwletara hyzmatdaşlygynyň we halkara maliýe we ykdysady guramalaryň maksatnamalarynyň ýollary boýunça maýa goýum serişdeleriniň çekilmegi üçin amatly şertleri döredýär.

Daşarky çeşmeler ýurduň çäklerinden daşardan çekilip bilinýän maliýe serişdeleri bolup durýar.

Maliýeleşdirmäniň bu çeşmeleri Ýer serişdelerini durnukly dolandyrmagyň (ÝSDD) maksatlaryny gazanmak üçin ulanylýan maliýe serişdeleriniň umumy düzüminde möhüm komponentleriň biri bolup durýar.

Ýurduň çäklerinden daşardan çekilen maliýe serişdeleri däp bolşy ýaly ÝSDD ulgamyndaky taslamalaryň aglabasyna belli bir goşant goşdy. Muňa garamazdan, maliýeleşdirmäniň bu çeşmesi maliýeleşdirmäniň içerki çeşmesine goşmaça serişdeler bolup durýar. Adatça, daşarky maliýeleşdirmäniň möçberleri ýurduň içinde serişdeleriň näçe mukdarynyň we bilelikde maliýeleşdirýän taraplaryň sanynyň tapylyp bilinjekdigine bagly bolýar.

Häzirki wagtda halkara donorlaryna dürli guramalaryň giň topary boýunça wekilçilik edilýär. Donorlaryň işi kömek etmek islenilýän ulgamlar, sebitler, serişdeleri bölüp bermegiň gurallary, maliýeleşdirmäniň möçberleri we serişdeleri we ş.m. boýunça tapawutlanýar.

Maliýeleşdirmäniň daşarky çeşmeleriniň potensial kategoriýalary:

- Ikitaraplaýyn donorlar;
- Köptaraplaýyn donorlar;
- Mysal üçin, göni daşary ýurt maýa goýumlary, täjirçilik taslamalary ýa-da korporatiw sosial jogapkärçiligiň taslamalary, täjirçilik karzlary we ş.m. ýaly hususy çeşmeler.
- Halkara YÖB;
- Halkara haýyr-sahawat guramalary.

Maliýeleşdirmäniň has köp ulanylýan daşarky çeşmeleri ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn donorlar bolup durýar.

Ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk - bu ýurtlaryň arasyndaky ýa-da döwletleriň arasyndaky kömek ýa-da ösüş boýunça ylalaşyk.

Köptaraplaýyn kömek köptaraplaýyn agentlikler tarapyndan dolandyrylýan serişdelerden ybarat, oňa birnäçe halkara taraplary goşant goşýar.

halkara donorçylyk birleşigi Türkmenistanyň çäginde çölleşmäge garşy göreşe uly goşant goşdy. Orta möhletli döwürde ýurtda donorlaryň gatnaşmagy bilen ÝSDD ulgamynda aşakdaky görkezilen taslamalaryň birnäçesi amala aşyryldy.

**Maliýeleşdirişmäniň innowasion çeşmeleri** Deslapky bölümlerde ýer serişdelerini durnukly dolandyrmak we çölleşmäge garşy göreşmek bilen bagly çäreleri maliýeleşdirmegiň içerki we daşarky çeşmelerine garaldy. Emma soňky ýyllarda dünýäniň maliýeleşdiriş tejribesinde maliýeleşdirmäniň täze potensial we adaty däl görnüşleri ýüze çykdy, olar umumylykda maliýeleşdirmäniň innowasion çeşmeleri diýlip atlandyryldy. Maliýeleşdirmäniň bu çeşmeleri çölleşmäge garşy göreşmek üçin gönükdirilýän maliýe akymlaryny köpeltmek üçin goşmaça serişdeler bolup durýar.

Soňky ýyllarda innowasion maliýe mehanizmleri donorlaryň syýasatynda we çemeleşmelerinde bolup geçýän üýtgeşmelere bagly bolmadyk maliýeleşdirmäniň durnukly we ygtybarly çeşmesi hökmünde barha uly ähmiýete eýe bolýar. Bu maliýe serişdeleriniň mobilizasiýasy çölleşmäge garşy göreşmegiň we ýer serişdelerini durnukly dolandyrmagyň ýörelgelerini özüne birleşdirýän mehanizmleriň üsti bilen amala aşyrylýar. Innowasion çeşmeleriň gaznalary ÝSDD boýunça çäreleri amala aşyrmaga gönükdirilip bilner.

Maliýeleşdirmäniň has köp ulanylýan innowasion mehanizmleri şu aşakdakylardyr:

- "Bergini tebigata" çalyşmak;
- Ekoulgam hyzmatlary üçin öwezlik tölegleriniň çyzgylary;
- EHT-Ekologik hyzmatlar üçin tölegler:
- Kiçi maksatlaýyn grantlar;
- Tebigaty goramak üçin ýeňillikler;
- Arassa ösüş mehanizmi (AÖM).

**Bergini tebigata çalyşmak** ýörelgesi ilkinji gezek geçen asyryň 80-nji ýyllarynda teklip edildi. Bu mehanizmiň düýp mazmuny maýadaryň bergidar tarap bilen bergidar ýurduň ýerli walýutada degişli pul möçberini tebigaty gorap saklamaga we tebigatdan rejeli peýdalanmaga gatanç etmek boýunça borçnamalarynyň ýerine onuň ýurduň bergisiniň ýa-da onuň bir böleginiň satyn alynmagy we hasapdan öçürilmegi hakynda ylalaşýandygyndan ybarat bolup durýar.

Elbetde, iri halkara guramalary berginiň çalşylmagyny ulanmazdan, ösýän ýurtlarda tebigaty gorap saklamak üçin serişdeleri gönüden-göni gatanç edip bilýärler, emma berginiň tebigata çalşylmagynyň mehanizmi tabigaty goraýyş maýa goýumlarynyň möçberlerini düýpli artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Şeýlelikde, daşky gurşawy goramak boýunça çäreleriň hasabyna daşarky berginiň hasaba alynmasy - bu bergigdar ýurduň berginiň belli bir şertlere laýyklykda ylalaşylan bölegini milli walýutada daşky gurşawyň ýagdaýyny gowulandyrmak üçin ulanmak borçnamasynyň ýerine daşarky bergini azaltmaga ýa-da özgertmäge mümkinçilik berýän ylalaşykdyr.

**Ekologik hyzmatlar üçin tölegler** giň manyda ekologik hyzmatlaryň käbir görnüşleriniň edilmegi maksady bilen olaryň ýerlerini dolandyrmagyň deregeine maldarlara ýa-da ýer eýelerine stimullary hödürlemegiň tejribesi hökmünde kesgitlenýär. Bu maksatlar tebigy serişdeleriň goralmagyna ýardam edýär. EHT maksatnamalary - ekologik hyzmatlaryň sarp edijileriniň we üpjün edijileriniň arasyndaky meýletin we özara bähbitli şertnamalardyr. Ekologik hyzmatlary edýän tarap öwezligiň ýerine talap edýän tarapa girdejiniň akymyny üpjün edýän ekologik haryt üçin eýeçilik hukugyna eýelik edýär. Ekoulgam hyzmatlarynyň benefisiarileri bu hyzmatlardan özleriniň alýan girdejisinden pes bolan bahany tölemäge taýýar. Öz nobatynda, ekoulgam hyzmatlarynyň üpjün edijileri hyzmatlaryň edilmegi üçin bahadan ýokary bolan tölegi kabul etmäge taýýar.

Ekoulgam hyzmatlarynyň 4 kategoriýasy bar:

- Hyzmatlaryň edilmegi. Adatça, ekoulgamlar tarapyndan öndürilýän ýa-da getirilýän harytlar, mysal üçin, biologik öndürijilikden alynýan azyk önümleri, ot-iýmler, süýüm we ş.m., süýji suw.
- Hyzmatlary düzgünleşdirmek. Ekoulgamlaryň düzgünleşdirmek proseslerinden alynýan peýdalar: suwy arassalamak we sazlamak, tohumlary tozanlandyrmak we ýaýratmak, klimaty düzgünleşdirmek (ösümlik örtüginiň üsti bilen ýerli derejede we uglerod sekwestrasiýasynyň üsti bilen global derejede).
- Medeni hyzmatlar. Ekoulgamlardan dynç alyş we syýahatçylyk, medeni özboluşylyk we köpdürlülik, ýerli halklaryň bilimleriniň ulgamy we başg. görnüşinde alynýan maddy däl peýdalar.
- Goşmaça hyzmatlar. Ýaşaýyş üçin şertleri üpjün edýän hyzmatlar - bu topraklaryň ösmegi, başlangyç önümçilik, ýokumly maddalaryň dolanyşygy.

Dünýä tejribesiniň görkezişi ýaly, ekologik hyzmatlaryň esasy alyjylary Milli hökümetler, hususy kompaniýalar, suw geçiriji hojalyklar bolup durýar, şunda tölegleriň 60%-e çenlisiniň hususy sektordan gelýändigini bellemek gerek. Ekologik hyzmatlaryň satyjylary, esasan, iri we ownuk fermerçilik hojalyklary bolup durýar.

Ekologik hyzmatlar üçin tölegleriň özboluşly mysaly haýsydyr bir derýanyň ýokarky akymynda ýerleşýän, ýerden peýdalanmagyň tejribesini gowulandyran fermerlere pul sylagynyň tölenilmegi bolup durýar, munuň netijesinde derýanyň aşaky akymynda ýerleşýän kärhanalar tarapyndan öz önümleri öndürilende ulanylýan derýa suwunyň hili gowulaşýar. Fermerlere pul sylagyny tölemegiň esasy sebäbi şol kärhana tarapyndan öndürilýän önümiň hiline derýa suwunyň arassalygy uly täsir

edýändiginden, onuň alternatiw usullar bilen arassalanmagy bolsa pul sylagynyň möçberinden geçýän harajatlara getirjekdiginden ybaratdyr. Şunuň bilen birlikde, tokaý we fermerçilik önümleriniň ekologik belgilemesi giňden ulanylýar. Şu ýagdaýda ekoulgam hyzmatlary üçin töleg önümiň bahasynyň düzüm bölegi bolup durýar.

Ekologik hyzmatlar üçin tölegleriň tejribesi häzirki wagtda Türkmenistanda ulanylmaýar. Muňa garamazdan, fermerçilik hojalyklarynyň sanynyň artmagy ýurduň şertlerinde maliýeleşdirmäniň şu mehanizmini ulanmagyň geljeginiň uludygy hakynda netijä gelmäge mümkinçilik berýär.

**Arassa ösüş mehanizmi.** Kioto teswirnamasynyň çäklerinde parnik gazlarynyň halkara söwdasy ýaly hadysanyň ýüze çykmagy uglerod bazarlaryny döretmek üçin itergi berdi. Uglerod maliýeleşdirmesi adalgasy döredildi, ol parnik gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmaga gönükdirilen işiň maliýeleşdirilmegini aňladýar. Uglerod bazarynyň harydy zyňyndylaryň azalmak birligi boldy. Bu bazarlaryň düýp mazmuny parnik gazlarynyň zyňyndylary üçin kwotalaryň söwdasyndan ybaratdyr. Ilkinji uglerod geleşikleri 2000 -nji ýylda baglaşylyp başlady we satylýan uglerod aktiwleriniň mukdary her ýyl artýar.

Halkara kadalary we düzgünleri, esasan, uglerod geleşiklerini düzgünleşdirmegiň meselelerine üns berýär. Milli kanunçylyk AÖM-niň taslamalaryny, taslamanyň fiziki taýdan amala aşyrylmasyny maliýeleşdirmek, SSW-ni satmak, salgyt salmak meseleleri we gümrük meseleleri çözülende ulanylýar.

Halkara derejesinde AÖM üçin AÖM boýunça Ýerine ýetiriji geňeş (ÝÝG) jogapkärçilik çekýär, ol öz işinde ýylda 1 gezek geçirilýän Taraplaryň Konferensiýasyna/ Taraplaryň duşuşygyna tabyn bolýar. Milli derejede AÖM üçin AÖM boýunça Ygtyýarly milli edara jogapkärçilik çekýär. Halkara düzgünleri bilen kesgitlenen bu edaranyň esasy wezipesi - bu Makullama hatyna gol çekmekdir. Onuň düzümi, maliýeleşdirilmesi we funksional borçlary bilen bagly galan ähli meseleleri ýurt özbaşdak çözýär.

AÖM taslamasyny kabul ediji ýurt HÜÇK-niň 1-nji Goşundysyna girmedik, Kioto teswirnamasyny ratifisirlän we Ygtyýarly milli edarany döreden islendik ýurt bolup biler.

Häzirki wagta çenli ýurtda şeýle taslamalar amala aşyrylmady. Emma Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen ýurtda AÖM-niň Pudagara topary döredildi, ol tarapyndan AÖM-niň taslamalaryny işläp taýýarlamagyň, makullamagyň we amala aşyrmagyň tertibi taýýarlandy. Ýagny Türkmenistan kabul edýän tarap üçin bellenen talaplara doly laýyk gelýär.

**Kiçi maksatlaýyn grantlar**. Şu ýagdaýda gürrüň çölleşmäge garşy göreşmek boýunça çärelere maliýe goldawyny bermek üçin haýyr-sahawat tertibinde bölnüp berilýän pul serişdeleri hakynda barýar. Bu çeşmäni çekmek üçin ýaramazlaşma sezewar bolan tebigy obýekti (suwarymly ýerleriň bölegini, öri meýdan territoriýasyny) kesgitlemek, haýsydyr bir gurama, mysal üçin banka ýa-da iri kompaniýa ýerleriň

ýaramazlaşmak hadysasynyň öňüni almak boýunça çäreleri ýerine ýetirmek üçin grantyň berilmegi, hyzmatlaryň ýa-da tehniki goldawyň edilmegi hakyndaky haýyş bilen ýüzlenmek zerur. Häzirki wagtda köpsanly guramalar oňyn ekologik abraýa eýe bolmaga ymtylýarlar. Şunuň bilen baglylykda, kömegiň edilmegi hakyndaky ylalaşyk gazanylan ýagdaýynda şol guramanyň daşky gurşawy goramaga ygrarlydygy hakyndaky maglumaty köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde beýan etmek üçin çäreleri görmek zerur. Häzirki wagtda ekologik taslamalary maliýeleşdirmegiň şu mehanizmi giňden ulanylmaýar, ýöne garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanda hususy kärhanalaryň uly mukdarynyň döredilendigini, şeýle hem ýurduň ykdysadyýetinde daşary ýurt şereketleriniň we kompaniýalarynyň ençemesiniň işleýändigini hasaba alsaň, maliýeleşdirmäniň bu çeşmesi giňden ulanylyp bilner.

Içerki çeşmeleriň düzüminde maliýeleşdirmäniň has iri we möhüm çeşmesi, ozalkysy ýaly, býujet serişdeleri bolup galar. ÝSDD ulgamynda maliýeleşdirmäniň ähmiýeti boýunça başga bir çeşme kärhanalaryň we guramalaryň hususy serişdeleri bolar. Maliýeleşdirmäniň galan çeşmeleri çäkli möçberde ulanylar.

Çölleşmäge garşy göreşmek boýunça hereketleriň meýilnamasynyň çäklerinde içerki çeşmeleriň hasabyna şu aşakdaky çäreler maliýeleşdirilip bilner:

**Suwarymly ýerleriň toplumlaýyn durkuny täzelemek**. Işleriň şu görnüşini amala aşyrmagyň esasy maksady suw serişdelerini tygşytlamak we suwarymly ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak bolup durýar.

**Toplumlaýyn durkunyň täzelenmegini talap etmeýän ýerlerde zeýakaba-zeýkeş ulgamlaryny gurmak we olaryň durkuny täzelemek**. Işleriň şu görnüşiniň ýerine ýetirilmegi bar bolan suwarymly ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmaga, ýagny ýerleriň goşmaça şorlamak we ýerasty suwlaryň derejesiniň ýokary galmak hadysalarynyň öňüni almaga mümkinçilik berer.

Oba hojalyk ekinleriniň **suwarmagyň öňdebaryjy tehnologiýalaryny ornaşdyrmak** (damjalaýyn we topragasty suwarma, emeli ýagyş ýagdyrma). Maksady - suw serişdelerini tygşytlamak, suwarymly ýerleriň goşmaça şorlaşma we batgalaşma hadysalarynyň öňüni almak, oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygyny ýokarlandyrmak.

**Täze suw howdanlaryny gurmak, şeýle hem hereket edýän suw howdanlarynyň durkuny täzelemek we sygymlylygyny giňeltmek**. Bar bolan suw serişdeleriniň möwsümleýin we köpýyllyk sazlamasynyň derejesini ýokarlandyrmak we şu esasda suwarymly ýerleriň suw üpjünçiligini artdyrmak.

Derýalarda S**uw alma garşy we kenar berkidiş we işlerini hem-de hanalary göneldiş işlerini geçirmek**. Yzygiderli ýüze çykýan suw almalaryň halk hojalyk desgalaryna ýetirip biljek ýaramaz täsirleriniň öňüni almak, topraklaryň suw erozasiýasyna garşy göreşmek we ş.m.

**«Altyn asyr» Türkmen kölüniň gurluşygyny dowam etmek**. Köli gurmagyň esasy maksatlary Amyderýanyň suwunyň hilini ýokarlandyrmak, çölde ýerleşýän öri meýdanlaryň çägine zeýakaba-zeýkeş suwlarynyň guramaçylyk taşlanmagy

netijesinde olaryň batgalaşmagynyň öňüni almak, suwarymly ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak, magistral zeýakabalaryň trassalarynyň ugrundaky öri meýdanlary suwlulandyrmak bolup durýar.

**Tebigy öri meýdanlary suwlulandyrmak**. Tutuş ýylyň dowamyndaky öri meýdan dolanyşygyna ähli tebigy öri meýdanlary goşmak we munuň netijesinde mallaryň çendenaşa bakylmasynyň derejesini peseltmek.

**Ozal suwlulandyrylan öri meýdanlarda ownuk suwlulandyryş desgalarynyň durkuny täzelemek**. Tutuş ýylyň dowamyndaky öri meýdan dolanyşygyna ähli tebigy öri meýdanlary goşmak we mallaryň çendenaşa bakylmasynyň derejesini peseltmek. Tebigy öri meýdanlary suwlulandyrmak, şeýle hem energiýanyň alternatiw çeşmelerini we öňdebaryjy tehnologiýalary (gün we ýel energiýasy, duzly suwlary süýjetmek) ulanmak bilen ozal suwlulandyrylan öri meýdanlarda ownuk suwlulandyryş desgalarynyň durkuny täzelemek. Tutuş ýylyň dowamyndaky öri meýdan dolanyşygyna ähli tebigy öri meýdanlary goşmak we mallaryň çendenaşa bakylmasynyň derejesini peseltmek, energiýanyň adaty çeşmelerini tygşytlamak.

**Şäherleriň we ilatly nokatlaryň töwereginde ýaş agaç nahallaryny oturtmak**. Suw we ýel eroziýasynyň öňüni almak, topraklarda yzgaryň toplanmasyny ýokarlandyrmak, epgeklerden goramak, amatly mikroklimaty döretmek.

**Sil gelmek howpy bar bolan etraplarda toprak goraýyş çäreleri**. Sil suwyny saklaýjylary (sil suwuny kabul edijileri) döretmek, derýalaryň hanalaryny göneltmek we giňeltmek.

Gurulýan awtomobil we demir ýolllaryň, turba geçiriji ulaglaryň ugrunda, nebit we gaz gazylyp alynýan territoriýalarda çäge berkidiş çäreleri. Topraklaryň eroziýasynyň öňüni almak.

Daşarly maliýe serişdeleri (esasan, donorçylyk bileleşiklerinden tapylan serişdeler) potensialy ýokarlandyrmak, tehniki goldaw we ş.m. bagly dürli taslamalar amala aşyrylanda ulanylar. Şunda ýurduň goşandy bilermenleri we jaýlary bermekde, kompýuter tehnologiýalaryny ulanmakda we ş.m. ýüze çykar.

# V. ÇGGHMM-NIŇ WEZIPELERINI ÇÖZMEK ÜÇIN KANUNÇYLYK BINÝADYNY KÄMILLEŞDIRMEK BOÝUNÇA HÖDÜRNAMALAR

***5.1. Tebigaty goraýyş kanunçylygyny kämilleşdirmek we ÇGGHMM-ni amala aşyrylyşynyň netijeliligini ýokarlandyrmagyň guramaçylyk-hukuk usullary***

Soňky ýyllarda biziň ýurdumyzyň ýerden peýdalanyş ulgamynda düýpli özgerişler bolup geçdi. Mysal üçin, örüde bakylýan maldarçylykda öri meýdanlaryň ot-iým sygymlylygyndaky, suwaryşyndaky, malyň sanynyň artmagyndaky we öri meýdanlaryň ulanylyşyndaky üýtgeşmeler bildirip başlady. Hususyýetçileriň we peýdalanyjylaryň dürli görnüşleri emele geldi: Maldarçylyk boýunça döwlet birleşigi, paýdarlar jemgyýetleri, agroşereketler, fermerler, kärendeçiler we ş.m. Häzirki wagtda Türkmenistanyň kanunçylygynda köpeltmäniň hojalyk işiniň esasy hukuk ýörelgeleri şöhlelendirilmeýär. Tebigy serişdeleri ulanmak meseleleri dürli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işiniň we jogapkärçiliginiň sferasynda durýar. Olaryň arasynda degişli ýagdaýdaky utgaşdyrmanyň we sazlaşykly hereketleriň bolmazlygy ekologik meseleleri, şol sanda çölleşmäge garşy göreşmek boýunça çäreleri amala aşyrmak meselelerini netijeli çözmäge mümkinçilik bermeýär. Ýerden peýdalanyjylaryň we maldarlaryň habarlylyk derejesiniň ýeterlik bolmazlygy sebäpli hödürlenýän tehnologiýalar häzir hem giňden ulanyşa eýe bolmaýar.

Çölleşmäge garşy göreşmek boýunça çäreleriň amala aşyrylmagy ekologik kanunçylygy mundan beýläk hem kämilleşdirmek zerurlygyny şertlendirýär. Hukuk özgertmeleriniň geçirilmegi häzirki zamanyň obýektiw şertleri - ýurduň durmuşynyň sosial-ykdysady, syýasy, gumanitar sferalaryndaky giň göwrümli özgertmeler bilen şertlendirilendir. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, şol sanda onuň daşky gurşawa degişli düzgünleriniň täzelenmegi häzirki ekologik kanunçylykda konstitusion düzgünleri amala aşyrmak zerurlygyny döredýär.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanda tebigaty goraýyş kanunçylygy döredildi, onuň esasy wezipesi tebigy gurşawy goramaga, onuň serişdelerini rejeli ulanmaga we ekologik ýagdaýy sagdynlaşdyrmaga gönükdirilen döwletiň ekologik syýasatyny hukuk taýdan üpjün etmek bolup durýar. Ýurtda yzygiderli ýagdaýda döwlet ekologik maksatnamalary amala aşyrylýar, daşky gurşawy goramak we tebigatdan rejeli peýdalanmak ulgamyndaky ýerine ýetiriji edaralaryň işi utgaşdyrylýar, bu ulgamda halkara hyzmatdaşlygy amala aşyrylýar.

Şunuň bilen birlikde, kadalaşdyryjy-hukuk namalar hukuk düzgünleşdirmesinde ekologiýa sferasynyň köpsanly jähtlerini öz içine almaýar, olarda ýer we suw serişdelerini, ösümlik we haýwanat dünýäsini goramagyň we rejeli peýdalanmagyň meseleleri ýeterlik berkidilen däldir, tebigy serişdeleriň peýdalanylandygy üçin tölegleriň bitewi ulgamy ýok, ekologiýa we tebigatdan peýdalanyş ulgamynda gözegçilik funksiýalarynyň gaýtalanmasy bar, guramaçylyk düzümleriniň arasynda

wezipeleriň we ygtyýarlyklaryň takyk tapawutlandyrylmasy ýok, netijeli ulanmak maksady bilen häzirki kanunçylygyň ekologik kanunlarynyň düzgünlerini amala aşyrmak bilen bagly meseleler bar we ş.m.

Aýry-aýry kanunçylyk namalary köp babatda jarnama häsiýetlidir, olarda hukuk kadalary ýeterlik takyk bellenmedik, bu bolsa olary amala aşyrmak prosesini kynlaşdyrýar, olaryň aýry-aýry düzgünleriniň çaprazlyklaryna we dürli teswirlenmesine getirýär.

Şunuň bilen baglylykda jemgyýetiň we daşky gurşawyň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän täze kanunlary, tebigy gurşawy goramaga we tebigatdan rejeli peýdalanmaga gönükdirilen kanunçylygy işläp düzmäge ýiti zerurlyk ýüze çykýar.

***5.2. Daşky gurşawy goramak we tebigatdan peýdalanmak ulgamyndaky kanunçylygy kämilleşdirmek.***

Çölleşmäge garşy göreşmek boýunça hereketleriň maksatnamasyny amala aşyrmaga gönükdirilen kadalaşdyryjy-hukuk namalarynyň has kämil ulgamyny işläp düzmek zerur. Daşky gurşawy goramagyň we tebigatdan peýdalanmagyň hukuk üpjünçiligi çölleşmäge garşy göreşmek boýunça hereketleriň maksatnamasynyň aýratynlyklaryny hasaba almak bilen, täze kadalaşdyryjy-hukuk namalary kabul etmek we hereket edýän kanunçylyk namalaryna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek arkaly amala aşyrylmaly.

Çölleşmäge garşy göreşmek boýunça çäreleriň amala aşyrylmagynyň jähtinden kadalaşdyryjy-hukuk binýadyň kämilleşdirilmegi şu aşakdakylara zerurlyk döredýär:

- ýer serişdelerini (şol sanda öri meýdan üçin bölnüp berlen ýerleri), suw, tokaý we beýleki tebigy serişdeleri, şeýle hem goralýan tebigy ýerleri durnukly dolandyrmagyň ulgamynda kanunçylygy kämilleşdirmek. Bu öri meýdanlar hakynda, topraklary ýel we suw eroziýasyndan goramak hakynda täze kanunlaryň kabul edilmegini, şeýle hem Türkmenistanyň "Ýer hakyndaky" we "Suw hakyndaky" kodekslerine ýerden we suwdan durnukly peýdalanmak jähtinden üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň girizilmegini;
- kanunlaryň netijeli ulanylmagy üçin zerur bolan kada-kanun namalaryny (kararlary, permanlary, görkezmeleri we ş.m.) kabul etmek arkaly ýer, suw, tokaý we beýleki tebigaty goraýyş kanunçylygynyň düzgünleriniň amala aşyrylmagyny şertlendirýär. Gürrüň ýer kadastryny ýöretmegiň tertibi, ýerleriň monitoringi, ýerleri öri meýdan hökmünde bermegiň tertibi we ş.m. hakyndaky kadalaşdyryjy-hukuk namalarynyň taýýarlanmagy hakynda barýar;
- obýektiw kriterileriniň esasynda olara berlen baha gaýtadan seretmek arkaly tebigy serişdelerden peýdalanylmagy üçin tölegiň tölenilmeginiň hökmanydygyny kadalaşdyryjy-hukuk namalarynda berkitmek;

- tebigatdan peýdalanyjylaryň ekologik düzgün bozmalara ýol berlendigi sebäpli daşky gurşawa ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak boýunça borçnamasyny berkitmek;
- ýer serişdeleriniň rejeli özleşdirilmegi üçin ygtybarly maglumatlar goruny döretmäge mümkinçilik berýän ähli ýer serişdeleriniň kadastr bahasynyň hukuk üpjünçiligi;
- çölleşme hadysalaryna sezewar bolan zolaklaryň (ýerleriň) hukuk tertibini kesgitlemek we çölleşmäge garşy göreşmek boýunça çäreleri amala aşyrmakda döwlet edaralarynyň we guramalarynyň borçlary;
- çölleşme hadysalarynyň güýçlenmegine getiren tebigaty goraýyş kanunçylygynyň bozulmagy üçin jogapkärçilik çärelerini ýokarlandyrmak;
- milli ekologik kanunçylygyň we BMG-niň Konwensiýasynyň düzgünleriniň özara sazlaşdyrylmagy, ony bu halkara-hukuk resminamasyna laýyk getirmek.

### *5.3. Çölleşmäge garşy göreşmekde ýerli öz-özüňi dolandyryşyň orny.*

BMG-niň çölleşmäge garşy göreşmek boýunça Konwensiýasy tebigaty goramak işini dolandyrmagyň merkezleşdirilmesini gowşatmak zerurlygyna ünsi çekýär, bu bolsa kanunçylykda welaýatlaryň, etraplaryň we geňeşleriň derejesinde daşky gurşawy goramak işinde ilatyň giňden gatnaşmasynyň berkidilmegini şertlendirýär.

1992-nji ýyldan bäri Türkmenistanda ýerli öz-özüňi dolandyryşyň täze ulgamy işleýär. Ozalky Halk deputatlarynyň sowetleri ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna-Geňeşlere çalşyldy.

Geňeşler ýerli öz-özüňi dolandyryş wezipelerini amala aşyrýar, şäherleriň, etraplaryň, şäherçeleriň, geňeşlikleriň çäginde halk häkimiýetiniň wekilçilikli edarasy bolup durýar.

Geňeşler öz territoriýasynda ýer eýeleriniň, ýerden peýdalanyjylaryň we ýeriň kärendeçileriniň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini üpjün edýärler; ýer serişdelerini rejeli ulanylmagyna we goralmagyna gözegçilik edýärler; tebigy serişdeleri rejeli ulanmak we daşky gurşawy goramak boýunça çäreleri kesgitleýärler; abadanlaşdyrmak we agaç ekmek boýunça işleri geçirýärler, ýaş agaç nahallaryna ideg etmek boýunça çäreleri görýärler; ilatly nokatlaryň, suw üpjünçilik çeşmeleriniň arassaçylyk ýagdaýyna gözegçilik edýärler.

Şeýlelikde, ýerli öz-özüňi dolandyrş edaralaryna ekologik meseleleri çözmek üçin uly ygtyýarlyklar berildi. Gynansak-da, bu ygtyýarlyklar hemişe doly derejede ulanylmaýar. Ýerden peýdalanmak, tokaý serişdelerini, goralýan tebigy ýerleri durnukly dolandyrmak we ş.m. ulgamlarda geçirilýän özgertmeler ýerli ýaşaýjylaryň inisiatiwasyny oýaryp bilerdi.

***5.4. Tebigaty goraýyş işini dolandyrmagyň guramaçylyk düzümini kämilleşdirmek.***

Soňky ýyllarda tebigaty goraýyş işini dolandyrmagyň guramaçylyk düzümini kämilleşdirmäge gönükdirilen möhüm tebigaty goraýyş çäreleri amala aşyryldy. Tebigaty goraýyş edaralarynyň düzüminiň we hukuk ýagdaýynyň belli bir derede gowulanmaga ýardam edýän guramaçylyk-hukuk çäreleri geçirildi.

Şunuň bilen birlikde, döwlet dolandyryş edaralarynyň tebigaty goraýyş işiniň netijeliligini mundan beýläk hem ýokarlandyrmak maksady bilen uly işleri amala aşyrmaly. Tebigaty goramagyň we tebigy serişdeleri rejeli ulanmagyň bähbitleri tebigaty goraýyş edaralarynyň işindäki sazlaşygyň gowulandyrylmagyny talap edýär. Tebigaty goramak we tebigy serişdeleri rejeli ulanmak meseleleriniň dürli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ygtyýarynda bolmagy, olaryň arasynda degişli ýagdaýdaky utgaşdyrmanyň we olaryň işine netijeli gözegçiligiň bolmazlygy ekologik meseleleri, şol sanda çölleşmäge garşy göreşmek boýunça çäreleri amala aşyrmak meselelerini netijeli çözmäge mümkinçilik bermeýär.

Mysal üçin, tebigaty goraýyş işine gözegçilik etmek wezipesini Tebigaty goramak ministrliginden başga-da Döwlet balyk hojalygy komiteti, Oba hojalyk ministrligi (Ýer serişdeleri boýunça gulluk), Suw hojalyk ministrligi, "Türkmengeologiýa" DK, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Gidrometeorologiýa baradaky milli komitet we başga edaralar ýerine ýetirýär. Mundan başga-da, döwlet gözegçiliginiň çygryndan öri meýdanlar ýaly ýer uçastoklary aýryldy, olaryň dolandyrylyşyne we olara gözegçilik edilmegine döwlet edaralarynyň hiç biri jogapkärçilik çekmeýär.

Rekultiwasiýa, ýel we suw eroziýasyna, topraklaryň şorlaşmagyna, öri meýdanlaryň ýaramazlaşmagyna garşy göreşmek boýunça işler dagynak, sazlaşyksyz ýerine ýetirilýär we milli derejede toplumlaýyn garalmaýar. Bu çäreleriň ählisiniň utgaşdyrylmagy we meýilnamalaşdyrylmagy ÇGGHMM ýerine ýetirilende zerurdyr.

Ýokarda aýdylanlardan ugur alyp, tebigaty goraýyş işini dolandyrmagyň düzüminiň kämilleşdirilmegini talap edýändigini bellemek gerek. Bu wezipäniň çözülmegi şu aşakdakylaryň amala aşyrylmak zerurlygyny şertlendirýär:

ÇGGHMM-niň düzgünleriniň ýerine ýetirilişini utgaşdyrmak we oňa gözegçilik etmek maksady bilen Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň ýanynda milli derejede daşky gurşawyň ýagdaýy we çölleşme hadysalaryna garşy göreşmek boýunça geçirilýän çäreler hakyndaky maglumatlary toplanmagyna, işlenip taýýarlanmagyna we saklanmagyna jogapkärçilik çekýän Çölleşmäge garşy göreşmek boýunça milli merkeziň (ÇGGMM) guralmagyny.

***5.5. Türkmenistanyň "Ýer hakyndaky" Kodeksine üýtgetmeleri hem-de goşmaçalary girizmek boýunça hödürnamalar.***

Türkmenistanyň ýer hakynda hereket edýän kanunçylygyny onuň ÝSDD-niň ýörelgelerine laýyklygy babatda seljermek.

Ýer kanunçylygyna baha bermek üçin, ilkinji nobatda, 2004-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda kabul edilen Türkmenistanyň "Ýer hakyndaky" Kodeksini we ýer

gatnaşyklarynyň ulgamyndaky beýleki kadalaşdyryjy-hukuk namalaryny seljermek, olaryň ýer serişdelerini goramak we rejeli peýdalanmak jähtinden netijeliligini kesgitlemek zerur.

Ýer gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän we fiziki hem-de ýuridik şahslaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän esasy kadalaşdyryjy-hukuk namalar döwletiň ýer serişdelerini goramak we rejeli ulanmak ulgamyndaky syýasatyny hukuk taýdan üpjün etmäge gönükdirilendir, olar hataryna şu aşakdakylar degişli:

- Türkmenistanyň Konstitusiýasy;
- Türkmenistanyň «Ýer hakyndaky» Kodeksi;
- Türkmenistanyň Tokaý kodeksi;
- Türkmenistanyň «Tebigaty goramak hakyndaky» Kanuny;
- Türkmenistanyň «Eýeçilik hakyndaky» Kanuny;
- Türkmenistanyň «Girew hakyndaky» Kanuny;
- Türkmenistanyň «Erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy hakyndaky» Kanuny;
- Türkmenistanyň «Daşary ýurt döwletleri tarapyndan ýeriň kärendesine alynmagy hakyndaky» Kanuny;
- Türkmenistanyň «Demir ýol ulagy hakyndaky» Kanuny;
- Türkmenistanyň «Daýhan birleşikleri hakyndaky» Kanuny;
- «Daýhan hojalygy hakyndaky» Kanun;
- Türkmenistanyň «Administratiw hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky» Kodeksi;
- Türkmenistanyň Jenaýat Kodeksi.

Bu ýer serişdeleriniň ulanylmagy we goralmagy bilen gönüden-göni baglanyşykly bolan ýa-da ýer gatnaşyklary bilen bagly aýry-aýry meselelere dahylly esasy kanunlardyr. Ykdysadyýetiň pudaklary hakyndaky köpsanly beýleki kanunlarda, eger-de bu ýer serişdelerini goramak we ulanmak bilen bagly bolsa, Türkmenistanyň "ýer hakyndaky" Kodeksine salgylanma kadalary bar.

Mundan başga-da, ilkinji nobatda, Türkmenistanyň "ýer hakyndaky" Kodeksinden gelip çykýan kada-kanun namalarynyň ençemesi bar. Şu ýagdaýda gürrüň ýer gatnaşyklarynyň ulgamynda ol ýa-da beýleki kada-kanun namalarynyň kabul edilmegini borçlandyrýan "Ýer hakyndaky" Kodeksiň salgylanma berilýän kadalary hakynda barýar.

Türkmenistanyň "Ýer hakyndaky" Kodeksi 21 bapdan we 122 maddadan ybarat, olardan 28 maddada we 32 bentde degişli kadalaşdyryjy-hukuk namalaryny taýýarlamagyň zerurlygy hakynda salgytlanma berilýär. Häzirki wagtda Ýer hakyndaky Kodeksiň 32 bendinden 13 sany kadalaşdyryjy-hukuk namalary taýýarlandy we kabul edildi, ýene iki sany resminama bolsa gözden geçiriş tapgyrynda dur (Ýer üçin töleg; Ýer üçin tölegleri we kärende tölegini tölemek biýunça fiziki we ýuridik şahslara ýeňillikleri bermegiň tertibi we şertleri).

Oba hojalygy ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri boýunça gulluga mundan başga-da Ýer hakyndaky kodeksden gelip çykýan şu aşakdaky kadalaşdyryjy-hukuk namalary taýýarlamak zerur:

1. Ýerleri ýer gorunyň bir toparyndan başga toparyna geçirmegiň tertibi;

2. Gulluk ýer paýyna hukugy bolan işgärleriň toparlarynyň sanawy we ony Türkmenistanyň raýatlaryna peýdalanmaga bermegiň tertibi;

3. Kesekiniň ýer böleginden çäklendirilen peýdalanmak hukugynyň (serwitutyň) bellenmegi;

4. Öri meýdanlary peýdalanmaga we kärendä bermegiň tertibi.

Ýer hakyndaky kodeksden gelip çykýan kadalaşdyryjy-hukuk namalarynyň galan 13-si Türkmenistanyň degişli ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan taýýarlanmaly.

***5.5.1. Türkmenistanyň «Ýer hakyndaky» Kodeksiniň düzgünlerini kämilleşdirmegiň esasy ugurlary***

Şeýlelikde, Türkmenistanyň "Ýer hakyndaky" Kodeksiniň seljerilmesi onuň aýry-aýry kadalarynyň ÝSDD-niň ýörelgelerine laýyk gelmeýändigini, Türkmenistanyň "Ýer hakyndaky" Kodeksi (2004 ý.) kabul edilenden soň agrosenagat toplumyny özgertmekde soňky ýyllarda bolup geçen üýtgeşmeleri hasaba almaýandygyny görkezýär, bu bolsa oňa aýry-aýry üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek zerurlygyny şertlendirýär.

1. Ýer böleklerini raýat-hukuk dolanyşygyna, bazar gatnaşyklaryna çekmek maksady bilen, Ýer hakyndaky kodeksi Türkmenistanyň beýleki kanunlaryna, mysal üçin, Türkmenistanyň Raýat kodeksine, "Eýeçilik hakyndaky" kanuna; ýer belli bir bergi borçnamalaryny ýerine ýetirmek we ş.m. babatda girew goýlup bilner ýaly Türkmenistanyň "Girew hakyndaky" Kanunyna laýyk getirmek zerur.

2. Kodeksiň maddalarynda görkezilen kadalaşdyryjy-hukuk namalaryny ýer serişdelerini ulanmak we goramak meseleleri boýunça ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň arasyndaky özara sazlaşygyň jähtinden doly işlemek gerek.

3. Türkmenistanyň "Ýer hakyndaky" Kodeksiniň düzgünlerini bozandygy üçin şahslara jerime çäreleriniň bellenmegi jähtinden "Türkmenistanyň administratiw düzgün bozmalar hakyndaky" Kodeksine üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek möhüm.

4. Harytlyk oba hojalyk önümçiligini ýöretmek üçin Türkmenistanyň raýatlarynyň ýerleri hususy eýeçilige we uzak möhletleýin kärende almagy hakyndaky meselä garamak zerur. Munuň üçin ähli zerur bolan hukuk esaslary bar. Hususanda, 1993-nji ýylyň 1-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň "Eýeçilik hakyndaky"

Kanunynda Türkmenistanyň raýatlaryna, raýatlaryň birleşigine we döwlete ýer eýeçilige, şeýle hem eýelik etmek we peýdalanmak hukugynda berlip bilinýändigi bellenýär. Ýeri bermegiň tertibi hem-de şertleri Türkmenistanyň kanunçylyk namalary bilen kesgitlenýär.

Ozal Prezidentiň 1993-nji ýylyň 2-nji fewralynda çykaran "Türkmenistanda ýerlere eýelik etmek we olary peýdalanmak hukugy hakyndaky" Permanyna laýyklykda şeýle bellenipdi:

- Türkmenistanyň raýatlaryna şahsy kömekçi hojalygy ýöretmek üçin ozal berlen we täze berilýän mellek ýerlerini, özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin, bagbançylyk we ýaýla ýer böleklerini hususy eýeçilge geçirmek.
- Türkmenistanyň raýatlaryna öz islegi boýunça meýdany 50 gektara çenli bolan ýer böleklerini hususy eýeçilige bermek, şeýle hem satmak, peşgeş bermek we çalyşmak hukugyny bermezden, erkin telekeçiligiň esasynda harytlyk oba hojalyk önümçiligini ýöretmek üçin uzak möhletleýin kärende şertlerinde ýerden peýdalanmak hukugyny bermek.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň 2-nji fewralyndaky № UP-758 belgili Permany bilen tassyklanan "Türkmenistanyň raýatlaryna ýerleri hususy eýeçilige we uzak möhletleýin kärendäniň şertlerinde peýdalanmaga bermek hakyndaky" Düzgünnama laýyklykda raýatlara suwarymly ýer bölekleri uzak möhletleýin hojalyk içindäki kärende potratynyň şertlerinde on ýyl we ondan hem köp möhletde bölnüp berilýärdi. Emma soňra 2004-nji ýylda Türkmenistanyň "Ýer hakyndaky" Kodeksiniň kabul edilmegi bilen bu perman we Düzgünnama öz güýjüni ýitirdi we raýatlaryň şahsy kömekçi hojalygy ýöretmek üçin ýere, özbaşdak ýaşaýyş jaý, bagbançylyk we ýaýla ýer böleklerine bolan hususy eýeçilik hukuklary hakynda onda berkidilen düzgünler köp babatda üýtgedi.

Türkmenistanyň "Ýer hakyndaky" Kodeksiniň 23-nji maddasyna laýyklykda ýer bölekleri Türkmenistanyň raýatlaryna şu aşakdaky maksatlar üçin hususy eýeçilige berlip bilner:

- oba ýerlerinde şahsy kömekçi hojalygy alyp barmak-mellek ýer;
- şäherlerde we şäherçelerde özbaşdak ýaşaýyş jaý gurluşygy;
- oba hojalyk önümini öndürmek, Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlaryna laýyklykda - daýhan birleşikleriniň we beýleki oba hojalyk kärhanalarynyň, öň uzak möhletli kärende şertlerinde peýdalanylýan ýerlerinden.

Emma Kodeksiň soňraky maddalarynda raýatlaryň ýere bolan eýeçilik hukugynyň üpjün edilmegi üçin belli bir çäklendirmeler we päsgelçilikler bar.

Mysal üçin, Kodeksiň 25-njy maddasyna laýyklykda, satmak, peşgeş bermek, çalyşmak we girewe goýmak hukugyny bermezden, Türkmenistanyň raýatlaryna mirasa goýmak hukugy bilen hususy eýeçilige şahsy kömekçi hojalygy ýöretmek üçin 0,12-den 0,16 gektara çenli möçberde mellek ýeri berilýär.

Kodeksiň 26-njy maddasyna laýyklykda, şäherlerde we şäherçelerde ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň maşgalalaryna, mirasa goýmak hukugy bilen hususy eýeçilige özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin 0,10 gektara çenli möçberde, ýer serişdelerini satmak, peşgeş bermek, çalyşmak we girewe goýmak hukugyny bermezden ýer bölekleri berilýär.

Kodeksiň 27-nji maddasyna laýyklykda, öz hususy tehnikalary we serişdeleri bilen 10 ýylyň dowamynda kärendä alan ýerlerinden netijeli peýdalanyp oba hojalyk ekinleriniň ýokary hasylyny almagy üpjün eden kärendeçilere - Türkmenistanyň raýatlaryna, öň olar tarapyndan uzak möhletli kärende şertlerinde peýdalanýan daýhan birleşikleriniň we beýleki oba hojalyk kärhanalarynyň ýerlerinden Türkmenistanyň Prezidentiniň kararynyň esasynda 3 gektara çenli ýer bölekleri oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin hususy eýeçilige berlip bilner.

Şeýlelikde, "Ýer hakyndaky" Kodeksde oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin raýatlar tarapyndan ýeriň hususy eýeçilige alynmagynyň amaly çylşyrymlaşdyryldy.

Mundan başga-da, oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin hususy eýeçilige bölnüp berilýän ýer bölekleriniň möçberleri köp derejede (50-dan 3 ga çenli) azaldyldy.

Özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak, ýaýlalary gurmak üçin raýatlara ýer bölekleri ozalkysy ýaly hususy eýeçilige berilmeýär diýen ýalydyr

5. Ýer uçastoklaryna eýelik etmek hukugyny üpjün etmek möhüm. Häzirki wagtda ýerler daýhan birleşiklerine, oba hojalyk paýdarlar jemgyýetlerine we Türkmenistanyň beýleki oba hojalyk edara görnüşindäki taraplaryna we Türkmenistanyň raýatlaryna diňe peýdalanmaga berilýär. Şunuň bilen birlikde, Türkmenistan SSSR-niň 1990-njy ýyldaky ozal hereket eden Ýer kodeksinde ýerden peýdalanmak we ýeri kärendesine almak hukugy bilen bir hatarda ýere eýelik etmek hukugyny göz öňünde tutýardy. Bu düzgün Türkmenistanyň raýatlaryna oba ýerlerinde şahsy kömekçi hojalygy ýöretmek, şäherlerde we şäherçelerde özbaşdak ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin, bagbançylyk we ýaýla gurluşygy üçin berilýän ýer bölekleri, şeýle hem daýhan birleşiklerine we tokaý hojalyklaryna berkidilýän ýerler babatda hereket edýärdi. 2004-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň "Ýer hakyndaky" Kodeksi, gynansak-da, ýere eýelik etmek hukugyny göz öňünde tutmaýar. Hukugyň nazaryýetine we kanunçylyga laýyklykda, eýelik etmek hukugy zada hakykatda eýelik etmegiň, şeýle hem zada gönüden-göni täsir etmegiň hukuk taýdan üpjün edilen mümkinçiligini aňladýar. Hukukly eýelik etmek diýlip emläge eýeçilik etmek boýunça mümkin bolan hereketleriň kanunçylykda bellenen tertibine we çäklerine düşünilýär. Kanun tarapyndan hukugyň subýektine berkidilen zada, şol sanda ýer bölegine eýelik etmek - hususyýetçiniň hukuklarynyň biridir. Şol bir wagtyň özünde, ýer böleginiň eýesi diňe bir ýer böleginiň hususyýetçisi däl, eýsem şertnama boýunça ýer böleginiň hakyna tutujysy (kärendeçisi) ýa-da

ýer bölegi möhletsiz we mugt ulanylmaga berlen şahs bolup biler. Ýere eýelik etmek boýunça hereketlere ýerleriň ýagdaýyny, olaryň mesligini öwrenmek boýunça işi, ýeriň eýesiniň ony gowy ýagdaýda saklamaga we goramaga edýän tagallalaryny degişli edip bolar. Şonuň üçin islendik fiziki we ýuridik şahs ýeri peýdalanmaga almak bilen, adatça, oňa eýelik etmäge hukugyny alýar. Eger-de şahs ýerden peýdalananda ýer böleginden onuň peýdaly aýratynlyklaryny almaga, ondan gelýän girdejini özleşdirmäge, şeýle hem beýleki paýdalary edinmäge mümkinçilik alýan bolsa, ýer bölegine eýelik edende ol (şahs) ýer bölegini şahs ondan degişli peýdany we girdejileri alyp biljek ýagdaýynda saklamaga borçly. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Ýer hakyndaky Kodeksine diňe peýdalanmak hukugy hakyndaky däl, eýsem fiziki we ýuridik şahslar tarapyndan ýer bölegine eýelik etmek hukygy hakyndaky kadany girizmek maksadalaýyk bolar.

6. ITürkmenistanyň «Ýer hakyndaky» Kodeksinde öri meýdanlar üçin berlen ýerleriň hukuk tertibini jikme-jik kesgitlemek gerek. Kodeksiň 57-nji maddasyna (3-nji b.) laýyklykda öri meýdanlar mallary bakmak üçin ulanylýan oba hojalyk maksatly ýerlere degişli. Kodeksiň 59-njy maddasyna laýyklykda öri meýdanlar şu aşakdakylar boýunça bölünýär:

- ýerleşýän ýeri - çöl, dag etek we dag örüleri;
- peýdalanmagyň häsiýeti - ýylyň dowamynda we möwsümleýin;
- suw çeşmeleri bilen üpjünçilik derejesi-suwlulandyrylan we suwlulandyrylmadyk;
- peýdalanmagyň görnüşi-örülerdäki we suwarymly ekerançylyk zolagynda ýerleşen.

Öri meýdanlary döwlet goragyna degişlidir.

"Ýer hakyndaky" Kodeksiň 66-njy maddasynda Türkmenistanyň raýatlaryna we edara görnüşindäki taraplaryna öri meýdanlaryny mal bakmak üçin peýdalanmaga we kärendesine bermek hakyndaky düzgünler göz öňünde tutulýar. Bu maksatlar üçin öri meýdanlar olaryň ot-iýmliliginiň derejesini, mallaryň baş sanyny we olaryň suwlulandyrylmasyny hasaba almak bilen berilýär.

Öri meýdanlaryndan peýdalanyjylar we kärendeçiler, olary abat saklamak we gowulandyrmak, ýel we suw eroziýasyna, çölleşmeklige garşy göreşmek, suw çeşmelerini gurmak we olaryň durkuny täzelemek, örüleri çalşyp peýdalanmagy berjaý etmek, şeýle hem öri meýdanlarynyň sandan çykarylmagyna ýol bermezlik boýunça çäreleri geçirmäge borçludyrlar.

Türkmenistanyň raýatlaryna we edara görnüşindäki taraplaryna öri meýdanlaryny mal bakmak üçin peýdalanmaga we kärendesine bermek, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýän tertipde we şertlerde amala aşyrylýar. Şonuň üçin "Ýer hakyndaky" Kodekse laýyklykda Türkmenistanda öri meýdanlary

düzgünleşdirmek ulgamyndaky hukuk namasy "Öri meýdanlary peýdalanmaga we kärendä bermegiň tertibi" bolmaly, Kodeksiň 66-njy maddasyna laýyklykda ol Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kabul edilmeli. Ony tizden-tiz taýýarlamagyň we kabul etmegiň zerurlygynyň "Ýer hakyndaky" Kodeksiň kadalaryny ýerine ýetirmek we öri meýdanlaryň fiziki we ýuridik şahslar tarapyndan kanuny esasda ulanylmagy üçin hukuk esasyny döretmek jähtinden örän uly ähmiýeti bar.

Türkmenistanyň çägindäki ýerleriň aglaba bölegini tebigy öri meýdanlar eýeleýär. Ýurduň umumy meýdanyndan (491,2 müň kw. km) öri meýdanlar -77,5%-i eýeleýär . Oba hojalyk maksatly ýerleriň düzüminde tebigy öri meýdanlar 95,65 göterimi eýeleýär . Şu ýagdaýy, şeýle hem şeýle ýerleriň özboluşly häsiýetini hasaba almak bilen, olary oba hojalyk maksatly ýerleriň düzüminden özbaşdak kategoriýa hökmünde tapawutlandyrmak maksadalaýyk bolar. Şeýle çemeleşmäni Türkmenistanyň «Ýer hakyndaky» Kodeksinde şöhlelendirmek gerek, onda öri meýdanlar üçin berlen ýerleriň hukuk tertibini kesgitleýän ýörite maddany göz öňünde tutmaly. Öri meýdanlaryň we olaryň ýerleriniň hukuk tertibini "Öri meýdanlar hakyndaky" Kanuny kabul etmek arkaly has jikme-jik düzgünleşdirmek maksadalaýyk bolar.

7. Ýer serişdelerini dolandyrmak ulgamynda ýerleri peýdalanmak we goramak ulgamynda döwlet gözegçiliginiň we dolandyryşynyň wezipeleriniň we ýer serişdelerini hojalyk maksatlarynda ulanmagyň wezipeleriniň bölünmegini üpjün etmek möhüm. Şunuň bilen birlikde, gynansak-da, häzirki wagtda Oba hojalyk ministrliginde bir wagtyň özünde dolandyryş we gözegçilik etmek wezipeleri, şeýle hem ýer serişdelerini ulanmak wezipesi jemlenendir. Mysal üçin, Oba hojalyk ministrliginiň tabynlygynda Ýer serişdeleri boýunça gulluk bar, ol ýerleriň ulanylyşyna we goralşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrýar. Şu maksatlar bilen Oba hojalyk ministrliginden özbaşdak düzümi döretmek arkaly Ýer serişdeleri boýunça gullugyň hukuk derejesini üýtgetmek maksada laýyk bolup görünýär. Hususan-da, ozal hereket eden Ýerden peýdalanmak, ýerleri dolandyrmak we ýer reformasyny geçirmek boýunça döwlet komiteti bu babatda oňyn tejribe bolup hyzmat edip biler.
   Edara ediş-hukuk nukdaý nazaryndan Ýer serişdeleri boýunça gulluk ýer serişdeleriniň ulanyşyny amala aşyrýan döwlet dolandyryş edarasynyň göni tabynlygynda durmak bilen, ýerleriň ulanylyşyna öz gözegçilik etmek wezipelerini netijeli amala aşyryp bilmeýär. Munuň başga-da, häzirki wagtda munuň üçin ähli zerur şertler bar. 2011-nji ýyldan başlap, Ýer serişdeleri boýunça gulluk doly býujet maliýeleşdirmesine geçirildi, ýagny ol indi maliýe taýdan Oba hojalyk ministrligine garaşly bolmaz.

8. Ýer gatnaşyklary ulgamyndaky terminologiýanyň bir manyda düşünilmegini, olaryň dogry teswirlenmegini we ulanylmagyny gazanmak maksady bilen

Kodeksde ulanylýan düşünjeler hakyndaky maddany göz öňünde tutmak maksada laýyk bolar.

9. Ýer hakyndaky Kodekse ýer gatnaşyklary ulgamynda bu kanunçylyk namasynyň konseptual kadalaryny kesgitleýän kanunçylygyň ýörelgeleri hakyndaky maddanyň goşulmagynyň örän uly ähmiýeti bolardy.

## VI. ÇGGHMM-NI AMALA AŞYRMAK BOÝUNÇA GURAMAÇYLYK DÜZÜMI

Häzirki wagtda ÇGGHMM-niň çäklerinde çölleşmäge garşy göreşmek işine esasy ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary - Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi, Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrligi, "Türkmenmallary" assosiasiýasy we Türkmenistanyň Suw hojalyk ministrligi, şeýle hem ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary (häkimliklikler) we ýerden peýdalanyjylaryň dürli kategoriýalary çekildi. Bu çärä gatnaşyjylaryň sanyny köp bolmagy sebäpli degişli dolandyryş pudaklarynyň çäklerinden çykmaga ukyply utgaşdyryjy ulgamy döretmek boýunça uly zerurlyk ýüze çykdy.

Birnäçe ýyllaryň dowamynda şeýle edarany döretmek boýunça synanyşyklar edildi, ýöne gynansak-da, olar garaşylýan netijelere bermedi. 1997-nji ýylda ÇÖHDMI-niň ýanynda döredilen Çölleşmäge garşy göreşmek boýunça merkez degişli hukuk statusyna eýe bolmady, bu bolsa onuň işiniň netijeliligine düýpli täsir etdi.

2007-nji ýyldan 2009-nji ýyla çenli Türkmenistanda "Ýer serişdelerini dolandyrmak boýunça Merkezi Aziýa ýurtlarynyň inisiatiwasy" (ÝSDMAÝI) Maksatnamasynyň çäklerinde hereket eden Milli utgaşdyryjy geňeş (MUG) işledi. MUG-nyň düzümine ÝSDD ulgamyndaky işe çekilen esasy ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň 20-ä golaý hünärmenleri girdi. Gündelik işler 3 adamdan ybarat bolan milli sekretariat tarapyndan ýerine ýetirildi. MUG-nyň işiniň maliýeleşdirilmesi halkara guramalarynyň serişdeleriniň hasabyna amala aşyryldy. Hereket eden wagtynda MUG-nyň işi ÝSDD dürli gatnaşyjylarynyň arasyndaky aragatnaşyklary ýola goýmakdan, BMG-niň dürli maksatnamalarynyň çäklerinde amala aşyrylýan dürli taslamalaryň işini utgaşdyrmakdan we başg. ybarat bolandygyny bellemek gerek. MUG-nyň karary ministrler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary üçin hökmany häsiýetli däl-de, mundan başga-da, onuň serişdeleri mobilizlemek ygtyýarlyklary ýokdy. Şunuň bilen baglylykda, MUG-nyň milli derejede tagallalary utgaşdyrmak ulgamyndaky roly ýeterlik däldi. Häzirki wagtda MUG-nyň işi maliýeleşdirmäniň ýoklugy sebäpli togtadyldy.

Esasy utgaşdyryjy gurama häzirki wagtda Türkmenistanyň BMG-niň daşky gurşaw boýunça maksatnamalaryndan we konwensiýalaryndan gelip çykýan borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça Döwlet Topary (DT) bolup durýar. DT Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarlarynyň biri ýolbaşçylyk edýär we onuň düzümine ministrlikleriň we

pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň (orunbasarlaryň derejesinden pes bolmadyk derejedäki) ähli ýolbaşçylary diýen ýaly girýär. DT-niň kararlary ýerine ýetirilmegi üçin hökmany häsiýetlidigine garamazdan, gynansak-da, DT ýylda bary-ýogy bir gezek ýygnanýar we onuň serişdeleri mobilizlemek boýunça ygtyýarlyklary ýok. Bu ýagdaýlar DT ÝSDD ulgamyndaky hereketleri utgaşdyrmak boýunça wezipeleri netijeli amala aşyrmaga mümkinçilik bermeýär.

Tebigaty goramak ministrliginiň, Oba hojalyk ministrliginiň, Suw hojalyk ministrliginiň, Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň, Maliýe ministrliginiň, Maldarçylyk boýunça döwlet birleşiginiň we beýleki ministrlikleriň hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň arasynda bar bolan ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn aragatnaşyk kanallary ýeke-täk utgaşdyrylýan ulgamy emele getirmeýär we bu edaralaryň işini utgaşdyrmak boýunça degişli netijäni bermeýär. Şeýlelikde, häzirki wagtda dürli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ÝSDD ulgamyndaky işi hereketleriň degişli ýagdaýdaky sazlaşygy we ylalaşygy bolmazdan amala aşyrylýar.

ÝSDD ulgamynda dürli subýektleriň hereketlerini utgaşdyrmak boýunça täze netijeli mehanizm hökmünde, pudagara düzümi hökmünde Milli utgaşdyryjy geňeş (MUG) hödürlenip bilner. Munuň üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň karary bilen ÇGGK-niň we ÇGGHMM-niň düzgünlerini amala aşyrmaga jogapkärçilik çekýän döwlet edarasyny ýa-da guramasyny (TGM ýa-da ÇÖHDMI) kesgitlemek zerur. Soňra şu düzümiň ýanynda MUG-ny döretmeli. Onuň düzümine ÝSDD ulgamynda esasy ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylarynyň orunbasarlarynyň derejesindäki agzalar, şeýle hem Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň we Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň wekilleri girmeli. MUG-nyň işiniň reglamenti, hukuk statusy, wezipeleri we ygtyýarlyklary (şol sanda serişdeleri mobilizlemek boýunça ygtyýarlyklary), onuň yzygiderli maliýeleşdirilmesiniň üpjün edilmesi ol hakyndaky Düzgünnamada bellenmeli. Munuň üçin şu aşakdakylar zerur:

- Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň derejesinde MUG-nyň hakyndaky Düzgünnamany tassyklamak hakynda onuň hukuk statusyny, wezipelerini we ygtyýarlyklaryny kesgitleýän degişli karary taýýarlamak we kabul etmek;
- MUG-nyň agzalaryny saýlap almagy kriterilerini we olaryň derejesini kesgitlemek;
- MUG-nyň hereketleriniň meýilnamasyny işläp düzmek;
- Garasyz býujetiň çeşmelerini we ölçegini kesgitlemek;
- MUG-nyň işine tehniki taýdan goldaw bermek üçin hemişelik hereket edýän sekretariaty döretmek, onuň üstüne BMG-niň ÇGGK-niň milli sekretariatynyň ygtyýarlyklaryny ýüklemek maksada laýyk bolar.

Şeýle hem maliýe we tebigy serişdeleriniň dolandyrylmasyna jogapkärçilik çekýän, şeýle hem meýilnamalaşdyrmany amala aşyrýan degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň hem-de guramalaryň arasyndaky ikitaraplaýyn utgaşdyrmanyň netijeliligini ýokarlandyrmak zerur:

- Tebigy serişdeleri dolandyrmak bilen bagly ministrlikleriň;

- Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň we pudaklaýyn ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň;
- Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň we pudaklaýyn ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň;
- Ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, şeýle hem jemgyýetçilik birleşikleriniň.

## VII. IŇ OŇAT TEJRIBELERI ORNAŞDYRMAK

ÝSDD ulgamyndaky taslama işiniň çäklerinde oba hojalygynyň howanyň üýtgemegine uýgunlaşmagy boýunça netijeli tehnologiýalar we çemeleşmeler görnüşinde uly we peýdaly tejribe toplandy. Bu maglumat öz içine GEF, UNDP, GIZ, ADB, WB, ICARDA, FAO, CAREC we başg. taslamalaryndan alnan şowly tejribeleri alýar. Olar oba hojalygynyň ösüşiniň durnuklylygyny ýokarlandyrmagyň mümkinçiliklerini göz öňünde tutýar: örüde bakylýan maldarçylygyň, suwarymly ekerançylygyň netijeliligi, howa we antropogen faktorlarynyň täsir etmegi netijesinde ýerleriň ýaramazlaşmagynyň öňüni almak, biologik köpdürlüligi gorap saklamak, ýerli ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini gowulandyrmak. MPP-ÝSDD taslamasynyň işiniň netijesinde Türkmenistanyň howa şertleri babatda iň oňat tejribeleriň uýgunlaşdyrmasynyň seljerişi we bahasy bermesi geçirildi hem-de "Türkmenistanda ýerden durnukly we netijeli peýdalanmak ulgamyndaky iň oňat tejribeleriň ýygyndysy" atly kitap çykaryldy. Bu ýerden peýdalanyjylaryň arasynda ýaýratmak üçin suw serişdeleriniň gutulgysyz azalmasyny hasaba almak bilen, has netijeli we durnukly mysallary saýlap almaga mümkinçilik berdi.

Oba hojalygynda iň oňat tejribeleriň ýaýradylmagy boýunça hajatlara berlen baha olaryň okuwyny taýýarlamak üçin peýdalanyjylaryň üç kategoriýasynyň tapawutlandyrylmagynyň maksada laýykdygyny görkezýär:

| | | |
|---|---|---|
| Howanyň üýtgemeginiň we SKR-niň şertlerinde oba hojalyk önümçiligini netijeli ösdürmek we ýerden peýdalanyjylary ykdysady taýdan höweslendirmek üçin innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmagyň mehanizmlerini kesgitleýän şahslar. | Ýerlerde uýgunlaşmak we iň oňat tejribeleri ornaşdyrmak boýunça meseleleriň çözüliş ýollaryny kesgitleýän ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli häkimiýet edaralarynyň wekilleri we guramalaryň wekilleri. | Öz maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmak üçin öz ýer bölеklerinde oba hojalyk önümlerini öndürmek boýunça öndürijiligi ýokarlandyrmaga gyzyklanma bildirýän ýerden peýdalanyjylar. |

**Iň oňat tejribeleri ornaşdyrmak boýunça hödürnamalar**

- Oba hojalygynyň howanyň global üýtgemegine uýgunlaşmagy boýunça Milli maksatnamany işläp düzmek;
- Howanyň üýtgemegine uýgunlaşmany hasasaba almak bilen, iň oňat tejribeleri ýaýratmek meseleleri boýunça esasy ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işiniň utgaşdyrylmagyny we hyzmatdaşlygyny kämilleşdirmek;
- Ýerden peýdalanyjylaryň we maldarlaryň perspektiwaly tehnologiýalaryň, usullaryň we enjamlaryň barlygy hakyndaky habarlylygyny üpjün etmek;
- Ýerden peýdalanyjylaryň we maldarlaryň perspektiwaly tehnologiýalary ulanmak we howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak meseleleri biýunça potensialyny ýokarlandyrmak üçin ýöriteleşdirilen öwrediji merkezleriň ulgamyny döretmek;
- Ýerden peýdalanyjylaryň we maldarlaryň ähli kategoriýalary üçin elýeterli bolan oba hojalyk önümçiliginiň ulgamyndaky iň oňat tejribeler boýunça, şol sanda WOCAT maglumatlar goruny ulanmak bilen, informasion maglumatlar goruny döretmek.
- Oba hojalygynyň howanyň üýtgemegine uýgunlaşmagy boýunça iň oňat tejribeleri maliýeleşdirmek, ornaşdyrmak üçin Milli integrirlenen maliýe strategiýasyny işläp düzmek;
- Ýöriteleşdirilen neşirleriň, dürli maslahatlary we seminarlar geçirmegiň esasynda esasy döwlet edaralarynyň, guramalarynyň, assosiasiýalaryň, hususy düzümleriň we fermerleriň arasynda howanyň üýtgemegine oba hojalygynyň uýgunlaşmagy boýunça iň oňat tejribeleri we häzirki zaman tehnologiýalary ýaýratmak;
- ÇGGHMM-niň talaplaryny nazara almak bilen, oba hojalyk önümçiligini ösdürmek boýunça täze innowasion tehnologiýalary işläp düzmek.

## VIII. ÇGGHMM-NIŇ ÇÄRELERINIŇ MEÝILNAMALARYNY IŞLÄP DÜZMEK BOÝUNÇA HÖDÜRNAMALAR

Täze strategiýany, strategik we amaly maksatlary hasaba almak bilen, BMG-niň ÇGGK-niň düzgünleriniň amaly taýdan ýerine ýetirilmegi ÇGGHMM-niň ýaramazlaşma proseslerini azaltmak, aýratyn-da howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak we klimat töwekgelçiliklerini peseltmek bilen bagly ileri tutulýan wezipelerini ýerine ýetirmek boýunça anyk çäreleri işläp düzmegiň zerurlygyny şertlendirýär.

a. Işlenip düzülýän çäreleriň diňe bir taraplaryň jogapkärçiligini, olaryň amala aşyrylmaly möhletlerini hasaba almaly däl, eýsem maliýe we maddy-tehniki goldawy hem bolmaly.

b. Munuň üçin utgaşdyrmanyň, hyzmatdaşlygyň we meýilnamalaşdyrmanyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin institusional potensialy ösdürmek boýunça

çäreler göz öňünde tutulmaly.
c. Daşky gurşaw, ýer we suw serişdelerini goramak we rejeli ulanmak, öri meýdanlary, tokaý serişdelerini we AGTÝ durnukly dolandyrmak ulgamyndaky kanunçylygy mundan beýläk hem kämilleşdirmek we täze kanunçylyk namalaryny kabul etmek.
d. ÇGGHMM-niň çäklerinde dolandyryşyň, utgaşdyrmanyň we meýilnamalaşdyrmanyň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen döwlet edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň potensialyny güýçlendirmek.
e. Ýer we suw serişdelerini durnukly dolandyrmak, goramak we rejeli ulanmak.
f. Tebigy öri meýdanlary durnukly dolandyrmak, goramak we rejeli ulanmak;
g. Tokaý serişdelerini durnukly dolandyrmak, goramak, rejeli ulanmak we dikeltmek;
h. Aýratyn goralýan tebigy ýerleri (AGTÝ) durnukly dolandyrmak;
i. Biologik köpdürlüligi gorap saklamak;
j. Tebigy serişdeleri rejeli ulanmak we daşky gurşawa ýaramaz antropogen täsiri azaltmak;
k. ÇGGHMM-niň esasy düzgünlerini amaly taýdan amala aşyrmak maksady bilen onuň möhüm bölümi hökmünde Integrirlenen maliýe ulgamyny goşmak;
l. Iň oňat tejrineleri we häzirki zaman tehnologiýalary ýaýratmak we giňden ornaşdyrmak;
m. Howanyň üýtgemegi we suw serişdeleriniň mümkin bolan azalmasy bilen bagly uýgunlaşma çärelerini ösdürmek;
n. GIU-tehnologiýalaryny ösdürmek;
o. ÇGGHMM-niň ileri tutulýan wezipelerini ýerine ýetirmek üçin ähli mümkin bolan maliýe serişdelerini çekmek;
p. ÇGGHMM-niň çäklerinde ylmy-barlag maksatnamalaryny işläp düzmek;
q. Çöllük territoriýalaryň ýaramazlaşmagyna baha bermegiň standartlaşdyrylan we gowulandyrylan usullaryny işläp düzmek;
r. Jemgyýetçilik birleşiklerini we raýatlary habarly etmek, olary çölleşme hadysalaryna garşy göreşmek boýunça meseleleri çözmäge çekmek;
s. ÝSDD mundan beýläk hem ösdürmek üçin bilimleri ýaýratmak boýunça potensialy ýokarlandyrmak;
t. Hemrada we ýeriň üstünde ýerleşýän informasion-kommunikasion ulgamlaryň esasynda Çölleşme hadysalaryna gözegçilik etmek boýunça milli maksatnamany işläp düzmek;
u. Öňdebaryjy informasion-kommunikasion tehnologiýalaryň (IKT) esasynda çölleşme hadysalaryna gözegçilik etmegiň we olara baha bermegiň netijeli ulgamyny ösdürmek;
v. ÇGGHMM-niň ileri tutulýan ugurlary boýunça taslamalary amala aşyrmak.

1-nji goşundy

**Çölleşme boýunça görkezijileriň topary**

| № | **Görkezijileriň topary** | **Görkeziji** |
|---|---|---|
| 1 | Geologik-geomorfologik | Relýefiň deflýasion formasy, topraklaryň suw eroziýasynyň ulgamy, süýşýän çägeleriň toplanmagy, relýefiň heýkel formaly denudasion düzlükleriň emele gelmegi |
| 2 | Howa | Bulutlylyk, tozanly-çägeli tupanlaryň we akymlaryň gaýtalanyjylygy we ýaýraýşy, atmosferanyň durulygy, albedosy, atmosferada yzgaryň saksaklanyş derejesi |
| 3 | Gidrologik | Içerki suw howdanlarynyň guraýan ýerleriniň artmagy, gury hanalaryň we beýleki emele gelmeleriň barlygy, ýerasty suwlaryň derejesiniň peselmegi, suwuň bulançaklygynyň artmagy, suwlaryň minerallaşmagynyň üýtgemegi, gaty akymyň möçberiniň artmagy, suw akarlarynda harçlanmanyň azalmagynyň yzlary |
| 4 | Toprak-geohimiki | Şorlaşmanyň we duzlulaşmanyň derejesi, topragyň gaty gabygynyň barlygy, topragyň kök ýaşaýan gatlagynyň ýa-da gorizontynyň kuwwatlygynyň üýtgemegi, üst "pansir" emele gelmeleriniň barlygy, degradasion toýunlaşma, organiki maddalaryň saklanyşynyň azalmagy |
| 5 | Biologik-oba hojalyk | Ösümlik örtüginiň ýagdaýy:<br>a) esasy görnüşler we ýaşaýyş formalary: senopopulýasiýalaryň paýlanyşy, mukdary, düzümi ("klimaks" we ornaşan ösümlik görnüşleriniň deňeçerligi);<br>b) fitosenometrik häsiýetnamalar: proýektiw örtügiň beýikliginiň, gürlüginiň, ölçegleriniň;<br>ç) tebigy we emeli öri meýdanlaryň hasyllylygy;<br>d) biomassanyň ululygy (ýerüsti we ýerasty). Haýwanlar:<br>a) esasy görnüşler (şol sanda ýabany süýdemdirijiler, guşlar, mör-möjekler we başg.);<br>b) öý mallarynyň baş sanyny;<br>ç) haýwanlaryň sany;<br>d) populýasiýalaryň düzümi;<br>e) köpelmäniň aýratynlyklary;<br>ä) goşmaça önüm |

| | | |
|---|---|---|
| 6 | Durmuş-ykdysady | Gadymy suwaryş ulgamlarynyň, suw hojalyk desgalarynyň meýdanlarynyň, ilatly nokatlaryň yzlary; işläp çykaryş-gum agdaryş toplumlary; mal sürlüp geçilýän ýerler; gum ýollarynyň trassalary; syýahatçylyk we dynç alyş, sport bäsleşikleriniň geçirilýän, senagat desgalarynyň, inženerlik desgalarynyň, ilatly nokatlaryň ýerleşdirilýän ýerleri; ýerden peýdalanmagyň dürli görnüşleri;dürli görnüşli ýaraglaryň synag edilmesiniň netijeleri; ilatyň migrasiýa ýollary |

2-nji goşundy

**Çölleşmäniň ösümlik görkezijileri**
**(Garagum çölüniň mysalynda)**

| Görkeziji | Gowşak | Ortaça | Güýçli | Örän güýçli |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| Tebigy şertlerde ösümlikleriň görnüş düzüminiň azalmagy | Agalyk ediji görnüşleriň çalşyp başlamagy | Gymmatly görnüşleriň görnetin azalmagy | Gymmatly görnüşleriň pes gymmatly görnüşlere çalyşmagy | Gymmatly görnüşleriň doly ýitmegi we esasy däl görnüşleriň bollugynyň azalmagy |
| Antropogen faktorlaryň täsiri astynda ösümlikleriň görnüş düzüminiň azalmagy | Agaç tohumlarynyň iri görnüşleriniň ýitip başlamagy | Agaç-gyrymsy agaç tohumlarynyň meýdanynyň azalmagy | Agaç-gyrymsy agaç tohumlarynyň doly ýitip gitmegi | Floranyň ähli görnüşleriniň doly ýitip gitmegi |
| Meýdanyň üýtgemegi | Ýok | Gowşama we seýrekleşme | Bölünme we azalma | Ýitip gitme |
| Ösümlikleriň täzelenişiniň derejesi | > 0.9 | 0.6-0.7 | 0.4-0.5 | < 0.2 |
| Kök assosiasiýalarynyň otnositel meýdany, % | > 70 | 50-60 | 30-40 | < 10 |
| Ösümli örtügi bozulan meýdan, % | > 5 | 10-20 | 30-50 | > 60 |
| Dominantlaryň ýaşaýjylygy, bal | 6-8 | 4-6 | 3-4 | 1-3 |
| Öri meýdanlaryň ösümlikleriniň proýektiw örtülmesi, kadadan % | > 80 | 60-80 | 30-60 | < 10 |
| Öri meýdanlaryň ösümlikleriniň hasyllylygy, kadadan % | > 80 | 60-70 | 30-40 | < 20 |

3-nji goşundy

**ÇGGHMM-niň taslamalaryny meýilnamalaşdyrmak boýunça hödürnamalar**

| № | Hödürnama | Maksady | Möhletleri |
|---|---|---|---|
| 1 | Hemrada we ýeriň üstünde ýerleşýän informasion-kommunikasion ulgamlaryň esasynda Çölleşme hadysalaryna gözegçilik etmek boýunça milli maksatnamany işläp düzmek. | innowasion usullary we tehnologiýalary peýdalanmagyň esasynda çölleşme hadysalaryna gözegçilik etmek boýunça toplumlaýyn çemeleşmäni işläp düzmek. | 2015 -2025 |
| 2 | Döwlet geoinformasion ulgamynyň esasynda ýer kadastryny döretmek we ýöretmek | howanyň üýtgeýän we suw serişdeleriniň azalýan şertlerinde durnukly dolandyrmak üçin ýer serişdeleriniň ýagdaýy hakyndaky yzygiderli ygtybarly maglumaty almak | 2015-2018 |
| 3 | Çöl we dag öri meýdanlarynda ösümlik örtügini dikeltmek boýunça toplumlaýyn maksatnamany işläp düzmek | ýer serişdeleriniň ýaramazlaşmagyny azaltmak, tebigy öri meýdanlary dikeltmek we olaryň ot-iým sygymlylygyny ösdürmek boýunça çäreleri meýilnama boýunça geçirmek | 2015 -2025 |
| 4 | Bozulan çöl ekoulgamlaryny goramak we dikeltmek boýunça infrastrukturany ösdürmek | inženerlik desgalaryna ýanaşyk çäklerde bozulan çöl ekoulgamlaryny dikeltmek | 2015 -2025 |
| 5 | Oba hojalyk işiniň, senagat taýdan özleşdirmäniň we tebigy faktorlaryň täsir etmeginiň netijesinde ýerleriň ýaramazlaşmagy zerarly ýüze çykýan ykdysady zyýany seljermek we oňa baha bermek | çözgütleri kabul edýän şahslar üçin ykdysady zyýana baha bermek boýunça resminamalary taýýarlamak | 2015 -2025 |
| 6 | Tebigy öri meýdanlary dikeltmek we durnukly dolandyrmak | anyk mysalyň üsti bilen öri meýdanlary dikeltmek we durnukly dolandyrmak boýunça modeli işläp düzmek. | 2015 -2025 |
| 7 | Köpetdagyň arça tokaýlyklaryny dikeltmek we goramak | ýerli bileleşikleriň gatnaşmagy bilen Köpetdagyň ýaramazlaşan ýer böleklerinde arça tokaýlaryny dikeltmek we goramak. | 2015 -2025 |
| 8 | Ýerleri oba hojalygy taýdan özleşdirmek üçin zeýakaba-zeýkeş suwlaryny ulanmagyň mümkinçiliklerini öwrenmek. | suwarymly ekerançylyk we ot-iýmlik ekinlerini ösdürip ýetişdirmek üçin gowşak minerallaşdyrylan suwlary ulanmak boýunça tehnologiýalary öwrenmek we işläp düzmek. | 2015 -2025 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 9 | Energiýanyň alternatiw we gaýtadan dikeldilýän çeşmelerini ulanmak bilen, tebigy öri meýdanlarda suwa ýakyş çeşmeleriniň ulgamyny döretmek | tebigy öri meýdanlaryň endigan ulanylmagynyň hasabyna olaryň ýaramazlaşmagynyň öňüni almak | 2015 -2025 |
| 10 | Suw serişdeleriniň azalýan şerlerinde suwarymly ekerançylykda iň oňat tejribeleri ornaşdyrmak. | suw tygşytlaýjy tehnologiýalary gyzyklanma bildirýän kärendeçilere geçirmek. | 2015 -2025 |
| 11 | Suw serişdeleriniň azalýan şerlerinde öri meýdan maldarçylygynda iň oňat tejribeleri ornaşdyrmak. | suw tygşytlaýjy tehnologiýalary gyzyklanma bildirýän kärendeçilere geçirmek. | 2015 -2025 |
| 12 | "Altyn asyr" Türkmen kölüniň howanyň lokak üýtgemesine edýän täsirini çaklamak, tebigy öri meýdanlary we suwarymly ekerançylygy gowulandyrmak. | "Altyn asyr" Türkmen kölüniň zolagyny durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek üçin binýady taýýarlamak. | 2015 -2025 |
| 13 | Sil akymlarynyň ýaýran zolaklarynda ýer serişdeleriniň ýaramazlaşmagynyň öňüni almak. | ýerli ilat üçin suw serişdelerini toplamak bilen sil akymlarynyň ugrunda gorag gidrotehniki desgalary döretmek. | 2015 -2025 |
| 14 | Howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak boýunça ýerli bileleşikleriň bilim beriş potensialyny güýçlendirmek | oba hojalyk işinde klimat howplaryny azaltmak. | 2015 -2025 |
| 15 | Oba hojalyk önümçiligini howanyň üýtgemegine uýgunlaşdyrmak üçin suwaryşyň usullaryny kämilleşdirmek we klimat töwekgelçiliklerini azaltmak. | suwdan peýdalanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmak we oba hojalyk işinde klimat howplaryny azaltmak. | 2015 -2025 |
| 16 | Howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak we klimat töwekgelçiliklerini azaltmak üçin guraklyga durnukly görnüşleri saýlap almak maksady bilen agaç-gyrymsy agaç ekinleriniň introdukasiýasy | suw serişdelerini rejeli ulanmagyň esasynda oba hojalyk önümçiliginiň netijeliligini ýokarlandyrmak. | 2015 -2025 |

## Mazmuny


**Giriş ........................................................................................ 6**

**I. Tebigy şertler we serişdeler .............................................. 9**

**II. Hereket edýän çölleşmäge garşy göreşmek boýunça hereketleriň milli maksatnamasy we ony täzelemegiň zerurlygy ........................... 20**

**III. Çgghmm-niň ileri tutulýan ugurlary ........................................... 25**

**IV. Çgghmm-ni amala aşyrmagyň şertlerinde integrirlenen maliýe ulgamy ........................................................................................ 59**

**V. Çgghmm-niň wezipelerini çözmek üçin kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek boýunça hödürnamalar ........................................... 71**

**VI. Çgghmm-ni amala aşyrmak boýunça guramaçylyk düzümi....... 81**

**VII. Iň oňat tejribeleri ornaşdyrmak ................................................ 83**

**VIII. Çgghmm-niň çäreleriniň meýilnamalaryny işläp düzmek boýunça hödürnamalar ....................................................................... 84**